Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖZBEGISTANYŇ TARYHY

## 8

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan umumy orta bilim berýän mekdepleriň 8-nji synpy üçin derslik hökmünde hödürlenen*

http://eduportal.uz

„O‘QITUVCHI“ NEŞIRÝAT-ÇAPHANA DÖREDIJILIK ÖÝI
DAŞKENT – 2019

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**UO‘K: 94(575.1)(075.3)**
**KBK 63.3(50ˈ)ya72**
**J 94**

Taryhy edebiýatlary neşire taýýarlamak we çap etmek boýunça ekspert topary netijesine görä Respublikan tälim merkeziniň taryh ylymlary okuw-metodik geňeşi tarapyndan neşire hödürlenen.

*Awtorlar:*
**Usmon Jo‘rayev, Qamar Usmonov,**
**Gulira’no Jo‘rayeva, Naim Norqulov**

*Syn ýazanlar:*

**Ý. Baltabaýew** – Namangan döwlet uniwersitetiniň „Taryh“ kafedrasynyň uly mugallymy;
**N. Hakimow** – Respublikan tälim merkeziniň metodisti;
**Z. Mirzaýewa** – Daşkent şäheriniň Üçdepe tümenindäki 295-nji mekdebiň taryh mugallymy;
**M. Majidowa** – Daşkent şäheriniň Şaýhantahur tümenindäki 254-nji mekdebiň taryh mugallymy.

**ŞERTLI BELGILER**

| | |
|---|---|
| Temanyň üstünde özbaşdak işlemek. | Soraglar we ýumuşlar. |
| Ýatda saklaň. | Taryhy seneler |
| Adalgalaryň mazmuny. | Ünsli okaň. |

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-22-394-3

© U. Joraýew we b.
© „O‘qituvchi“ NÇDÖ, 2019

http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GIRIŞ

*„Beýik taryhda hiç zat yzsyz gitmeýär. Ol halklaryň ganynda, taryhy hatyrasynda saklanýar.“*

***Şawkat Mirziýoýew***

Eziz okuwçylar!

VIII synp „Özbegistanyň taryhy“ dersligi Size Watanymyzyň XVI asyrdan XIX asyryň ortalaryna çenli bolan taryhy barada bilim berýär.

Taryhçy alymlar Watanymyzyň taryhynyň bu döwrüne „Soňky orta asyrlar“ ýa-da „Üç hanlyklar döwri“ diýip at beripdirler. Bu döwür taryhymyzyň iň çylşyrymly, gapma-garşylyklara doly döwrüdir. Çünki bir wagtlar dünýäde meşhur bolan, dünýä taryhynda öçmejek yz galdyran Temuriler döwleti XVI asyryň başlarynda doly ýykylypdy. Siz munuň sebäplerini VII synp „Özbegistanyň taryhy“ dersliginden bilýärsiňiz. VIII synpda olary ýene bir ýatladyp geçýäris.

Temuriler dinastiýasy hökümdarlygy ýatyrylandan soň, ýurdumyzda şeýbanylar dinastiýasynyň hökümdarlygy ornaşdyryldy. Bu dinastiýa önümçiligiň, ylym-bilimiň we medeniýetiň ösüşinde temuriler döwründe gazanylan uly üstünlikleri saklap galyp bilmediler. Şeýbanylar hökümdarlygy döwründe ýokary hökümdar – han döwletiň çäklerini dinastiýanyň maşgala agzalaryna ýurt (udel) edip bölüp berdi. Bu bolsa ahyrky netijede merkezi häkimiýetiň gowşamagyna, ýurt häkimleriniň häkimiýetiniň güýçlenmegine, syýasy dagynyklygyň höküm sürmegine getirdi. Netijede, XVIII asyryň başlarynda Buhara hanlygy ikä bölünip gidýär. Hanlyklarda bolup geçen güýçli syýasy dagynyklyk we merkezi häkimiýetiň örän gowşamagy ahyrky netijede ilki şeýbanylar, soň aştarhanylar, Hywa hanlygynda bolsa arapşahylar dinastiýasynyň hökümdarlygynyň ýatyrylmagyna getirdi. Olaryň ýerine urug-taýpa (Buhara hanlygynda özbekleriň mangytlar taýpasy, Hywa hanlygynda goňratlar taýpasy we Kokant hanlygynda müňler urugy) dinastiýalarynyň hökümdarlygy emele geldi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu hadysa bir tarapdan urug-taýpa dinastiýalaryna merkezden gaçýan ýerli hökümdarlaryň garşylygyny syndyryp merkezi häkimiýeti güýçlendirmäge mümkinçilik berdi. Ikinji tarapdan bolsa bir halkyň üç döwlete bölünip ýaşamagyna getirdi. Ýagny bu üç özbek döwletiniň ilatynyň uly bölegini düzýän özbekler özleriniň ýeke-täk özbek halkyna degişlidigini doly duýup bilmedi. Ýöne ýokarda aýdylan pikirlerden XVI – XIX asyryň birinji ýarymyna çenli bolan döwri öz içine alýan 350 ýyllyk taryhymyz diňe tümlükden ybarat bolan eken, diýen netije çykarmaly däldiris. Sebäbi, özbek döwletleriniň ösüşde yzda galmagynyň sebäplerini diňe hökümdarlar ýöreden syýasatdan gözlemek adalatsyzlyk bolar. Çünki bu döwürde diňe bir Orta Aziýa däl, eýsem bütin yslam älemi gowşama döwrüni başdan geçirýärdi. Siz derslikden bularyň sebäplerini bilersiňiz.

Şeýle kynçylyklara seretmezden, ata-babalarymyz Ýewraziýa kerwen söwdasyny ösdüripdirler. Şol bir wagtda, dünýä köpçüligini haýran galdyrýan derejede binagärlik ýadygärliklerini gurupdyrlar.

Eliňizdäki derslik Sizi ýokarda aýdylan pikirleriň sebäpleri bilen tanyşdyrýar we Size XVI – XIX asyryň birinji ýarymynda geçen taryhymyzy pugta öwrenmäge kömek eder.

Derslikden peýdalanan mahalyňyzda her bir temany öwrenende size kömek edýän belgilere üns beriň. Olar size taryhy bilimleri pugta öwrenmäge kömekçi bolar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# *I BAP.* XV ASYRYŇ AHYRY – XVI ASYRYŇ BAŞLARYNDA MAWERANNAHRDAKY WE HORASANDAKY SYÝASY ÝAGDAÝ

## 1-§. Deşti Gypjakdaky syýasy ýagdaý

### Deşti Gypjak barada

XI asyrdan başlap arap we pars çeşmelerinde „Deşti Gypjak“ diýlip atlandyrylýan geografik çäk agzalýar. Bu adalga Syrderýanyň ýokary akymy we Týanşanyň günbatar eteginden Dnepr derýasynyň aşaky akymyna çenli uzap gidýän sähralara görä ulanylypdyr. Ural (Ýaýyk) derýasy Deşti Gypjagy gündogar we günbatar böleklere bölüp durupdyr.

Bu çäkler rus çeşmelerinde *„Polowesler ýeri“* ady bilen agzalýar. Çünki ruslar Deşti Gypjagyň ilatyna polowesler diýipdirler. Wizantiýa çeşmelerinde olar *„kumanlar“*, gündogar çeşmelerinde bolsa *„gypjaklar“* atlary bilen aýdylan.

Deşti Gypjagyň gündogar böleginiň ilatyna özbekler diýipdirler. („Özbek“ adalgasynyň manysyny siz VII synp „Özbegistanyň taryhy“ dersliginden bilýärsiňiz.)

1240-njy ýylda Çingiz hanyň agtygy, Juçy hanyň (Çingiz hanyň uly ogly) ogly Batu han Altyn Orda hanlygyny esaslandyrypdyr. Bu döwlet Juçy ulusy diýip hem atlandyrylypdyr. Ol Horezm, Demirgazyk Kawkaz, Wolga bolgarlarynyň ýurdy, Deşti Gypjak, Krym we Günbatar Sibir çäklerini öz içine alypdyr. Rus bolsa oňa olpan töläp durupdyr. Altyn Orda Juçy hanyň ogullarynyň arasynda uluslara bölünmegi netijesinde, Deşti Gypjagyň gündogar bölegi Juçy hanyň bäşinji ogly Şeýbana ýetdi.

### Gündogar Deşti Gypjakda özbek döwletiniň döremegi

Wagtlar geçmegi bilen özara içki dawalar netijesinde Şeýban ulusynda merkezi häkimiýet barha gowşapdyr. Ahyrky netijede ulus maýda-maýda böleklere bölünip gidipdir. Şol bir wagtda, tagt üçin özara göreş güýçlenýär. Bu göreş, aýratynam, ulusyň Şeýban neslinden bolan hökümdary Döwletşaýh 1425-nji ýylda aradan çykansoň ýene-de öwjüne galýar. Ynha şeýle agyr ýagdaýda Döwletşaýhyň ogly Abulhaýrhan syýasat



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

meýdanyna çykýar. Abulhaýrhan ýaş bolmagyna seretmezden güýçli serkerdelik ukybyna eýedi. Tagt üçin göreşde ony ulusdaky hemişelik dawalardan ezýet çekýän başga özbek taýpalary hem-de ruhanylar goldaýarlar. Netijede, Abulhaýrhan 1428-nji ýylda „Özbek ulusy“ diýlip atlandyrylan göçme döwleti esaslandyrýar. Günorta-Günbatar Sibirdäki Tura şäheri bu döwletiň paýtagty diýlip yglan edildi. 1431-nji ýylda bolsa öz döwletini Altyn Ordadan özbaşdak diýip yglan etdi. 1446-njy ýylda bolsa Syrderýanyň orta akymynda ýerleşýän Sygnak, Akkorgan, Arkuk, Özgen we Suzak şäherlerini basyp aldy. Döwlet paýtagtyny bolsa Sygnaga göçürdi. Bu indi Abulhaýrhanyň temurilere garşy göreşe girişendigini aňladýardy. Temurileriň arasynda Samarkandyň tagty üçin göreş güýjän bir wagtda Abulhaýrhan ýagdaýdan peýdalanmaga çalyşýar. Ol 1451-nji ýylda özünden medet soran temurizada Abu Said Mürzä Samarkandyň tagtyny eýelemekde kömek etmek bahanasynda ýörişe başlaýar. Abulhaýrhan eden kömegi üçin uly-uly sowgatlar bilen öz ýurduna gaýdýar. Minnetdarçylyk hökmünde Abu Said Mürze Ulugbegiň gyzy Robiýa Sultanbegimi Abulhaýrhana nikalap berýär.

1468-nji ýylda Abulhaýrhan aradan çykansoň, ol düzen döwlet dargap gidýär. Onuň duşmanlary tarapyndan Abulhaýrhanyň garyndaşlary we tarapdarlary gyryp taşlanýar. Diňe agtyklary – aga-ini Muhammet Şeýbany we Mahmyt Soltan, ogullary Köçkunçihan we Suýunçhojahan ýaly gaty az adam aman galýar.

### Muhammet Şeýbany syýasy göreş meýdanynda

Muhammet Şeýbany we onuň inisi Mahmyt Soltanlar Abulhaýrhanyň ogly Şahbudag Soltanyň ogullarydy. Muhammet Şeýbany 1451-nji ýylda doglan. Atasy ýaş aradan çykýar. Şonuň üçin hem babasy Abulhaýrhan olaryň terbiýesine aýratyn üns bilen garaýar. Uýgur kowmundan bolan, Şahbudag Soltana atalyk eden emir Baýşaýhy bu iki şazadalara hem atalyk edip belleýär. Şazadalar öz döwrüniň ýetik şahslary bolup ýetişýärler.

Şeýbany we inisi gaçaklyk döwründe Türküstandan başpena tapýarlar. Soňluk bilen olar Buhara gelýärler. Şeýbany Buhara medreselerinde bilim alýar. Zehinli şahyr hökmünde tanalýar. Şeýbany Buharada bilim almakdan daşary abraýly döwlet we dini işgärler bilen ýakynlaşýar. Onuň göwnünde babasy Abulhaýrhanyň döwletini dikeltmek arzuwy joş urup başlaýar we Deşti Gypjaga ugraýar. Bu döwürde Deşti Gypjakda tagt üçin aýawsyz göreş



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dowam edýärdi. Ilatyň dürli gatlaklary ulusda parahatçylyk ornaşdyrylmagyny isleýärdi. Bu faktor gowy harby tälim alan, pugta düzgün-nyzamly hakyna tutma goşun düzmegi başarýan Şeýbana gaty makul bolýar. Ýöne goşuny saklamak uly harajat talap edýärdi. Şonuň üçin tölegiň hasabyna Mawerannahr we Horasan temurizadalaryna hem-de Mongol hökümdarlaryna içki bäsdeşlere garşy göreşde harby kömek edip başlaýar. Bu harby ýörişlerde Şeýbany özüniň ökde leşgerbaşylyk ukybyny görkezýär. Dürli temuri hökümdarlara gulluk etmek Şeýbana Temuriler döwletindäki ýagdaýy ýene-de gowy bilip almaga mümkinçilik berdi.



Şeýbany han



Şeýbany babasy Abulhaýrhan aradan çykandan soň dargap giden taýpalary birleşdirýär we aýawsyz göreşleri netijesinde XV asyryň 80-nji ýyllarynda babasy guran Özbek ulusy döwletini gaýtadan dikeltmegi başarýar hem-de hanlygyň tagtyna oturýar.

Wagt geçip, Şeýbany han Syrderýanyň boýlaryndaky galalaryny hem eýeleýär. Bu galalar geljekde oňa Mawerannahry basyp almak üçin daýanç wezipesini ýerine ýetirýär.



- 1428-nji ýyl – Gündogar Deşti Gypjakda Özbek ulusy döwleti döredi.
- 1451-nji ýyl – Muhammet Şeýbany han doguldy.
- 1468-nji ýyl – Özbek ulusy döwleti dargady.
- 1480-nji ýyl – Muhammet Şeýbany han babasy bunýad eden Özbek ulusy döwletini qayta dikledi.



1. Deşti Gypjak diýlende haýsy geografik çäk düşünilýär?
2. Abulhaýrhan haçan, nirede we nähili döwlete esaslandyrdy?
3. Abulhaýrhanyň temuri hökümdarlar bilen syýasy aragatnaşygy barada nämeleri bildiňiz?
4. Nähili faktorlar Muhammet Şeýbana Temuriler döwletindäki içki ýagdaýy gowy bilmäge mümkinçilik berdi?

**Pikir ýörediň!**

Näme üçin Çingiz hanyň nesilleri bara-bara türkileşipdir?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 2-§. Mawerannahrdaky we Horasandaky syýasy ýagdaý

**Mawerannahrda temuriler arasyndaky özara göreş**

Size VII synp „Özbegistanyň taryhy“ dersliginden mälim bolşy ýaly, Emir Temur aradan çykandan soň tagt üçin alnyp barylan göreşlerde ahyrky netijede onuň körpe ogly Şahruh Mürze ýenip çykdi.

Şahruh Mürze döwründe Temuriler soltanlygy amalda iki özbaşdak döwlete bölüp dolandyrylýar. Olaryň biri Horasan (paýtagty Hyrat), ikinjisi bolsa Mawerannahr (paýtagty Samarkant) döwletleridi. Horasanda Şahruh Mürze, Mawerannahrda bolsa ogly Mürze Ulugbek hökümdarlyk edýär.

Mürze Ulugbek aradan çykandan soň Mawerannahrda tagt üçin özara göreş güýçlenýär. Bu göreşde ahyrky netijede 1451-nji ýylda Miranşahning agtygy Soltan Abu Said Mürze Abulhaýrhan kömeginde ýeňiş gazanýar.

1458-nji ýylda Horasan hökümdary Abulkasym Babur aradan çykansoň Horasany hem eýeleýär. 1469-njy ýylda Abu Said Mürze öň temuriler garamagynda bolan Eýranyň günbatar bölegini eýeläp alan ak goýunlylara garşy göreşde heläk bolýar. Bu heläkçilikden soň Mawerannahr onuň ogullary hökümdar bolan amalda üç özbaşdak döwlete bölünip gidýär. Meselem, Samarkantda Soltan Ahmet, Ferganada Omarşeýh Mürze, Gissarda, Huttalonda we Badahşanda Soltan Mahmyt Mürze hökümdarlyk edýärler. Şeýle bolsa-da, Soltan Ahmet resmi taýdan Mawerannahryň hökümdary hasaplanýardy. Onuň döwründe ilat parahat we asuda ýaşaýar.

Ol aradan çykandan soň Mawerannahryň tagtyny inisi Soltan Mahmyt Mürze, 1495-nji ýylda bolsa ogly Baýsungur Mürze eýeleýär. Tiz arada Mawerannahryň tagty üçin göreşe Ferganaň häkimi Babur Mürze hem goşulýar. Ol 1497-nji ýylda Baýsungury gala gizlenmäge mejbur edýär. Bu wagtda şäheriň içinde azyk ýetmezçiligi emele gelenligi sebäpli Baýsunguryň esgerleriniň arasynda dagynyklyk bolýar. Gabawdan çykmaga gözi ýetmedik Baýsungur Türküstanda (Ýasside) duran Şeýbany handan kömek soraýar. Şeýbany han amatly pursatdan peýdalanyp, tiz arada Samarkanda gelip, Babury howsala salýar. Munuň üstesine Baburyň esgerleri sowuk sebäpli daş töwerekdäki obalara dargap gidipdi. Az sanly esger bilen Şeýbany hana ýüzbe-ýüz gelek howplydy. Ýöne mundan başga ýol hem ýokdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Babur bar esgeri bilen duşmana garşy çykmaga mejbur bolýar. Ýöne garaşylmanda Şeýbany han şäheriň içersine tarap ýöreýär, ýöne Baýsungur ony şähere girizmeýär. Çünki Baýsungur ony şäheriň daşarsynda bolýan söweşde ýaran bolmagy teklip edipdi. Mundan öýkelän Şeýbany han Türküstana gaýdyp gidýär.

Samarkant gabawy 7 aýdan gowrak dowam edýär. Şeýbany handan kömek alyp bilmän Baýsungur gaçyp gitmäge mejbur bolýar. Babur bolsa Samarkandyň tagtyny eýeleýär. Ol babasy Emir Temuryň tagtynyň eýesi diýlip yglan edilýär. Ýöne eýelik uzaga çekmeýär. Muňa Baburyň duşmanlary Ferganany̆ň tagtyna inisi Jahangiri oturtmak üçin turzan pitne sebäp bolýar. Emele gelen harby-syýasy kyn ýagdaýa düşünen Babur nähili bolsa-da Ferganada häkimiýetini saklap galmagy karar edýär we Samarkanda öz beklerinden birini goýup Andijana gaýtmaga mejbur bolýar. Baburyň ýoklugyndan Baýsunguryň inisi Soltanaly Mürze peýdalanýar we 1498-nji ýylda Mawerannahryň tagtyny eýeleýär. 1500-nji ýylda aga-ini Babur we Jahangir Mürzeleriň arasynda ýaraşyk baglaşylýar. Oňa görä, Syrderýanyň demirgazyk tarapy Ahsi şäheri bilen Jahangirde we derýanyň günorta tarapy Andijan şäheri bilen Baburda galýar.

**Horasandaky syýasy ýagdaý**

Emir Temuryň dördünji ogly, Horasanyň hökümdary Şahruh Mürze 1447-nji ýyli aradan çykansoň, tagt üçin göreş öwjüne galýar. Netijede, Horasan döwleti on bir bölege bölünip gidýär. Olaryň her biri amalda özbaşdak döwletlerdi. We ahyrynda, 1458-nji ýylda Emir Temuryň üçünji ogly Miranşahyň agtygy Soltan Abu Said Mürze temuriler döwletini birneme birledirmegi başarýar. 1469-njy ýylda Abu Said Mürze heläk bolansoň, Emir Temuryň ikinji ogly Omarşeýhiň agtygy Soltan Hüseýin Baýkara Horasanyň tagtyny eýeleýär. 40 ýyla golaý hökümdarlyk eden Soltan Hüseýin Baýkara döwründe hem ýurtda doly asudalyk bolmady. Şeýle bolsa-da, Horasan döwletiniň hojalyk we medeni durmuşy ep-esli ýokarlanýar. Ýurduň abadançylygy ugrunda uly işler amala aşyrylýar. Mawerannahra garanda syýasy durnuklylyk üpjün edilýär. Munda Hüseýin Baýkaranyň hökümdarlyk ukyby möhüm orun tutýar. Wezir Alyşir Nowaýynyň hyzmatlary-da biçak uly bolýar. Ýöne Hüseýin Baýkara bilen ogly Badiuzzamanyň arasyndaky gatnaşyklarda ýitilik emele gelýär. Bu ýagdaý ata we ogulyň arasyna dawa döredýän gara güýçleriň Badiuzzamanyň 11 ýaşly günäsiz ogly, kämil agtyk, Alyşir Nowaýy çuňňur ynanan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE
http://eduportal.uz

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Mömin Mürzäniň öldürilenden soň has-da güýçlenýär. Gara güýçleriň maksady tagta Baýsungury däl, onuň öweý inisi Muzaffar Huseýini oturtmakdy.

Badiuzzaman akylly we işewür, harby ukyby ýokary, adalatly şazadady. Ol öz köşgünde alymlary, şahyrlary, ulamalary, sungat işgärlerini ýygyp maslahatlar geçirýärdi. Özi hem gözel gazallary ýazýardy. Beýik Alyşir Nowaýy onuň bu sypatlaryna örän ýokary baha beripdir.

Atasy Soltan Hüseýin Baýkaranyň Muzaffar Hüseýin Mürzä nähak tarapyny çalmagy, ogly Mömin Mürzäniň öldürilmegi ahyrky netijede Badiuzzaman bilen atasynyň arasynda uruş getirip çykarýar. Uruşda Badiuzzaman ýeňilýär. Özara gyrgynçylykly uruşlar ahyrky netijede ýaraşyk baglaşmak bilen tamamlanýar. 1506-njy ýylda Soltan Hüseýin Baýkara aradan çykýar. Şondan soň ýurtda ikihäkimiýetlilik emele gelýär. Badiuzzaman we Muzaffar Hüseýinler bir wagtda hökümdar diýlip yglan edilýär. Bu bolsa şonsuz hem agyr günleri geçirýän Horasan döwletini dagynyklyga getirýär.

Temuriler soltanlygynda başlanan tagt üçin aýawsyz göreş netijesinde soltanlyk krizise duçar bolýar. Netijede, köpden bäri Temuriler soltanlygynyň çäklerini eýelemegi özüne maksat edinen Muhammet Şeýbany hanyň Mawerannahry we Horasany eýelemegi üçin amatly şert emele gelýär.

- 1447-nji ýyl – Şahruh Mürze aradan çykdy.
- 1458-nji ýyl – Soltan Abu Said Mürze wagtlaýyn bolsa-da Temuriler soltanlygyny birleşdirdi.
- 1506-njy ýyl – Hüseýin Baýkara aradan çykdy. Horasanda ikihäkimiýetlilik emele gelýär.

1. Mawerannahrda temuriler hökümdarlygynyň krizise duçar bolmagyna nämeler sebäp boldy?
2. Babur Mürzäniň syýasy göreş meýdanyna çykmagy barada nämeleri bildiňiz?
3. Horasanda temuriler hökümdarlygynyň gowşamagyna nämeler sebäp boldy?

Mawerannahrdaky we Horasandaky syýasy ýagdaýy deňeşdiriň. Özara meňzeş we özboluşly taraplary anyklaň hem-de olary ýazuw üsti bilen bellik ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 3-§. Zahiriddin Muhammet Babur bilen Muhammet Şeýbany hanyň gatnaşyklary

**Baburyň syýasat meýdanyna çykmagy**

Öňki temada nygtalyşy ýaly, XVI asyryň bosagasynda Temuriler döwletiniň tagty üçin göreş meýdanyna Zahiriddin Muhammet Babur Mürze hem çykýar. Babur Mürze Soltan Abu Said Mürzäniň agtygydy. Ol 1483-nji ýylyň 14-nji fewralynda Andijan şäherinde dogulýar. Çagalyk we ýaşlyk ýyllary Andijan we Ahsi şäherlerinde geçýär. Atasy Omarşeýh Mürzäniň (1455 – 1494) köşgünde öz döwrüne laýyk ähli zerur bilimleri eýeleýär. Abu Said Mürze ogly Omarşeýh Mürzäni öz hökümdarlygy döwründe, ilki Kabul welaýatyna, soň Fergana welaýatyna häkim edip belleýär. Soňluk bilen agasy Soltan Ahmet hökümdarlygy döwründe Daşkent we Saýram hem Omarşeýh Mürzä berilýär. Ýöne özara içki göreşler netijesinde Omarşeýh Mürze gol astynda diňe Fergana, Hojant we Oradepe galýar. Omarşeýh Mürze 1494-nji ýylda bagtsyz hadysa sebäpli heläk bolansoň, häkimiýet 12 ýaşly ogly Babur Mürzäniň eline geçýär.

> Babur ýaş bolanlygy üçin döwlet işlerini ynamly beklerden Hajykazy we sowatly, akylly enesi Kutlug Nigarhanymyň kömeginde dolandyrýardy.

Babur Mürzäniň syýasy göreş meýdanyna çykmagy Temuriler soltanlygynda harby-syýasy ýagdaýyň gaty agyrlaşan şertine gabat gelýär. Ol hem ähli tagt dawagärlerine mahsus aýratynlyklardan azat däldi. Onuň arzuwy beýik babasy Emir Temur soltanlygynyň paýtagty bolan Samarkant tagtyny eýelemekdi.

**Muhammet Şeýbany hanyň Mawerannahr üçin göreşe goşulmagy**

Şeýbany hanyň esasy maksady Temuriler soltanlygyna bütinleý ýok etmekdi. Babur Mürze bilen onuň arasyndaky gatnaşyk Şeýbany hanyň ine şu niýetini aç-açan görkezýär. Enesiniň gepi bilen çemeleşen Mawerannahryň hökümdary Soltan Ali Mürzäniň ätiýaçsyzlygy sebäpli Şeýbany han 1500-nji ýylda Samarkandy söweşsiz eýeleýär. Mundan habar tapan Babur Mürze gaýga batýar. Bu gezek hem arada hyýanat bardygy ony gynandyrýardy. Şeýbany han Samarkandy eýelänsoň, Soltan Ali Mürzäni öldürdýär.

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Zahiriddin Muhammet Babur

Mawerannahryň abraýly döwlet işgärleri şeýhulyslam Abulmakorimiň baştutanlygynda Babur Mürzäni Samarkant tagtyny eýelemäge çagyrýarlar. Dinastiýasynyň bähbidine wepaly bolan Babur Mürze 1500-nji ýylyň güýzünde Samarkanda ýöriş başladi we tagty ikinji marta eýeleýär.

Şol wagt Şeýbany han Samarkantdan daşarda – Konigilde (şäherden daşardaky hökümdarlar dynç alýan ýer) ýaşaýardy.

Şeýbany han bu wakany eşidensoň, boljak aýgytlaýjy söweşe taýýarlanýar. Babur Mürze bu gezekki urşuň aýgytlaýjy uruşdygyny bilip Andijan, Daşkent, Gissar, Hyrat we başga ýerlere kömek etmeklerini sorap ilçileri iberýär. Ýöne agasy – Horasanyň hökümdary Soltan Hüseýin Baýkara we Kaşgardaky daýysy Soltan Mahmyt handan kömek güýji gelmedi. 1501-nji ýylda alty aýlyk gabawdan soň Şeýbany han Babur Mürzä ýaraşyk baglaşmagy teklip edýär. Babur Mürze hiç ýerden kömek alyp bilmänsoň, bialaç, şaraşyga razy bolýar. Ýaraşygyň şertleri Babur Mürze üçin gaty kemsidiji bolsa-da, oňa razy bolmazlykdan başga çäresi ýokdy.

Agyr we naçar ýagdaýa düşen Babur Mürze Samarkandy terk edip, köp maşakgatlary başdan geçirip, özge ýurtlara gitmäge mejbur bolýar. Babur Mürzäniň gyzy Gülbadanbegim (1523–1603-nji ýyllarda ýaşan) özüniň „Humaýunnama“ eserinde bu hakda aşakdakylary ýazypdy: „Hudaýa töwekgel edip Badahşanata we Kabula ýüzlendiler“.

1504-nji ýylda Kabul welaýatynda (Kabul – häzirki Owganystan döwletiniň paýtagty) öz häkimiýetini ornaşdyrýar. Bu ýerde özbaşdak döwlet gurmaga ymykly girişýär. Berk düzgüne boýun egýän goşun düzýär. Gurluşyk, abadançylyk işlerine uly üns berýär. Köp baglary döredýär. Olaryň içinde Bagy Babur aýratynam meşhurdyr.

Kabuldaky Bolo Gissar galasyny özüniň karargähine öwürýär. Şeýbanylaryň barha güýjeýän ýörişine garşy bilelikde çäre görmek maksadynda Soltan Hüseýin Baýkara ähli temuri hökümdarlar ýaly Babur Mürzäni hem maslahat ýygnagyna çagyranlygy, onuň ýokary



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

abraýa eýe bolandygyny tassyklaýar. Babur Mürze şu teklibe görä Hyrada atlanýar. Ýöne Hüseýin Baýkaranyň 1506-njy ýylda tötänden aradan çykmagy ýagdaýy agyrlaşdyrýar. Özara dawalaryň güýçlüdigi sebäpli temurizadalar duşmana garşy ýaranlyk düzüp bilmeýärler. Bu bolsa ahyrky netijede Temuriler soltanlygynyň bütünleý ýok edilmegine getirdi.

Babur Mürze taryhymyzda beýik şahyr, Mawerannahry şeýbanylar basybalyşyndan saklap galmak ugrunda durnuklylyk bilen göreşen hökümdar we serkerde hökmünde at galdyrdy.

- 1494-nji ýyl – Babur Mürze Andijan tagtyna oturdyldy.
- 1500-nji ýyl – Şeýbany han Samarkandy eýeleýär.
- 1501-nji ýyl – Babur Mürze Şeýbany handan ýeňildi.
- 1504-nji ýyl – Babur Mürze Kabulda öz häkimiýetini ornaşdyrdy.

1. Babur Mürze nähili şertde syýasat meýdanyna girip geldi?
2. Näme üçin Muhammet Şeýbany han ýeňiş gazandy?

**Pikir ýörediň!**
Temuriler döwletiniň ýykylmazlygy mümkinmidi?

## 4-§. Mawerannahrda we Horasanda şeýbanylar hökümdarlygynyň ornaşdyrylmagy

**Şeýbany han häkimiýetiniň güýçlenmegi**

Deşti Gypjakdaky özbek taýpalarynyň ýolbaşçylary Abulhaýrhan aradan çykandan soň başlanan özara gyrgynlaryň ýene gaýtalanmagyny umuman islemeýärdiler. Olarda Muhammet Şeýbany hanyň gyrgyna ýol bermezligine ynam peýda bolýar.

Mundan daşary, Deşti Gypjakdaky özbek taýpalary köpden bäri doly oturymly ýagdaýda ýaşamagy umyt edýärdiler. Bu umydyň hasyl bolmagy özgeleriň hasyldar ýerleriniň hasabyna amala aşmagy mümkindi.

Özbek taýpalarynyň serdarlary Muhammet Şeýbany hany öz umytlaryny amala aşyrmagy başarýan ýeke-täk şahs diýip hasaplaýardylar. Şu sebäpli-de olar we ruhanylar Muhammet Şeýbany hany goldaýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Olar ýerleri hasyldar, hünärmentçiligi ösen ülkelerde, birinji nobatda, Mawerannahrda Muhammet Şeýbany han häkimiýetiniň ornaşdyrylmagy oturymly ýaşaýşa geçmäge mümkinçilik berýändigini hem gowy bilipdirler. Bu faktorlar Muhammet Şeýbany han häkimiýetiniň güýçlenmegine kömek edýär. Muhammet Şeýbany hanyň Mawerannahrdaky içki syýasy ýagdaýy gowy bilýänligi-de onuň abraýyny has-da artdyrýar. Şol bir wagtda, Mawerannahryň ilaty temurizadalaryň tagt üçin özara göreşlerinden ýadapdy hem. Mawerannahryň aristokratlary we hatda ýönekeý ilatyň mälim bölegi hem Muhammet Şeýbany hanyň tymsalynda Mawerannahrda parahatçylyk ornaşdyrmagy başarýan ýeke-täk şahsy görýärler.

Şeýlelikde, Muhammet Şeýbany hanyň Temuriler soltanlygynyň çäkleride-de öz häkimiýetini ornaşdyrmagy üçin ähli zerur şertler döredilýär.

Şol bir wagtda, Russiýanyň gündogara tarap barha giňelmegi-de Şeýbany hanyň Mawerannahra ýörişini çaltlandyrýar.

**Mawerannahrda Şeýbany hanyň hökümdarlygynyň ornaşdyrylmagy**

Şeýbany han Temuriler soltanlygyny bütinleý ýok etmek maksadynda başlan harby ýörişi wagtynda bäsdeşlerini aljyradan söweş usuly – tolgamany ulanýar. Ol Samarkandy ilki 1500-nji ýylda gysga möhlete bolsa-da eýeledi we täze özbek döwleti – şeýbanylar döwletini esaslandyrdy. 1501-nji ýylda bolsa Samarkandy üzül-kesil boýun egdirýär. Indi bütin Mawerannahry eýelemäge girişýär.

1503-nji ýylda Daşkent we Şahruhiya şäherleri eýelenýär. Şeýbany han Ulugbek Mürzäniň Abulhaýrhana durmuşa çykan gyzy Robiýa Soltanbegimiň ogullary bolan agalary Köçkunçi Soltany Türküstana we onuň inisi Suýunçhoja Soltany Daşkende, özüniň inisi Mahmyt Soltan Buhara welaýatlaryna häkim edip belleýär.

1504-nji ýylda bolsa Fergana eýelenýär. Şeýbany hanyň harby ýörişlerinde iň işeňňir gatnaşan agasynyň ogly Janibek Soltana Ahsini we Andijany sowgat edýär.

Janibek Soltan Abulhaýrhanyň başga bir ogly Hoja Mahmyt Soltanyň ogludy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şeýdip, bütin Mawerannahrda şeýbanylar dinastiýasynyň hökümdarlygy ornaşdyrylýar. Samarkant şäheri bolsa paýtagt edip bellenýär.

**Horezmiň we Horasanyň eýelenmegi**

Mawerannahrda pugta ornaşan Şeýbany han 1505-nji ýylda Horezme ýöriş edýär we ony hem eýeleýär.

1505-nji ýylyň güýzünde bolsa Horasana ýörişe başlaýar. Soňky ýyllarda özara içki dawalar netijesinde krizise duçar bolan temurileriň Horasan döwletini eýelemek Şeýbany han üçin kyn bolmady. 1506-njy ýylda Balh, 1507-nji ýylda bolsa Hyrat eýelenýär. Şundan soň Hyrat özüniň ykdysady, syýasy we medeni merkez hökmündäki abraýyny ýitirýär.

Horasanyň hem boýun egdirilmegi bilen amalda Şeýbany han bütin sebiti ýeke-täk bir merkez – Samarkandyň gol astynda birleşdirmegi başardy we temurizadalar amala aşyryp bilmedik işi ýerine ýetirýär. Bu onuň döwletliligimiziň öňündäki hyzmatydyr. Şeýdip, Mawerannahry, Horezmi we Horasany öz içine alýan çäkde Şeýbany hanyň hökümdarlygy ornaşdyryldy we şeýbanylar dinastiýasynyň hökümdarlygy döwri başlanýar.

**Etnik proses**

Siz VII synpdan bilşiňiz ýaly, Mawerannahrda we Horezmde özbek halky IX–XII asyrlarda şekillenipdir. Dogry, bu çäklerde ýaşan ata-babalarymyz XVI asyra çenli özbekler diýip atlandyrylmandyrlar. Gadym-gadymdan taryhy türki etnik toparlar diňe bir biziň ene topragymyzda däl, eýsem başga ülkelerde, şol sanda, Deşti Gypjakda hem uzak ýyllaryň dowamynda ýaşap geldiler. Deşti Gypjagy XIII asyryň başlarynda zabt eden mongollar bara-bara bu ülkede ýaşaýan türki taýpalaryň düzümine siňip gidýärler we öz milliligini ýitiripdirler. Şeýbanylar ýurdumyzy eýelänsoň bolsa Deşti Gypjakda ýaşaýan dürli özbek taýpalary Mawerannahra we Horezme göçüp gidip başlaýarlar. Bu hadysa Watanymyzyň çägindäki etnik prosese täsir etmän galmady.

Ilki bilen, XVI asyrdan başlap ýurdumyzda özbek halkynyň düzümi barha giňelýär. Ikinjiden, göçüp gelen dürli özbek taýpalary ykdysady we medeni ösüş taýdan özlerinden üstün bolan ýerli doganlary bilen ýakynlaşýarlar. Üçünjiden, olar ýerli ilatyň durmuş ýörelgelerine mahsus bolan hemme gowy taraplary kabul edýärler. Bara-bara bolsa Mawerannahrda we Horezmde öňden ýaşap gelýän doganlarynyň düzümine siňip gidipdirler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

„Özbek“ ady Özbegistanyň taryhynyň XVI asyrdan soňky ösüş basgançaklarynda ýerli ilatyň ruhuna siňipdir. Özbek adalgasy tutuş bir halkyň etnik adyna we milli buýsanjyna öwrülýär.

**Eýran şasy Ysmaýyl Sefewi bilen ganly çaknyşyk**

Bu wagtda Eýranda şa Ysmaýyl Sefewi hökümdarlyk edýärdi. Ol öz döwri üçin uly we güýçli goşun düzmegi başarýar. Ysmaýyl Sefewi düzen soltanlyk taryhda Sefewiler döwleti ady bilen meşhur.

Şa Ysmaýyl döwleti uly çäkleri öz içine alýardy. Bu döwletiň bir serhedi Horasan bilen, ikinji serhedi bolsa Osmanly döwleti bilen utgaşýardy. Şa Ysmaýyl baştutanlygyndaky Eýran Sefewileriniň Horasana täsiri barha güýçlenip, talaňçylyk hereketleri öwjüne galýar. Indi bu iki hökümdaryň arasynda uruş boljagy gutulgysyzdy.

Ahyrynda, 1510-njy ýylda iki hökümdaryň goşuny çaknyşýar. Merwiň (häzirki Türkmenistanyň çägi) golaýynda bolan söweşde Eýran goşuny ýeňiş gazanýar. Şeýbany han we onuň yzdaşlary söweşde heläk bolýar. Bu ýeňiş netijesinde şa Ysmaýyl bütin Horasany eýeleýär.

**Tolgama** – söweş çagynda duşmanyň goşunyny ganatlaryndan aýlanyp geçip, gurşap alyp zarba bermek usuly.

- 1500-nji ýyl – Mawerannahrda täze özbek döwleti – şeýbanylar döwleti esas solyndy.
- 1503-nji ýyl – Daşkent eýelendi.
- 1504-nji ýyl – Fergana eýelendi.
- 1505-nji ýyl – Horezm eýelendi.
- 1507-nji ýyl – Hyrat eýelendi.

1. Şeýbany hanyň häkimiýetiniň güýçlenmegine sebäp bolan faktorlar nämelerden ybaratdy?
2. Şeýbany hanyň Mawerannahry we Horasany beýlekilerden aňsat eýelemegine nämeler esasy sebäp boldy?
3. Şa Ysmaýylyň ýeňşiniň netijeleri barada nämeleri bildiňiz?
4. Ýurdumyza Deşti Gypjakdan dürli özbek taýpalary göçüp gelensoň, etnik proses nähili geçdi?

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# *II BAP.* BUHARA HANLYGY WE BUHARA EMIRLIGI

## 5-§. Buhara hanlygynyň döremegi

**Köçkinçi hanyň we Ubaýdulla hanyň hökümdarlygy**

Şeýbany han heläk bolansoň, onuň ornuna agasy Köçkinçi han tagta geçýär. Ýöne 1511-nji ýylda Babur Mürze Samarkandy üçünji gezek eýelände şeýbanylar wagtlaýyn häkimiýetden mahrum bolýarlar. 1512-nji ýylyň 28-nji aprelindäki söweşde şeýbanylar Babur Mürze bilen onuň ýarany Sefewiler goşunyny derbi-dagyn edip, Samarkandyň tagtyny gaýtadan eýeleýärler. Köçkinçi han 1530-njy ýyla çenli hökümdarlyk edýär.

Köçkinçi handan soň tagta ogly Abu Said (1530–1533) geçýär. Ondan soň bolsa hökümdarlyk Şeýbany hanyň inisi Mahmyt Soltanyň ogly Ubaýdulla han yň (1533–1540) eline geçýär. Ol 1533-nji ýylda hanlygyň paýtagtyny Samarkantdan Buhara göçürdýär. Şeýdip, şeýbanylar döwleti Buhara hanlygy diýlip atlandyrylyp başlanýar. Ubaýdulla han Buhara atamiras emläk diýip garaýardy. Çünki Şeýbany han dirikä Buhara häkimligini inisi Mahmyt Soltana beripdi. Şeýlelikde, şeýbanylaryň Mawerannahrda döreden döwletleri indi Buhara hanlygy diýlip atlandyrylýan bolýar.

Ubaýdulla hanyň taryhymyzdaky hyzmatlary uly. Ilki bilen, ol Ysmaýyl Sefewiniň goşunynyň hüjümlerini ýok edip, Mawerannahry olaryň harby-syýasy täsirlerinden saklap galýar.

Ubaýdulla han Sefewilere garşy göreşde özüniň ruhy ylhamçysy Mir Arap lakamy bilen meşhur bolan dini işgär Abdulla Sabrany tarapyndan goldaw tapýar. Ol Ubaýdulla hanyň dosty hemdi. Ubaýdulla han Sefewileriň üstünden gazanan ýeňşi sebäpli Watanyň garaşsyzlygyny, halkyň erkini we din-u diýanatyny, ar-namysyny saklap galýar. Ubaýdulla han bu ýeňşi Mir Araba bagyşlaýar we 1530–1536-njy ýyllarda Buharada onuň ady bilen meşhur medrese gurdurýar. Mir Arap medresesi häli-şindi ylym-bilim ojagy bolup gelýär.

Taryhçy Hafiz Taniş al-Buhary ýöne ýere „*Onuň döwleti we ýolbaşçylygy zamanynda Mawerannahr, aýratynam, Buhara welaýaty gülläp ösdi*“, diýip ýazmandy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ubaýdulla hanyň hökümdarlygy döwründe Buharanyň paýtagt hökmündäki abraýy her taraplaýyn ösýär.

Ubaýdulla han öz döwletiniň araçägini Şeýbany han döwründäki serhetlerde gaýtadan dikeltmäge çalyşýar. Ol Hyrady eýelän Eýran goşunyny birnäçe gezek ýeňlişe duçar edipdi. Şol bir wagtda, ol ýurduň içersindäki syýasy dagynyklygyň soňuna çykýar.

**Tagt üçin özara göreşiň güýçlenmegi**

Köçkinçi hanyň ogly Abdulla han I-niň gysga hökümdarlygyndan soň Mawerannahrda ikihäkimiýetlilik, ýagny bir wagtyň özünde iki hökümdaryň häkimiýeti ornaşdyrylýar.

Olardan biri – Ubaýdulla hanyň ogly Abduleziz han Buharada, ikinjisi Köçkinçi hanyň ýene bir ogly Abdulatif han Samarkantda hökümdarlyk edip başlaýarlar. Ýöne olaryň häkimiýeti pugta däldi. Ýurt amalda birnäçe özbaşdak böleklere bölünip gidýär. Mysal üçin, Balhda we Badahşanda Pirmuhammet han I, Daşkentde we Türküstanda Nowruz Ahmet han, Kermenede we Miýankalda Isgender han özbaşdakdylar.

Ýurtda ýüze çykan syýasy krizisden Daşkendiň we Türküstanyň hökümdary, Suýunçhojanyň ogly Nowruz Ahmet han peýdalanyp galmagy karar edýär. Samarkandyň hökümdary, agasynyň ogly Abdulatif han bilen ýaranlyk düzüp 1540-njy ýylda Buharany eýeleýär we häkimiýeti öz tarapdarlaryna tabşyrýar. 1548-nji ýylda Abdulatif han aradan çykansoň, Samarkandyň tagtyny eýeleýär. Öz adyndan teňňe pul zikgeledýär. Mawerannahryň köp şäherlerinde onuň ady hutba goşup okalýar.

Ýöne Kermenäniň we Miýankoluň hökümdary Isgender han we onuň ogly Abdullalar Nowruz Ahmet hana boýun egmek islemeýärler. Muňa garşy Nowruz Ahmet han Miýankola ýöriş başlaýar. Güýçler gatnaşygynda Nowruz Ahmet hanyň üstünligi bilen ata-ogul Balha gitmäge mejbur bolýarlar. Abdulla han Balhyň hökümdary – diňe agasy Pirmuhammethanyň kömeginde Nowruz Ahmet hana garşy birnäçe gezek ýöriş edenden soň ýeňiş gazanýar. Ýeňlen Nowruz Ahmet han Buharany taşlap Samarkanda gaýdýar. Soňky söweşde iki tarap hem ýeňjegine gözi ýetmänsoň, ortada ýaraşyk baglaşylýar. Ýaraşykdan soň Abdulla han Amyderýadan geçip Maýmana, Nowruz Ahmet han bolsa Buharada naýybyny galdyryp Samarkanda gaýdýar we 1556-njy ýylda aradan çykýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

- 1512-nji ýyl – şeýbanylar Mawerannahr tagtyny gaýtadan eýeledi.
- 1533-nji ýyl – şeýbanylar döwletine Buhara hanlygy diýlip başlandy.

1. Näme üçin şeýbanylaryň Mawerannahrda döreden döwleti Buhara hanlygy diýip atlandyryldy?
2. Şeýbany Ubaýdulla hanyň döwletliligimizdäki taryhy roly nämeden ybarat?
3. Nowruz Ahmet hanyň Mawerannahryň hökümdary tagtyny eýelemegine nähili faktorlar sebäp boldy?

**Pikir ýörediň!**
Näme üçin şeýbanylar döwründe-de içki dawalar ýatyrylmady?

## 6-§. Abdulla han II döwründe Buhara hanlygynyň ýokarlanmagy

**Abdulla han II-niň häkimiýet başyna gelmegi**

Nowruz Ahmet han aradan çykansoň, ýurtdaky syýasy dagynyklyk howpy has-da güýçlenýär. Ýurtdaky dagynyklygyň soňuna çykmak üçin merkezi häkimiýeti ýene dikeltmek we güýçlendirmek zerurdy. Bu zerurlygy uruşlarsyz amala aşyryp bolmazdy. Ynha şeýle şertde göreş meýdanyna Miýankoluň häkimi Isgender Soltanyň ogly Abdulla han II (1534–1598) çykýar. Ol şeýbanylar dinastiýasynyň görnükli wekillerinden biri, ady 4-nji temada agzalan Janibek Soltanyň agtygydy.



Abdulla han II (miniatýura, 1572)

Isgender hanyň maşgalasyna Buharanyň golaýyndaky Jaýbar obasynda ýaşaýan, örän uly abraýa eýe bolan şyh Muhammet Yslamyň yhlasly bolanlygy Abdulla han II-ä bu göreşde gaty uly medet bolupdyr.

Muhammet Yslam we onuň nesilleri özleriniň gelip çykyşyny ata tarapyndan Muhammet pygamberiň nesillerine, ene tarapyndan bolsa Çingiz hana we Juça baglaýardylar. XVI asyryň ikinji ýarymynda Muhammet Yslam, soňluk bilen



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

onuň ogly Abubekir Saad Buharada şeýhulyslam wezipesinde iş alyp barypdyr.

**Döwletiň merkezleşdirilmegi**

1556-njy ýylda Nowruz Ahmet han aradan çykansoň, Abdulla han II derrew Kermenede we Şährisebzde öz hökümdarlygyny dikeldýär. Muhammet Yslamyň kömegi bilen bolsa Buharanyň tagtyny eýeleýär we onuň paýtagt derejesini gaýtadan dikeldýär. Merkezi häkimiýete boýun egmek islemedik Samarkant, Daşkent, Saýram, Türküstan we Fergana gylyjyň güýji bilen boýun egdirilýär. Ýöne bäsdeşleriň tagta ýaşy uly şeýbany oturmady ahyryn, diýip etmegi mümkin bolan igençlerine ýol bermezlik üçin bir maşgala çäginde bolsa-da, ilki agasy Pirmuhammet I-ni, ol aradan çykandan soň bolsa atasy Isgender hany tagta oturdýar.

1583-nji ýylda atasy aradan çykansoň, Abdulla han II resmi taýdan han diýlip yglan edilýär.

Şeýdip, Abdulla han II Mawerannahrda öz häkimiýetini doly ornaşdyrýar. Şonuň ýaly-da, Horasanyň düzümindäki, ýöne şeýbanylaryň elinde galan Balhda, Maýmanada, Badahşanda merkezi häkimiýete garşy turan pitneleri basyp ýatyrýar.

Horezm 1594-nji ýylda birinji gezek we 1596-njy ýylda bolsa ikinji gezek boýun egdirilýär. Sefewilere garşy alnyp barylan göreş netijesinde Horasanyň gündogar bölegi eýelenýär. Şeýlelikde, tutuş Mawerannahryň, Horezmiň we Horasanyň gündogar bölegine çenli bolan çäkler ýeke-täk hökümdaryň gol astyna birleşdirilýär. Şeýdyp, Abdulla han II-niň edermenlikli göreşi netijesinde XVI asyryň ahyrynda Buhara hanlygy merkezleşen uly döwlete öwrülýär. Şeýle uly netijä beýik Emir Temurdan soň diňe Abdulla han II gazanypdy.

Russiýada bu döwlete görä ýöne ýere „Великая Бухария“ (Beýik Buhara) jümlesi ulanylmandy.

**Şeýbanylar dinastiýasynyň hökümdarlygynyň ýatyrylmagy**

Abdulla han II ýurdy birleşdirmek prosesinde şeýbany soltanlaryň merkezi häkimiýeti güýçsüzlendirmäge dyrjaşmalaryna garşy dyngysyz we rehimsiz göreş alyp barýar. Bu maksat ugrunda garyndaşlaryna-da rehim etmeýär. Ýöne Abdulla han II näçe dyrjaşsa-da, içki dawalary doly ýatyryp bilmeýär. Tagt meselesinde hatda özüniň ogly Abdulmömin bilen ylalaşmaýar. Ol mirasdüşer hökmünde Balh welaýatyny dolandyrýardy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Abdulla han II 1598-nji ýylda aradan çykansoň, tagty ogly Abdulmömin eýeleýär. Ýöne şol ýylyň özünde Abdulmömin pitneçiler tarapyndan öldürilýär. Ondan galan iki ýaşly oglunyň hanlyk hukugyny hiç kim ykrar etmeýär. Tagt üçin başlanan göreş netijesinde tagta Abdulla han II-niň agasynyň ogly – Balhyň häkimi Pirmuhammet II oturdylýar. Içki dawalar sebäpli Buhara hanlygynda ýüze çykan agyr ýagdaýdan peýdalanan Eýranyň hökümdary şa Apbas çozup girip, Nişapury, Sebzewary, Maşady, Hyrady eýeleýär. Horezm bolsa hanlygyň garamagyndan çykyp, döwlet garaşsyzlygyny dikeldýär.

Pirmuhammet II Buhara hanlygyny ýene iki ýyla golaý dolandyrýar. 1601-nji ýylda onuň bilen gelip çykyşy aştarhanylardan bolan, Samarkandyň häkimi Baky Muhammediň arasynda ganly çaknyşyk bolup geçýär. Ýeňlen Pirmuhammet han II öldürilýär. Şeýdip, Abdulla han II aradan çykandan bary-ýogy 3 ýyl geçensoň, bir asyr hökümdarlyk eden şeýbanylar dinastiýasy ýatyrylýar.

- 1556-njy ýyl – Abdulla han II amalda, 1583-nji ýylda bolsa resmi taýdan hanlyk tagtyny eýeleýär.
- 1596-njy ýyl – Horezm (Hywa hanlygy) ikinji gezek boýun egýär.
- 1598-nji ýyl – Abdulla han II aradan çykýar.
- 1601-nji ýyl – Buhara hanlygynda şeýbanylar hökümdarlygy ýatyrylýar.

?

1. Abdulla han II-niň özbek döwletliliginiň öňündäki hyzmaty nämeden ybarat?
2. Şeýbanylar dinastiýasynyň hökümdarlygynyň ýatyrylmagynyň sebäplerini tertip bilen ýazyň.
3. Näme üçin Abdulla han II hem döwleti dinastiýanyň wekilleri bilen agzybirlikde dolandyryp bilmändir?

## 7-§. Buhara hanlygynda aştarhanylar dinastiýasynyň hökümdarlygynyň ornaşdyrylmagy

**Aştarhanylar barada**

Özara içki dawalar netijesinde Juçy han ulusy – Altyn Orda amalda birnäçe garaşsyz hanlyklara bölünip başlaýar. Olardan biri XV asyryň 30-njy ýyllarynda Wolgaboýy ýerlerinde dörän Aştarhan (Hajy Tarhan)



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hanlygydy. Häzirki Russiýa Federasiýasyna degişli Astrahan (Aştarhan) şäheri onuň paýtagty bolupdyr. Russiýa bu hanlygy 1556-njy ýylda basyp alýar.

Aştarhan hanlygy ýatyrylansoň, han maşgalasyna degişli adamlar jan saklamak üçin dürli taraplardan başpena gözlemäge mejbur bolýarlar. Ine şolardan biri şeýbanylara agasynyň ogly Ýarmuhammet hanyň maşgalasydy. Ýarmuhammet han we onuň maşgalasy Buhara hanlygyndan başpena tapýar. Ol Buhara hany Isgender han (Abdulla han II-niň atasy) bilen ýakyn gatnaşykda bolupdyr.

### Buharada häkimiýetiň aştarhanylara geçmegi

Ýarmuhammet han maşgala agzalary we garyndaş-urugy bilen Buhara gelensoň, Isgender han olary yzzat-hormat bilen garşy alýar we gyzy Zuhrabegimi Ýarmuhammet hanyň ogly Janibek Soltana durmuşa çykarýar. Janibek Soltan Zuhrabegimden üç ogul (Din Muhammet, Baky Muhammet, Weli Muhammet) görýär. Ata-ogullar Buhara hanlygynda ýokary derejeleri gazanýarlar.

Şeýbanylar dinastiýasyndan tagt mirasdüşeri galmansoň, Janibek Soltan hanlyk tagtyna iň mynasyp dalaşgär bolýar. Hanlygyň abraýly adamlary oňa tagty hödürleýärler. Ýöne ol ogly Din Muhammediň peýdasyna tagtdan el çekýär. Ýöne bu arada Horasanda Eýran hökümdary Şa Apbasyň goşuny bilen bolup geçen söweşde Din Muhammet heläk bolýar.

> Netijede, 1601-nji ýylda Janibek Soltanyň ikinji ogly, Samarkant häkimi Baky Muhammet Buharanyň tagtyna geçirilýär. Şeýdip Buhara hanlygynyň taryhynda täze dinastiýa – aştarhanylar dinastiýasynyň hökümdarlygy başlanýar.

### Merkezi dolandyryş häkimiýetini berkitmek üçin göreş

Baky Muhammet (1601 – 1605) ýurduň çäkleriniň jebisligini berkitmek, dolandyryş ulgamyny ýola salmak üçin köp synanyşýar. 1602-nji ýylda Eýranyň sefewilerine zarba berip, Balhy boýun egdirýär we inisi Weli Muhammedi häkim edip belleýär. 1603-nji ýylda Eýranyň sefewileriniň Balha hüjüm eden goşunlaryny şowsuzlyga duçar edýär.

1605-nji ýylda Baky Muhammet aradan çykansoň, inisi Weli Muhammet tagta geçýär. Ýöne taýpa emirleri han häkimiýetine boýun egmän, oppozisiýany güýçlendirýärler. Buharaly emirler hana



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

garşy pitne guraýanlygyndan habar tapan Weli Muhammet gaçyp gidýär. Emirler tagta Baky Muhammet hanyň ogly Imamguly hany (1611 – 1642) oturdýarlar.

Imamguly han Daşkent we hanlygyň demirgazyk-gündogar araçäkleri üçin gazaklara, jungarlara garşy üstünlikli göreş alyp barýar. 1613-nji ýylda Daşkendi gazaklardan azat edýär.

Imamguly han döwründe merkezi döwlet häkimiýeti öňküsine garanda pugtalanýar.

**Syýasy dagynyklygyň güýçlenmegi**

Imamguly handan soň tagty eýelän inisi Nadyr Muhammet (1642 – 1645) döwründe bolsa syýasy dagynyklyk güýçlenýär. Muňa hanyň ýurduň welaýatlaryny ogullaryna we ýakyn garyndaşlaryna mülk edip paýlap berenligi sebäp bolýar. Netijede, döwletlilik esaslary gowşaýar. 1645-nji ýylda gazaklar ýene Mawerannahra ýöriş edip, Hojanda çenli ýetip gelýärler.

Nadyr Muhammet olara garşy ogly Abduleziziň baştutanlygyndaky uly goşuny iberýär. Handan närazy bolan bir topar emirler ýöriş döwründe Abdulezizi han diýip yglan edýärler we ony tagta oturdýarlar. Nadyr Muhammet bolsa Balha häkim edip bellenýär (1645 – 1651). Nadyr Muhammet tagty gaýtaryp almak maksadynda Hindistanyň patyşasy temurizada Şa Jahandan kömek soraýar. Şa Jahan Balh welaýatyny özüne boýun egdirmek maksadynda goşun iberýär. Onuň asyl niýetine düşünen Nadyr Muhammet hindi goşunyna garşy çykýar. Ýöne ol söweşde ýeňilýär we Eýrana gaçyp gidýär. Abduleziz han Balhy diňe iki ýyldan soň gaýtaryp alýar. 1649-njy ýylda atasy Nadyr Muhammedi ýene Balhyň häkimi edip belleýär. Ýöne atasynyň Eýranyň kömeginde öz ýagdaýyny berkitmäge çalşanlygy Abduleziz hany aladalandyrýar. Indi ol atasyna garşy inisi Subhanguly hanyň ýolbaşçylygynda goşun iberýär.

1651-nji ýylda Subhanguly han Balhy eýeleýär. Şol bir wagtda, ol Balhyň häkimi edip bellenýär. Atasy Nadyr Muhammet bolsa Mekkä haja barýarka ýolda aradan çykýar.

**Buhara – Hywa gatnaşyklary**

Buhara hanlygyndaky özara göreşlerden peýdalanan Hywa hanlarynyň Buhara talaňçylykly ýörişleri güýçlenýär. 1655-nji ýylda Hywa hany Abulgazy han uly goşun bilen ýöriş edip, Buharanyň töwereklerini iki gezek talaýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1681-nji ýylda garrap galan Abduleziz han içki gapma-garşylyklar we daşky hüjümler Buhara hanlygynyň sosial-ykdysady ýagdaýyny çylşyrymlaşdyryp goýberenligi we syýasy ýagdaý hatardan çykanlygy sebäpli tagtdan el çekýär.

Abduleziz handan soň tagta oturan Subhanguly hanyň (1681 – 1702) döwründe-de ýagdaý düzelmeýär. Subhanguly han bir tarapdan ogullaryna garşy, ikinji tarapdan welaýatlardaky emirleriň we bekleriň merkezi häkimiýetden garaşsyz bolmak ugrundaky hereketlerine garşy göreş alyp barmaga mejbur bolýar.

Hanlykdaky özara içki göreşler Hywa hanlygyna amatly boldy. Buhara garşy ýöriş başlan Hywa hany Anuşa han mälim möhlet Samarkandy eýeleýär. Hatda öz adyna hutba hem okatdyrýar we teňňe pullary zikgeledýär. Ýöne Subhanguly han gadagan urugyndan bolan Badahşanyň häkimi Mahmytbiý atalygyň kömeginde Hywa goşunlaryny Samarkantdan kowup çykarmagy başarýar. Ol Hywa hüjümini çäklendirmek üçin Anuşa hana garşy pitne taýýarlaýar. Şonuň netijesinde Anuşa han tagtdan düşürilýär we 1688-nji ýylda hanlygy Buharanyň garamagyna girizýär.

Subhanguly han Mahmytbiý atalyga Hywa hanlygyna garşy göreşinde beren kömegi üçin Balh häkimligini hem tabşyrýar. Hanyň bu karary köp adamlary närazy edýär. Içki dawalar ahyrky netijede ýurduň ykdysadyýetiniň pese gaçmagyna getirýär.

- 1601-nji ýyl – Buhara hanlygynda aştarhanylar dinastiýasynyň hökümdarlygy ornaşdyryldy.
- 1688-nji ýyl – Hywa hanlygy Buharanyň garamagyna girizildi.

1. Şeýbanylar dinastiýasynyň ýatyrylmagyna nämeler sebäp boldy?
2. Aştarhanylar kimlerdi we olar Buhara nähili gelipdirler?
3. Baky Muhammediň Buhara hanlygynyň tagtyny eýelemegi barada nämeleri bildiňiz?
4. Imamguly han ýurduň garaşsyzlygyny saklamak ugrunda nähili çäreleri gördi?
5. Subhanguly han döwründe Buhara – Hywa gatnaşyklary nähili geçipdir?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 8-§. Buhara hanlygynda merkezi häkimiýetiň gowşamagy

**Buhara hanlygy Ubaýdulla han II döwründe**

1702-nji ýylda Subhanguly han aradan çykýar. Tagty ogly Ubaýdulla han II (1702 – 1711) eýeleýär. Ubaýdulla hanyň esasy maksady syýasy dagynyklygy ýok etmekden ybaratdy. Ol ine şu maksat ugrunda kä pitneçi taýpalara garşy, kä boýun egmezek ýerli hökümdarlara, kä döwlet serhetlerine çozup giren göçme taýpalara garşy uruş alyp barmaga mejbur bolýar.

Ilki ol Balhy boýun egdirmegiň ýoluny gözleýär. Mälim bolşy ýaly, Ubaýdulla han II-niň atasy Subhanguly han Balhy gadagan taýpasynyň baştutany, Badahşanyň häkimi Mahmytbiý atalyga aýratyn hyzmatlary üçin sowgat edipdi. Ubaýdulla hanyň döwründe Mahmytbiý Balhda häkimiýeti doly öz eline alýar we özüni 1706-njy ýylda han diýip yglan edýär. Bu Mahmytbiýe garşy birnäçe gezek guralan harby ýörişler netije bermänsoň, Ubaýdulla han onuň garaşsyzlygyny ykrar etmäge mejbur bolýar.

Ubaýdulla han II geçiren özgertmeler hem şowsuzlyga duçar bolýar. Mälim bolşy ýaly, içki we daşary duşmanlara garşy dyngysyz uruşlar alyp barmak uly serişde talap edýärdi, elbetde. Ubaýdulla han ilatdan ýygnalýan salgytlary 4 esse köpeldýär. Netijede, halk tozýar. Ynha şeýle bir şertde pul özgertmesini hem geçirýär. Hanlykda düzüminiň 35 göterimini kümüş düzýän teňňe pul ulanylýardy. 1708-nji ýylda bolsa bu teňňeleriň bir sanysyndan 4 sany täze teňňe zikgelenip başlanýar. Netijede, täze puluň düzümindäki kümüşiň mukdary 4 esse, şeýle hem, amalda puluň hümmeti-de 4 esse kemelen bolsa-da, täze teňňe öňki köne teňňä baha taýdan deň diýlip bellendi.

Teňňäniň düzüminde kümüş göteriminiň kemelmegi dükançylaryň we hünärmentleriň ýiti närazylygyna sebäp bolýar. Indi olar öz önümlerini satmakdan boýun towlaýarlar. Söwda işleri peselýär we netijede, ýurduň ykdysady durmuşy pese gaçýar.

Agyr ýagdaýa çydap bilmedik halk gozgalaň turuzýar, ýöne gozgalaň rehimsiz basyp ýatyrylýar.

Ubaýdulla han merkezi häkimiýeti güýçlendirmek maksadynda hatda şol döwrüň iň täsirli güýji – iri ýer eýeleri hem-de Joý-bar şyhlarynyň täsirini kemeltmäge-de çalyşýar. Ubaýdulla han



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

olary salgyt tölemezlik ýeňilliginden mahrum edýär. Netijede, olar Ubaýdulla hanyň iň howply duşmanyna öwrülýärler.

Şol bir wagtda, Ubaýdulla han ýekebara işçileri öz emläginden gelýän girdejilerinden mahrum edýär, salgytlaryň we borçlaryň mukdaryny köpeldýär.

Şeýle ýiti özgerişlere çydap bilmedik uly güýçler Ubaýdulla hana garşy pitne taýýarlap başlaýarlar. 1709-njy ýylda Fergana jülgesiniň Buhara hanlygyndan bölünip çykmagy bolsa syýasy ýagdaýy has-da çylşyrymlaşdyrýar. We ahyrynda, pitneçiler 1711-nji ýylda Ubaýdulla hany öldürýärler. Tagta pitne gatnaşyjysy, Ubaýdulla hanyň inisi Abulfaýz han oturdylýar.

Ubaýdulla han taryhymyzda ýerli häkimleriň özdiýenliliginiň soňuna çykmaga, merkezi häkimiýeti güýçlendirmäge hereket eden soňky Aştarhany hökümdar hökmünde at galdyrdy.

**Hanlykda dagynyklygyň has-da güýçlenmegi**

Tagta geçen Abulfaýz han gün saýyn ýurduň durmuşynda abraýy güýçlenip barýan emirleriň we aristokratlaryň elindäki bir gurjaga öwrülýär. Onuň permanlary köşgüň bosagasyndan aňry geçmeýän bolýar.

Han häkimiýetiniň bu derejä düşüp galmagyna hanlygyň regulýar goşuna eýe bolmanlygy hem sebäp bolýar. Regulýar goşun düzmäge we ony saklamaga bolsa serişde ýetişmeýärdi. Muňa bolsa hanlygyň ykdysadyýetiniň naçarlygy sebäp bolýar.

Abulfaýz hanyň döwründe özbekleriň mangyt taýpasyndan çykan Muhammet Hekimbiý uly abraýa eýe bolýar. Ol ähli şazadalaryň atalyklarynyň baştutany diýlip ykrar edilýär. Bu başga taýpalaryň asylzadalarynyň berk närazylygyna sebäp bolýar. Netijede, Şährisebz häkimi, kenagas taýpasyndan çykan Ybrahymbiý Urgut we Miýankol häkimleri bilen dil düwşüp, Buhara hanlygyndan garaşsyz, paýtagty Samarkant bolan döwlet düzmegi karar edýär. 1723-nji ýylda Samarkandy eýeläp, giýewsi Rejep Soltany tagta oturdýar. Ybrahymbiý özüne „emir ul-umara“ („beýik emir“) derejesini alýar.

Ybrahymbiýiň nobatdaky maksady Buhara tagtyny eýelemek, Rejep Soltany Buharanyň tagtyna geçirmek hem-de şu ýol bilen hanlygyň iň abraýly adamy bolmakdy. Abulfaýz hanyň syýasatyndan närazy bolan emirler Ybrahymbiýe goşulýarlar. Ybrahymbiý Buhara ýörişe başlaýar. Ol we Rejep Soltanlar olara goşulanlara ýeňişden soň örän



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

uly baýlyk we amal wada edýärler. Söweşde Muhammet Hekimbiý atalyk baştutanlygynda Buharanyň goşunlary şowsuzlyga duçar bolan bolsa-da, Rejep Soltan Buhara şäherini eýeläp bilmeýär.

Ybrahymbiý we Rejep Soltan netijesini çuňňur oýlanmazdan, öz maksatlaryna ýetmek maksadynda, göçme gazaklardan kömek soraýarlar. Olara uly oljalary wada edýärler.

Jungar göçme taýpalarynyň basybalyjylygyndan uly zyýan çeken, talanan hem-de açlyga duçar edilen gazaklar bu teklibe razy bolýarlar. Ýöne ýurda girip gelen gazaklar talaňçylygy güýçlendirýärler. Ne Buharada, ne Samarkantda olary togtadar ýaly güýç tapylmaýar. Şeýle şertde içki dawalar has-da möwç urýar. Ilatyň Abulfaýz handan närazylygy güýçlenýär. Ahyrynda, Abulfaýz han ýakynlarynyň talaby bilen Muhammet Hekimbiýi Buharadan çykaryp goýbermegi karar edýär. Hekimbiý Karşa häkim edip bellenýär. Ýöne ol amatly pursat boldugy, Buharada häkimiýeti ýene öz eline almak niýtinden gaýtmaýar.

Abulfaýz han bolsa wagtyny keýp-sapa işlerine sarplap, döwlet işlerini gözegçilik etmeýär diýen ýalydy. Samarkant, Karşy, Balh, Fergana we Badahşan amalda garaşsyz bolýarlar.

**Dagynyklyk** – ýurduň welaýatlarynyň merkezi häkimiýete boýun egmezligi, syýasy dagynyklyk.

- 1708-nji ýyl – Ubaýdulla han II pul özgertmesini geçirýär.
- 1709-njy ýyl – Fergana jülgesi Buhara düzüminden bölünip çykdy.
- 1711-nji ýyl – Ubaýdulla han II pitne gurbany boldy.

1. Merkezi häkimiýetiň gowşamagynyň esasynda hemişe näme ýatypdyr?
2. Näme üçin Ubaýdulla han II geçiren pul özgertmesi netije bermedi?
3. Näme üçin Ubaýdulla han II pitne gurbany boldy?
4. Mangyt taýpasynyň serdary Muhammet Hekimbiý häkimiýetiniň güýçlenmegine nähili faktorlar sebäp boldy?

Şeýbanylar we aştarhanylar döwründe Buhara hanlygyndaky içki syýasy ýagdaýy deňeşdiriň. Netijeleriňizi depderiňizde bellik ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 9-§. Buhara hanlygynda döwlet dolandyryşy

### Hanlygyň çägi, geografik ýerleşişi we ilaty

Muhammet Şeýbany han döreden döwlet çäginiň araçägi elmydama hemişelik bolmandyr. Hususan-da, Şeýbany han hökümdarlygy döwründe onuň döwleti düzümine Mawerannahrdan daşary Horezmiň we Horasanyň çäkleri-de giripdir. Ol aradan çykandan soň Horezm bütinleý elden giderilýär. Horasanyň uly bölegi bolsa Eýran sefewileri tarapyndan eýelenýär.

Abdulla han II döwründe gysga möhletleýin bolsa-da, hanlygyň çägi ýene giňelýär. Meselem, Horezm we Horasan ýene Buhara hanlygyna boýun egdirilýär. Ol aradan çykandan soň bolsa Eýran Horasanyň çägini boýun egdiren bolsa, Horezm ýene özbaşdak döwlete öwrülýär.

XVI asyryň başlarynda Şeýbany hanyň harby ýörişleri dowamynda Mawerannahra we Horezme 500 – 600 müň Deşti Gypjak özbekleri girip gelipdir.

XVI asyryň başlarynda hanlygyň ilaty göçüp gelen özbeklerden daşary „türk çagataý“ we täjiklerden ybarat bolupdyr. Çeşmelerde XVII asyryň ahyrlarynda bolsa özbeklerden we täjiklerden ybaratdygy aýdylýar.

### Merkezi dolandyryş

Buhara hanlygy administratiw taýdan welaýatlara we tümenlere bölünipdir. Hanlykda ýokary döwlet edarasy temuriler döwründäki ýaly *dergah*, ýerine ýetiriji häkimiýet bolsa öňküsi ýaly *dewan* (wezirlik) diýlip atlandyrylypdyr. Oňa *dewanbegi* (baş wezir) ýolbaşçylyk edipdir.

*Dewanbegi*, şol bir wagtda, döwletiň maliýe we hojalyk işlerini hem dolandyrýardy. Ýöne şeýbanylar döwründe dewanyň işi temuriler döwründäki ýaly abraýa eýe däldi. Muňa dergahdaky wezipeleriň ýagdaýynyň güýçli bolmanlygy sebäp bolupdyr.

Ýene bir uly döwlet wezipesi – *atalyk*dy. Hanyň syýasatynyň welaýatlardaky täsiri atalyk wezipesine bellenenleriň abraýy bilen kesgitlenipdir. Han welaýatlary şazadalara paýlap berýän eken, olara halypa, ýolbaşçy edip öz gözegçisini, ynamly adamyny belläpdir. Şeýle gözegçi, ynamly şahsa atalyk diýlipdir. Bu at atalyk ediji, atasynyň ornuny tutýan manylaryny aňladypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýene bir döwlet wezipesi – *perwanaçy* diýlip atlandyrylypdyr. Onuň wezipesi hanyň permanlaryny, resmi namalary jogapkär şahslara, ýerine ýetirijilere ýetirmekden ybarat bolupdyr.

*Dadhah* wezipesinde işlän emeldar bolsa dergaha düşen arzalary kabul edipdir we olara jogap gaýtarypdyr. Şonuň ýaly-da, dadhah ýurtda adalat normalaryna amal edilişine-de gözegçilik edipdir.

Iň möhüm döwlet wezipelerinden ýene biri – *gögeldaş* wezipesidi. Bu wezipä diňe han dinastiýasyna iň ýakyn şahslardan bellenipdir. Gögeldaş hanyň syýasatyna raýatlaryň gatnaşygyny öwrenipdir we bu syýasatyň eldegrilmesizligini üpjün edipdir.

Bu günki günüň reallygy bilen aýdanda, gögeldaş döwlet howpsuzlyk gullugynyň edarasynyň ýolbaşçysy bolupdyr. Ol diňe bir ýönekeý adamlaryň däl, eýsem döwlet emeldarlarynyň we hatda mirasdüşerleriň hem hökümdara görä gatnaşygyna jogapkär bolupdyr.

Han bilen şazadalaryň arasyndaky gatnaşyklar meselesi bilen *han ýasawuly* wezipesinde işleýän emeldar meşgullanypdyr.

Hanlykda *işikagabaşy* wezipesi hem möhüm hasaplanypdyr. Çünki bu wezipä bellenen şahs dergahyň howpsuzlygy we onda ýola goýlan tertibe amal edilmegi üçin jogapkärdi.

Uly ýagdaýa eýe bolan *şeýhulyslam* wezipesini eýelän şahs şerigat kanunlarynyň ýerine ýetirilişiniň üstünden gözegçiligi amala aşyrypdyr.

*Kazykelan* (baş kazy) bolsa ähli basgançaklardaky sud işlerine baştutanlyk edipdir.

*Muhtasib* (rais) wezipäni eýelän şahs bolsa ýurtda jemgyýetçilik tertibiniň saklanyşyna, dini dessurlara we amallara amal edilişine, bazarlarda nyrhlaryň we terezileriň dogrulygy üçin jogapkär bolupdyr.

*Mehtar* wezipesine bellenen işgär bolsa zekät we başga düşümleriň zerurlyga görä ulanylyşyna gözegçilik edipdir.

Hanlykda döwlet wezipesiniň eýesi hasaplanmasa-da, *nakib* derejesine sezewar bolan şahsyň han köşgünde abraýy belentdi. Meselem, ol hanyň ýakyn we ynamly adamy hasaplanypdyr. Şol bir wagtda, ol döwletiň içki we daşary syýasaty meselelerinde hanyň maslahatçysy hem hasaplanypdyr. Zerur bolanda ilçilik wezipesini hem ýerine ýetiripdir.

Öňki temalarda aýdylyşy ýaly, şeýbanylaryň döwlet dolandyryşynda ilki adatylyk saklanypdyr. Ýokary hökümdarlyk, ýagny *hanlyk*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

atadan çaga däl, eýsem dinastiýanyň ýaşy iň uly wekiline geçipdir. Hususan-da, Muhammet Şeýbany handan soň tagta geçen Köçkinçi han Şeýbany hanyň perzendi däl, agasy bolanlygyny bilýärsiňiz. Ol şeýbanylaryň ýaşy iň ulusy bolanlygy üçin tagty eýeleýär. Ikinji ýaşy uly – şeýbany Köçkinçi hanyň inisi Suýunçhoja *weliahd* edip bellenýär. Ýöne ol Köçkinçi handan öň aradan çykanlygy üçin hanlyk tagtyny eýelemek oňa nesip etmedi. Ýöne XVI asyryň 40-njy ýyllaryndan başlap özara dawalar netijesinde bu däp bozulýar. Indi tagt atadan çaga miras bolup geçýän bolýar.

**Ýerli dolandyryş**

Ýokarda nygtalyşy ýaly, şeýbanylar döwründe hanlyk welaýatlara we tümenlere bölünipdir. Welaýatlar, esasan, dinastiýanyň görnükli wekilleriniň arasyndan bellenen häkimler tarapyndan dolandyrylypdyr. Häkimler hem merkezdäki ýaly özleriniň dolandyryş edarasyny düzüpdirler.

Soňluk bilen, merkezi häkimiýet gowşansoň, käbir güýçli taýpa başlyklary – *emir*ler hem şu wezipä bellenipdir. Tümenleri tümen *häkim*leri dolandyrypdyr. Dolandyryşyň iň aşaky ulgamy *emläk* diýlip atlandyrylypdyr (ýagny birnäçe uly-kiçi obadan ybarat dolandyryş gurluşy). Emläkleri tümen häkimi tarapyndan bellenen şahs – *emläkdar* dolandyrypdyr.

Emläk dolandyryşy administrasiýasy *emläkdar, mürze (kätip), mirap* (suw paýlaýjy), *emin* (salgyt ýygnaýjy) we *aksakgaldan* (her bir obanyň başlygyndan) ybarat bolupdyr.

**Aştarhanylar döwründe döwlet dolandyryşyndaky käbir özgerişler**

Aştarhanylar döwründe döwlet dolandyryşy öz gurluşy, mazmuny taýdan şeýbanylar döwründäkiden tapawutly diýen ýaly bolsa-da, käbir özgerişler amala aşyrylýar. Meselem, şeýbanylar döwründe *atalyk* wezipesindäki şahs handan soňky orunda durýan *dewanbegi* wezipesindäki şahsyň derejesine deňleşdirilýär. Bara-bara ol emirler emirine öwrülýär. Şonuň ýaly-da, aştarhanylar döwründe *köşk kutwaly* döwlet wezipesi girizilipdir. Ol döwlet serişdesiniň hasabyna amala aşyrylýan gurluşyk, galanyň diwarlaryny we ymaratlary abatlamak, şonuň ýaly-da, abadançylyk işlerini dolandyrýardy.

Şonuň ýaly-da, aştarhanylar döwründe dewanlar ulgamy ýok boldy diýen ýalydy. Merkezde bütin häkimiýet dergahda toplanypdy. Netijede, dewanlar ýerli häkimlikleri dolandyrmak mümkinçiligini elden giderýär. Bu bolsa, öz nobatynda, welaýatlarda bütin häkimiýet



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

welaýat häkimleriň we olary goldaýan ýerli güýçleriň elinde jemlenmegine getiripdir. Bu faktor aştarhanylar döwründe merkezi häkimiýeti ýoga çykardy diýen ýalydy.

?

1. „Döwlet we hukuk esaslary“ predmetinden alan bilimleriňize daýanyp döwlet düşünjesine düşündiriş beriň.
2. Hanlyklarda merkezi häkimiýetiň gowşamagyna ýol berilmezligi üçin nämeler edilmeli däldi?
3. Buhara hanlygynda bar bolan esasy döwlet wezipeleri barada nämeleri bildiňiz?
4. Siziň pikiriňizçe, babalarymyz döwlet dolandyryşynda girizen döwlet wezipeleriniň haýsysyndan häzir hem peýdalanmak mümkin?

Bu günki günde Özbegistanda döwlet dolandyryşynyň iň aşaky organy nähili at bilen atlandyrylýandygyny we nähili şekillendirilýändigini anyklap geliň.

## 10-§. Buhara hanlygynda harby iş

**Hanlyk goşunynyň gurluşy**

Mälim bolşy ýaly, her haýsy döwletiň syýasy abraýy köp tarapdan goşunynyň güýjüne baglydygyny taryh subut eden hakykatlardan biridir. Şonuň üçin şeýbanylar hem öz döwrüne laýyk güýçli goşun düzmegi başarypdyrlar. Goşun şol döwürde peýdalanylan harby gural-ýaraglaryň ähli görnüşinden ussatlyk bilen peýdalanyp bilipdir.

Goşun düzümine görä, esasan, *atly* we *pyýada esgerler*den ybaratdy. Gurluşyna görä, *kalb, sag* we *çep ganat, maňlaý* (awangard), *öňdebaryjy, maňlaý garawul, tugçy, hirawul* ýaly böleklere bölünipdir. Goşun gurluşy we onuň harby ýörişleri döwründäki hereketi ulgamly we tertipli bolupdyr. Goşunyň esasyny sag ganat (*barongor*) we çep ganat (*jawongor*), hem-de *hirawul* (arka bölek) ownuk bölümlerinden ybarat *kalb*, ýagny merkezi bölek düzüpdir. Goşun harby ýöriş başlan wagtda onuň öňünde öňdebaryjy diýlip atlandyrylýan bölek barypdyr. Onuň wezipesi ýoluň howpsuzlygyny, bukuda goşun bar-ýoklugyny anyklamakdy. Öňdebaryjydan soň maňlaý (awangard) barypdyr. Oňa kalby duşmanyň tötänden edilýän hüjüminden saklamak ýüklenipdir. Goşunyň garawul bölegi umumy goşuny gorap barypdyr.

*Uly we kiçi gullar* bolsa ýörite bölüm bolup, ýokary baş serkerde (han) we serkerdeleri gorapdyr. *Çanah* bolsa goşunyň sag we çep ganatlaryny goraýan ýörite bölümdi. Ähli bölümleriň arasynda *ýörite*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*çaparlyk gullugy* guralypdyr. Bu gulluk ýokary baş serkerdäniň buýruklaryny we görkezmelerini serkerdelere ýetirip durýardy.

Goşunyň düzüminde *tugçy* bölüm hem bolup, ol döwlet baýdagyny gorapdyr. Mundan daşary, *zabongiri* (duşman tarapyndan ýesir alyp gelýän) hem-de *habargiri* (razwedka) diýlip atlandyrylýan ýörite ownuk bölümler hem bolupdyr. Käte ýagdaý talap edende bu ýörite gulluklar goşunyň öňdebaryjy ýa-da garawul bölegi tarapyndan hem amala aşyrylypdyr. Harby hereket wagtynda ýokary baş serkerde üçin ýörite resmi kabul dessury geçirilýän ýer – **borgoh** hem taýýarlanypdyr. Borgoh hanyň ýörite seçilip alnan ownuk bölümi tarapyndan goralypdyr.

### Goşunyň dolandyrylyşy, harby wezipeler

Han goşunyň ýokary baş serkerdesidi. Goşunyň sag we çep ganatlary hem-de kalb şeýbany soltanlara we şazadalara tabşyrylypdyr. Meselem, 1512-nji ýylda Gijduwanda şeýbanylar bilen sefewileriň arasyndaky aýgytlaýjy söweşde şeýbanylar goşunynyň kalb bölegine Ubaydulla Soltan, sag ganata Şeýbany hanyň ogly Muhammet Temur, çep ganata Köçkinçi hanyň ogly Abu Said Soltanlar serkerdelik edipdirler.

Goşunda *tavoc* wezipesine bellenen emeldar harby esgerlerçi toplamak, olary harby ýörişe taýýarlamak meselesi bilen meşgullanypdyr şonuň ýaly-da, ol goşunyň maddy üpjünçiligi üçin hem jogapkär bolupdyr.

*Jewaçy* wezipesinde gulluk eden emeldar bolsa goşuny gural-ýarag bilen üpjün etmek meselesi bilen meşgullanypdyr. Şol bir wagtda, ol hanyň gural-ýaragy üçin hem jogapkär bolupdyr.

Ýokary baş serkerdebaşynyň we serkerdeleriň aýratyn tabşyryklary *ýasawul* diýlip atlandyrylýan ofiser tarapyndan ýerine ýetirilipdir.

Han *gurçy* tarapyndan goralypdyr. Ýalawbardar bolsa döwlet baýdagyny göterip barypdyr.

*Korhana başlygy* wezipesinde gulluk eden harby bolsa harby ýaragçylyk ussahanasyna ýolbaşçylyk edipdir. Däbe görä, goşun esgerleriň sanyna garap bölünipdir. Olara onbaşy, ellibaşy, ýüzbaşy we müňbaşylar baştutanlyk edipdirler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gural-ýaraglar**

Goşun *ok we ýaý, naýza, palta, gylyç, galkan, çakmar* ýaly ýaraglar bilen ýaraglandyrylypdyr. Ok we ýaý esasy ýaragdy. Olar hüjüm wagtynda hem, şäher ýa-da gala goralanda hem ynamy doly ödäpdir.

Ýaý (keman) oky ýerleşdirilip goýulýan gurluş *sadak* diýlip atlandyrylypdyr. Esgeriň özüni özi gorap bilmeginde *sowut* we *dubulga* möhüm rol oýnapdyr.

*Tofang* (tüpeň) bilen ýaraglandyrylan topar *tofandoz* diýlip atlandyrylypdyr. Goşunda tofangy hemişelik ýagdaýda ulanmak XVI asyryň ortalaryndan başlanypdyr. Bu döwrüň tüpeňleriniň stwoly misden taýýarlanypdyr. Soňluk bilen olar Osmanly döwletiniň stwoly demirden ýasalan tüpeňleri bilen çalşyrylypdyr. Ýöne bütin XVII asyrda hem ok-ýaý atly esger üçin esasy ýarag bolmagynda galypdyr. Harby ýöriş çaglarynda atlary oklardan goramak üçin atlaryň üstüne *kejim* diýlip atlandyrylýan ýörite ýapynja ýapypdyrlar. Şeýle ýapynja Ýewropadan hem getirilipdir.

Harby hereketlerde *naftandoz* (nebiti ýandyryp atýan) we *manjanak* (daş oklaýjy) ýaraglar, esasan, şäheri ýa-da galalary gabanda, şonuň ýaly-da, duşmanyň goşunynyň hataryny tozduryp goýbermekde ulanylypdyr.

Çeşmelerde aýdylyşy ýaly, hanlygyň goşunynda *puşka*lar hem bolupdyr. Aştarhanylar hökümdarlygy döwründe hanlygyň ykdysady ösüşi barha peselipdir. Munuň esasy sebäbi merkezi häkimiýetiň ahyrynda güýçsüz bolup galmagy netijesinde syýasy dagynyklyk bolanlygydyr. Ykdysady pese gaçma netijesinde aştarhanylar döwründe hanlyk regulýar goşun saklap bilmändir.

1. Goşunyň görnüşleri barada nämeleri bildiňiz?
2. Goşunda gulluk eden tugçy, ýalowbardor, tawaçy, ýasawul we jewaçy wezipesindäki harbylar nähili işler üçin jogapkär bolupdyrlar?
3. Goşun gural-ýaraglaryň nähili görnüşleri bilen ýaraglandyrylypdyr?

Mekdebiňizdäki „Çagyryşa çenli bolan başlangyç taýýarlyk“ mugallymynyň kömeginde bu günki Özbegistanyň armiýasynyň nähili düzüm böleklerden düzülendigini anyklap geliň!

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 11-§. Buhara hanlygynda sosial-ykdysady durmuş

**Ýer eýeçiligi gatnaşyklary**

Şeýbanylar Mawerannahra täze önümçilik gatnaşyklaryny getirmändirler. Tersine, temuriler döwründe şekillenen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kabul edipdirler we oňa uýgunlaşypdyrlar.

Hanlykda ähli ýerler döwlet emlägidi. Bu emläk *mamlakai patyşa* ýa-da *mamlakai soltan* diýlip atlandyrylypdyr. Ýere eýelik etmek hanyň ygtyýaryndadY. Han döwlet ýerlerini *mülki has, mülki halys* (mülki hür), *mülk* we *wakf* ýerleri şeklinde paýlanypdyr.

Hut hanyň özüne degişli ýerler *mülki has* diýlip atlandyrylypdyr. Bu ýerden alnan girdeji hanyň harajatlaryna hem-de wakflara haýyr-ygsan üçin sarplanypdyr.

*Mülki halys* döwletden ýer satyn almak arkaly emele gelipdir. Ýöne bu aňsat däldi. Çünki şerte görä, döwletden ýer satyn alan adam şu ýeriň 2/3 bölegini döwletiň ygtyýarynda galdyrypdyr. Özüne galan 1/3 bölek ýer onuň emlägi hasaplanypdyr we döwlete salgyt tölemekden azat edilipdir.

Emläk ýer bolsa *suýurgal* we *tanho* şeklinde bellenipdir. Meselem, Muhammet Şeýbany han temurilere, temuriler döwrüniň emeldarlaryna degişli ähli ýerleri elinden alypdyr. Olary diňe öz dinastiýasynyň wekillerine bölüp beripdir.

Ýer eýeçiliginiň suýurgal şekli ilki hana onuň eýelerini baknalykda saklap durmagyň güýçli serişdesi bolup hyzmat edipdir. Muhammet Şeýbany han islän wagtda welaýat häkimleriniň ýerini çalşyryp bilýärdi. Merkezi häkimiýete azajyk boýun egmezlik eden suýurgal eýesini şeýle hukukdan mahrum edýärdi. Wagtlaryň geçmegi bilen suýurgalyň atadan çaga miras bolup geçmegi kesgitlenipdir.

1512-nji ýylda şeýbanylar Mawerannahry ikinji gezek eýelänsoň, şeýbany soltanlar ýurduň welaýatlaryny gaýtadan paýlamagy şeýbanylaryň iň abraýly wekili Janibek Soltana tabşyrýarlar. Onuň islegine görä, Samarkant Köçkinçi hana, Daşkent welaýaty Su-ýunçhoja, Buhara we onuň töwerekleri Ubaýdulla Soltana miras emläk edip berildi. Miýankol welaýaty Janibek Soltanyň özüne ýetýär.

Çäkleriň ýakyn garyndaşlaryna bölüp berilmegi ýurtda ýeke-täk dinastiýa maşgala hökümdarlygyny üpjün edýär. Ýurduň eýeleri öz çägindäki goşuna hem serkerdelik edýärdiler. Şeýlelikde, goşun hem, ýokary harby wezipeler hem dinastiýa wekilleriniň elinde jemlenýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýöne suýurgal mülkler bara-bara merkezi häkimiýetden özbaşdak bolmaga ymtylýan güýçleriň güýçlenmegine sebäp bolýar. Wagtyň geçmegi bilen bolsa olar hana hem boýun egmeýärler. Şeýbanylar döwründe emläk eýeçiliginiň ikinji şekli – *tanho* hem emele gelipdir. Şeýbanylara çenli bar bolan ýer eýeçiliginiň ikta görnüşi täzeçe at – tanho (tanaho) ady bilen saklap galyndy. Ol döwlet işgärlerine, harbylara, şonuň ýaly-da, kiçi döwlet emeldarlaryna döwletiň öňündäki wepaly hyzmatlary üçin berlipdir.

Tanho ýer alanlar *tanhodarlar* diýlip atlandyrylypdyr. Tanhonyň göwrümi, tanhodaryň hyzmatyna laýyk birnäçe maşgaladan ýa-da birnäçe obadan ybarat bolupdyr. Tanho diňe bir ekin ekilýän ýer däl, eýsem tanhonyň çäginde ýerleşýän degirmen we ýagjuwazlardan gelýän girdejiler hem goşup berlipdir. Şeýdip, ýer eýeleriniň täze gatlagy şekillenýär. Ýöne tanho tanhodaryň hususy emlägi hasaplanmandyr. Tanhodar döwlet gullugyndan gidende ýa-da aradan çykanda tanho ýerleri başga döwlet gullukçysyna berlipdir.

Şeýbanylar döwründe wakf ýer-emläginiň göwrümi barha artypdyr.

**Şeýbanylaryň geçiren özgertmeleri**

Ýerleriň dürli şekillere bölünmegi gönüden-göni döwlet gaznasyna düşýän salgyt girdejileriniň kemelmegine getirip başlaýar. Salgyt düşüminiň kemelmegi şeýbanylary oba hojalygyny ösdürmek üçin ençeme çäreleri görmäge mejbur edýär. Salgytlaryň agyrlygyndan we mülkdarlaryň jebir-süteminden, şonuň ýaly-da, ýurduň içersindäki birahatlykdan özleri ýaşap gelen ýerlerden gaçyp giden daýhanlar we maýda ýer-mülk eýeleri tapyp gelinýär hem-de ýerleri gaýtaryp berlipdir. Ýeri önümçilige girizmekde olara döwlet tarapyndan kömek berilýär.

Muhammet Şeýbany han hanlygyň ykdysadyýetini tertibe salmak we söwdany ösdürmek maksadynda 1507-nji ýylda pul özgertmesini hem geçirýär. Oňa görä, tä şu wagta çenli dolanyşykda bolan dürli ölçegdäki we agyrlykdaky teňňeleriň ýerine agramy birmeňzeş – 5,2 gram bolan täze kümüş we mis teňňe zikgelenipdir. Temuriler döwründe bir sany kümüş teňňäniň agyrlygy 4,8 gram bolup, onuň bahasy alty sany mis teňňä deňdi. Özgertmeden soň 5,2 gramlyk kümüş teňňäniň bahasy 24 sany mis teňňä deň bolupdyr.

Bu özgertme, şol bir wagtda, daýhanlaryň salgyt tölemek mümkinçiligini artdyrmaga, döwlet emlägini köpeltmäge hyzmat edipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Mis teňňe. XVI asr

Şeýbany han tarapyndan amala aşyrylan bu we başga çäreler, öz mazmunyna görä, merkezi häkimiýeti berkitmäge hyzmat edipdir.

Şeýbany Abdulla han II geçiren pul özgertmesi hem Buhara hanlygynyň taryhynda möhüm ähmiýete eýe bolýar. Ol bu özgertmäni geçirende kümüşiň nyrhynyň ýokarlanandygyny hasaba alypdyr. Özgertmä görä, täze kümüş teňňäniň bahasy 30 sany, könesi bolsa 27 sany mis teňňä deňleşdirilipdir. Abdulla han II-niň pul özgertmesi sebäpli kümüş teňňe köp mukdarda çykarylypdyr. Netijede, nyrhy ýokarlanan kümüşiň köp mukdarda başga döwletlere çykyp gitmegi çäklendirilipdir. Ol altyn pul zikgelemegi hem ýola goýýar we onuň düzümine bahasy pes bolan başga magdanlaryň gatyşdyrylmazlygyna berk gözegçiligi ýola goýupdyr. Bu pullar hanlygyň bütin çäginde dolanyşyga giripdir. Bu özgertme, öz nobatynda, häkimiýetiň merkezleşmegine, hazyna uly girdeji düşmegine getiripdir. Şonuň ýaly-da, içki we daşary söwda-satyk ýene-de ösmegi üçin amatly şert döredipdir.

**Ykdysady durmuş**

Şeýbanylar döwründe-de daýhançylyk ykdysadyýetiň öňdebaryjy pudagy bolmagynda galypdyr. Onuň ösüşi emeli suwaryş bilen bagly meseleleriň nähili üstünlikli çözülişine baglydy. Şonuň üçin hem bu meselä uly üns bilen garalýar. Dinastiýa wekilleri Sangzor, Çyrçyk, Syrderýa, Amyderýa, Wahş we Murgap derýalarynyň mümkinçiliklerinden önümli peýdalanmagyň çärelerini görýärler.

Kaşgaderýanyň goşantlaryndan Keş welaýatynyň ýerlerini suwarmak üçin 10-dan artyk kanallar gazylýar. Emeli suwaryş işleri, aýratynam, Abdulla han II döwründe giň ösüpdir. Meselem, 1556 – 1585-nji ýyllaryň aralygynda Zerewşan derýasynda ençeme suwaýrytlar, köp suw howdanlary gurulýar. Nurata tümenindäki Akçabyň golaýynda Beklarsaý deresinde ýerleşýän gadymky bendiň galyndylarynyň ornunda ullakan bent – Abdulla han bendi gurulýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Zerewşan derýasynda gurlan köpri – suwaýryt



Abdulla han bendi

Onuň gümmezlerini bendiň depesinde durup açmak ýa-da ýapmak mümkindi. Abdulla han bendine 1 million 200 müň kub metr suw toplanypdyr.

Abdulla han II kerwen ýollaryny gaýtadan dikelmek, sardobalar, bazarlar, kerwensaraýlar gurmak we abatlamak meselesine-de aýratyn üns beripdir. Hususan-da, 1577-nji ýylda Buharada iri, üsti ýapyk bazar – tim gurulýar. Bu desga Abdulla hanyň timi diýlipdir.



Abdulla hanyň timi



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Salgyt we borçlar**

Hanlykda esasy salgyt suwarylýan ýerden alynýan *hyraç*dy. Ol girdejiniň 30 göterimden 40 göterim çenlisini düzýärdi. Döwlet edaralary, goşun we hanyň maşgalasynyň harajatlarynyň öwezini dolmak üçin tölenýän salgyt *ihrajat* diýlip atlandyrylýardy. Ilatyň emläginden alynýan salgyt – *zekät*, hökümdar üçin ýygylýan ýörite salgyt – *zobitana*, harby salgyt – *madadi leşger* diýlip atlandyrylýardy. Döwlet pula mätäç bolanda adatdan daşary salgytlar hem girizilipdir.

Ilata döwletiň öňünde ýerine ýetirmegi hökman bolan *ýasak* diýlip atlandyrylýan zähmet borjy hem ýüklenipdir. Bu borç ilaty kanallar, drenažlar gazmaga, ýol we köprüleri gurmaga, ot-iým taýýarlamaga çekmegi nazarda tutupdyr. Özara uruşlar köpelip giden ýyllarda salgytlar birnäçe ýyl üçin öňünden alynýardy. Agyr ýyllarda ilata hatda *jizýa* – jan başy salgydy salynýardy.

1. Buhara hanlygynda ýer eýeçiliginiň nähili görnüşleri bolupdyr we olar nähili şekillendirilipdir?
2. Mülki halys nähili tertipde şekillendirilipdir?
3. Suýurgal ýer eýeçiliginiň erbet netijeleri barada nämeleri bildiňiz?
4. Şeýbany han we Abdulla han II geçiren pul özgertmelerini bir-biri bilen deňeşdiriň we netijeleriňizi beýan ediň.
5. Buhara hanlygynda oba hojalygyny ösdürmek üçin amala aşyrylan işleri aýdyp beriň.

Aşakdaky soraglara jogap tapyp geliň:

1. Özbegistan Respublikasynda pul özgertmesi haçan geçirildi?
2. Öňki zamanlarda bolşy ýaly, häzirki günde-de hemme ýer döwlet emlägi. Özbegistanda şu emläkden häzirki günde nähili şekillerde peýdalanylýar?

## 12-§. Buhara hanlygynyň daşary syýasaty

**Buhara hanlygy we Russiýa gatnaşyklary**

Buhara hanlygynyň Russiýa bilen gatnaşygy XVI asyryň ikinji ýarymyndan ösüp başlaýar. Abdulla han II Russiýa bilen söwda aragatnaşyklaryny gowylandyrmaga çalyşmak bilen, bu arkaly öz döwletiniň syýasy ýagdaýyny berkitmegi-de gazanmakçydy. Çünki patyşa Iwan Groznyý döwründe Russiýanyň ýagdaýy ýo-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE


Iwan Groznyý

karlanýar. Hususan-da, Kazan hanlygy (1552-nji ýyl), Hajytarhan hanlygy (1556), Wolga boýlary we Günbatar Sibir çäkleri Russiýa tarapyndan basyp alynýar. Bu ýagdaý Russiýa söwda ýollaryny gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär.

Wolganyň töweregindäki welaýatlarda söwda-satyk işlerini alyp barmak Buhara hanlygyndan gelen söwdagärler üçin ep-esli amatlydy. Olara iň ýakyn goňşy ýurt Russiýa bolupdy. Galyberse-de, kazan tatarlary, orenburglylar we başgyrtlar bilen din we dil ýakynlygy hem uly ähmiýete eýe bolýar. 1557 – 1558-nji ýyllarda Buhara hanlygyndan Moskwa ilçi iberilýär.

Şol bir wagtda, Russiýa hem Buhara hanlygy bilen söwda-satyk işlerini ösdürmekden bähbitlidi. Bu bähbitlilik ilki bilen hanlyklaryň Russiýanyň harytlaryny satmak üçin amatly bazarlygyndady. Ikinjiden bolsa, Russiýa Orta Aziýa arkaly Aziýanyň başga ýurtlary bilen söwda aragatnaşyklaryny ösdürmek mümkinçiligine eýe bolardy. Bu babatda, birinji nobatda, Hindistana çykmak maksady hasaba alynýar. 1555-nji ýylda Moskwada iňlis-rus ykdysady aragatnaşyklarynyň ösmegine hyzmat edýän „Moskwa kompaniýasy“ döredilýär. 1558-nji ýylda kompaniya Russiýa arkaly Gündogara ýol açmak üçin öz ilçisi Antoniý Jenkinsony Buhara iberýär. Ilçi Abdulla han II tarapyndan kabul edilýär. Antoniý Jenkinson ilçiligi netijesinde Russiýa bilen Buhara hanlygynyň arasynda gowy söwda we diplomatik aragatnaşyklar ýola goýulýar.

Russiýa bilen Buhara gatnaşyklarynda Aştarhan (Astrahan) arkaly Buhara hanlygynyň raýatlarynyň Mekke şäherine Haj saparyna barmak meselesi hem möhüm orun tutupdyr. Çünki Horasan arkaly haj saparyna barmakdaky iň amatly ýol Eýran sefewileriniň gözegçiligine geçipdi. Haj saparyna Aştarhan arkaly barmak meselesini çözmek boýunça Buhara hanlygy Osmanly döwleti bilen bilelikde hereket etmegi karar edýär. Bu ýöne ýerden däldi. Çünki Osmanly döwletiniň soltanlary musulman äleminiň halifasy hasaplanýardy.

XVI asyrda ýewropalylar tarapyndan deňiz söwda ýolunyň açylmagy Beýik ýüpek ýolunyň ähmiýetini peseldýär. Şu sebäpli



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Osmanly döwleti hiç bolmanda Aştarhan ýoluny öz gözegçiliginde saklap galmakdan bähbitlidi. Şonuň üçin ahyrky netijede Russiýa garşy harby hereket başlamaga karar edýär. Osmanly soltany muny Haj sapary ýoluny açmak üçin hereket diýip yglan etmegi tebigydyr.

1569-njy ýylda Russiýa bilen Osmanly döwletiniň arasynda uruş başlanýar. Uruşda Osmanly döwleti ýeňilýär. Şeýle bolsa-da, soltan Russiýadan Haj saparynyň ýoluny açyp goýmak talabyny dowam etdirýär. Ahyrky netijede Russiýa 1572-nji ýylda soltanyň talabyny kanagatlandyrýar.

Russiýa – Buhara bähbitleri Sibirde-de çaknyşýar. Çünki, Günorta-günbatar Sibir Şeýban ulusynyň düzümine girýärdi.

1563-nji ýylda Abdulla han II-niň harby kömegi bilen şeýbany Koçim han Sibir hanlygynyň tagtyny eýeleýär.

1581-nji ýylda Russiýa Sibir hanlygyna garşy Ýermagyň baştutanlygynda goşun iberýär. Ilki ol ýeňiş gazansa-da, 1584-nji ýylda şowsuzlyga duçar bolup heläk bolýar. Abdulla han II öz döwletindäki içki gapma-garşylyklary ýok etmek we harby ýörişler bilen meşgul bolanlygy üçin soňluk bilen Koçim hana kömek berip bilmeýär. Şeýle bolsa-da, ol Koçim hana iberen hatynda özara içki gapma-garşylyklary we göreşleri ýatyrmak arkaly hanlygy heläkçilikden saklap galmak mümkinligini sargaýar. Şundan soň Russiýa basyp alan çäkleri gaýtaryp almalydygyny nygtaýar. Ýöne 1598-nji ýylda Russiýa bilen Sibir hanlygynyň arasyndaky aýgytlaýjy söweşde rus goşuny ýeňiş gazanýar.

1598-nji ýylda Abdulla han II we Koçim han aradan çykansoň, Buhara hanlygynyň Sibirdäki syýasy täsiri bütinleý ýoga çykýar. Ýöne söwda-satyk işleri dowam ediberýär.

XVII asyrda Russiýada merkezleşen döwlet emele gelip başlaýar. Asyryň ahyryna gelende Russiýa Ýewropanyň güýçli döwletlerinden birine öwrülýär. Bütinrussiýa bazary şekillenýär. Bu faktorlar Russiýanyň Orta Aziýa hanlyklary bilen söwda gatnaşyklaryny ýene-de ösdürmegi durmuş zerurlygyna öwürýär. Netijede, Russiýa 1620-nji ýyldan 1675-nji ýyla çenli geçen döwürde hanlyklara 4 gezek ilçilerini iberýär. XVII asyrda Orta Aziýa bilen Russiýanyň arasynda söwdada haryt alyş-çalyşy 100 müň rubla ýetýär.

Russiýanyň ilçileri Buhara hanlygy bilen diňe söwda aragatnaşyklaryny giňeltmek meselelerini çözmek bilen çäklenmändir. Hususan-da, 1620-nji ýylda Buhara iberilen Russiýanyň ilçisi I. D. Hohlowa Buhara



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hanlygynyň daşary syýasy ýagdaýy barada maglumat toplamak, Russiýanyň güýç-kuwwatyna hany ynandyrmak, Buhara hanlygynyň ýaragly güýçlerini, hanlygyň hazynasynyň ýagdaýyny jikme-jik öwrenmek, Buhara – Hywa gatnaşyklary meselelerini derňäp çykmak ýaly wezipeler hem ýüklenipdir. I. D. Hohlow özüne ýüklenen wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirýär.

**XVIII asyrda Buhara – Russiýa gatnaşyklary**

XVIII asyrda Buhara hanlygy bilen Russiýanyň arasyndaky gatnaşyklarda täze döwür başlanýar. Bu döwre gelip Russiýanyň Orta Aziýa hanlyklary, şol sanda, Buhara hanlygy bilen söwda-satyk aragatnaşyklarynda kemsitme syýasaty ýöredilip başlanýar. Hususan-da, paç töleginiň mukdary artdyrylýar.

Şol bir wagtda, syýasy maksatlary amala aşyrmak, tebigy baýlyklara göz gezdirmek keýpi barha güýçlenýär. Russiýany, aýratynam, Orta Aziýanyň altynlary hem gyzyklandyryp başlaýar.

Pýotr I Buharany syýasy taýdan Russiýa deň döwletler däl diýip hasaplaýar we amalda oňa basyş edip başlaýar.

Şu maksatda 1718-nji ýylda Irtyş derýasynyň kenarynda ýedi galadan ybarat şäher (Semipalatinsk) gurdurýar. Bu bolsa Buhara hanlygyny aladalandyrýar. Şonuň üçin hem Abulfaýz han Russiýa ilçi iberýär. Ol öz hatynda Buhara Russiýanyň ilçisi iberilmegini hem soraýar. Muňa jogap edip Russiýanyň hökümeti 1721-nji ýylda Florio Beneweni ilçi edip iberýär. Russiýanyň ilçisine Orta Aziýa eltýän suw we gury ýer ýollaryny öwrenmek, rus söwdasyny giňeltmek mümkinçiliklerini anyklamak, Buhara hanyny Russiýa bilen ýaranlyk düzmäge razy etmek, hana rus gwardiýaçylaryny teklip etmek; nirede näçe altyn känleriniň barlygyny anyklamak we olary karta düşürmek; hanlykdaky galalaryň we goşunyň ýagdaýyny öwrenmek hem-de hanlygyň içki ýagdaýyny, şonuň ýaly-da, Eýran, Hywa we Osmanly bilen özara gatnaşyklaryny öwrenmek wezipeleri hem ýüklenýär.

F. Beneweni Buharada 3,5 ýyl ýaşaýar we öz öňüne goýlan meseleler boýunça gymmatly maglumatlary toplamagy başarýar we 1725-nji ýylda Peterburga gaýdyp gelýär.

Pýotr I-niň ýurdumyzy basyp almak niýetleri ol dirikä amala aşmadyk bolsa-da, soňluk bilen yzdaşlary tarapyndan amala aşyrylýar.

**Buhara – Eýran gatnaşyklary**

Buhara bilen Eýranyň bähbitleri çaknyşan esasy çäk Horasan bolýar. Munuň sebäbi Horasanyň harby-syýasy we söwda-ykdysady taý-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dan möhüm ähmiýete eýeligindedi. Mundan daşary, Horasan Buhara hanlygy, Eýran we Hindistan ýönelişinde özboluşly derweze wezipesini hem ýerine ýetirýärdi. Horasany gözegçilik etmek meselesinde şeýbanylar bilen sefewileriň arasynda ýiti göreş gidýär. Bu meselede Muhammet Şeýbany han, Ubaýdulla han we Abdulla han II hökümdarlygy döwründe şeýbanylar üstündiler. Hususan-da, Abdulla han II Horasanyň Merw, Nişapur we Maşat ýaly iri şäherlerini eýeleýär.

Abdulla han II Eýrana garşy göreşde Osmanly döwleti bilen ýaranlyk düzmäge synanyşýar. Ýöne maksadyna ýetip bilmeýär we ahyrky netijede Eýran Horasany Mawerannahrdan bölüp taşlaýar.

Aştarhanylar döwründe hem Eýran bilen gatnaşyklar ýitiliginde galýar. 1740-njy ýylda bolsa Eýran Buhara hanlygyny tabyn döwlete öwürmegi gazanýar.

### Buhara – Hindistan gatnaşyklary

Hindistandaky Baburylar soltanlygy bilen Buhara hanlygynyň arasyndaky özara gatnaşyklaryň ornaşdyrylmagy Babur we Köçkinçi hanlaryň ady bilen bagly. Köçkinçi han hökümdarlygy döwründe Buhara hanlygy Baburylar döwletini ykrar edýär. Onuň bilen söwda we ilçilik gatnaşyklaryny ýola goýýar.

Buhara ilçisi han tarapyndan Babura Mawerannahryň meşhur kişmişlerinden, subhoni eriklerinden we başga seýrek nygmatlaryndan ybarat sowgatlary bilen bile 200 sany gowy at hem getirýär. Öz nobatynda, Babur hem Buhara hanlygyna ilçiler iberýär. Iki döwletiň arasyndaky şeýle gatnaşyklar soňky şeýbany we Babury hökümdarlar döwründe has-da giňelýär. Hususan-da, Abdulla han II sefewilere garşy göreşde Baburylar bilen bile hereket etmäge çalyşýar. Şu sebäpden Abdulla han II Ekber şanyň huzuryna birnäçe gezek ilçilerini iberýär. Abdulla han II Ekber şa Eýrany özara paýlaşyp almagy teklip edýär. Ýöne Ekber şa muňa razy bolmaýar. Çünki Ekber şa raýatlary dürli din we dini ugurlara uýýan döwletleriň bir-birine takat edip ýaşamaklarynyň tarapdary hem-de


Ekber şa



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dini bagrygiňligi döwlet syýasaty derejesine galdyran hökümdardy. Galyberse-de, ol Eýran bilen hem gowy gatnaşykdady.

1586-njy ýylda Ekber şa Abdulla han II-ä ýollan hatynda Osmanly döwleti Eýranyň bir bölegini basyp alanlygyndan aladalanýandygyny beýan edýär. Şol bir wagtda, Buhara we Hindistan bilelikde Eýrana kömek etmek zerurdygyny nygtaýar. Ýöne Eýran şeýbanylar döwletini özüniň esasy bäsdeşlerinden biri diýip hasaplap gelýändigi üçin Abdulla han II Ekber şanyň teklibine razy bolmaýar.

Babury hökümdarlar Şa Jahan we Aurangzeb Alamgirler hökümdarlygy döwründe aştarhanylar bilen söwda-satyk aragatnaşyklary dowam edýär.

1. Nähili faktorlar Buhara bilen Russiýanyň arasyndaky söwdanyň ösmegine hyzmat edipdir?
2. Buhara – Russiýa bähbitleri çaknyşan meseleleri aýdyp beriň.
3. XVIII asyrda Russiýa – Buhara gatnaşyklarynda näme sebäpden özgeriş bolup geçdi?
4. Buhara – Eýran gatnaşyklary barada nämeleri bildiňiz?
5. Buhara – Hindistan gatnaşygyna degişli esasy taraplary bellik ediň.

Bu günki günde dostlukly Russiýa Federasiýasynyň Özbegistanda atom elektrik stansiýasyny gurmaga degişli maglumatlary toplap geliň.

## 13-§. Buhara hanlygynda medeni durmuş

### Ylym-bilimiň ösüşi

Şeýbany hökümdarlaryň arasynda hem sowatly, intelligent döwlet işgärleri bardy. Olar medrese tälimini alan, dünýewi we dini bilimleri eýelän şahslardy. Şonuň ýaly-da, özbek, pars we arap dillerini bilipdirler. Aýratynam, şygryýet babatda gaty zehinli bolupdyrlar. Parsçany gazal ýazmak derejesinde kämil eýeläpdirler.

Ylym-bilimiň, edebiýatyň, sungatyň we binagärligiň gülläp ösmeginde dinastiýa wekilleriniň hyzmaty uly bolupdyr. Şeýle bolsa-da, şeýbanylar temuriler döwründe ýurdumyzda ýokary ösen we dünýä ykrar eden ylym-bilime mynasyp mirasdüşer bolup bilmediler.

Şeýbanylar döwründe lukmançylyk, matematika we astronomiýa ýaly ylymlar mälim derejede ösüpdir. Lukmançylyk ylmyndaky ösüş



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

öz zamanasynda „tebipler buýsanjy“ diýlip hormatlanan *Muhammet Mazid*, hirurg mawlana *Bako*, göz kesellerini bejermekde at gazanan *Şaali ibn Suleýman*, „Bejermek boýunça maksatnama“ eseriniň awtory *Soltanali Samarkandy*, „Göz keseline degişli esasy kitap“ eserleri bilen meşhur bolan *Ubaýdullah Kahhol* ýaly beýik alym tebipleriň atlary bilen baglydyr. *Muhammet Emin*, *Babakelan Samarkandy*, mawlana *Kawkawylar* matematika, *Muhammet Hüseýni Buhary* „Kybla tarapyny tapmak bilimi“, *Mahmyt ibn Ahmet Farozy* bolsa „Aý giňişlikleriniň deňligi barada risala“ eserleri bilen astronomiýa ylymlarynyň ösmegine mynasyp goşant goşupdyrlar.

Gynansak-da, aştarhanylar döwründe jemgyýetçilik durmuşynda dini fanatizm giň ýaýrapdyr. Hemmeden dini dogmalara sözsüz uýmak talap edilýär. Bu faktorlar ylym-bilimiň ösmegine erbet täsir edýär. Şeýle bolsa-da, ylym-bilim togtamady.

Hususan-da, Mir Arap medresesiniň müderrisi *Muhammet Şerif Buhary* taryh, fikh, dilçilik, astronomiýa we başga ylymlara degişli 20-den artyk eser ýazyp galdyrandygy munuň delilidir. Olaryň arasynda „Hakana peýdaly maslahatlar“ eseri aýratyn ähmiýete eýe.

Subhanguly hanyň hökümdarlygy döwründe lukmançylyk ylmy ösüpdir. Onuň başlangyjy bilen Buharada „Dor uş-şifo“ gurulýar we näsaglary bejermek işi ýola goýulýar. Lukmançylyga ýöriteleşen medrese gurlup, lukmanlar taýýarlanypdyr. *Subhanguly han*yň lukmançylyga degişli kitaplar jemlenen seýrek kitaphanasy bolupdyr. Ol „Subhany lukmançylygy boýunça bejermek“ atly kitaby hem ýazyp galdyrypdyr.

**Taryhçylar**

Şeýbanylar döwründe taryh ylmy ugrunda köp iri eserler döredilýär. Olaryň arasynda *Kemaliddin Binaiýniň* „Şeýbanynama“, *Muhammet Salyh*yň „Şeýbanynama“, *Muhammet Haýdar*yň „Taryhy Raşidiý“, *Fazlullah ibn Rozbehan*yň „Myhman-namaýi Buhara“, *Hafiz Taniş al-Buhary*nyň „Abdullanama“, („Şarafnamaýi şahsy“), *Soltan Muhammet Hafiz Daşkendi*niň „Taryhy jadidaýi Toşkand“ ýaly eserleri şolara degişlidir.

*K. Binaiý*niň „Şeýbanynama“ eseri Deşti Gypjagyň we Maweranna-hryň XV asyryň ortalaryndan XVI asyryň başlaryna çenli bolan döwür wakalaryny öz içine alýar. Şeýle hem, şeýbanylar bilen Eýran sefewileriniň arasyndaky gatnaşyklar barada möhüm maglumatlary berýär.

*Muhammet Salyh*yň „Şeýbanynama“sy bolsa özbek dilinde ýazylan eser bolup, ol Şeýbany hanyň harby ýörişlerine bagyşlanan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

„Abdullanama“ eseriniň awtory şu eserini Çingiz hanyň Mawerannahra çozuşy, çingiziler hökümdarlygynyň ornaşdyrylmagy, Deşti Gypjakda Abulhaýrhanyň döwletiniň dörediliþine, Şeýbany hanyň harby ýörişlerine, ol aradan çykandan soň Mawerannahrda emele gelen ýagdaý, Abdulla han II-niň ýurdy syýasy taýdan birleşdirmek ugrunda alyp baran göreşiniň taryhyna bagyşlapdyr.

XVII – XVIII asyryň birinji ýarymynda hem Buharada taryh ylmy ugrunda ençeme taryhy eserler ýazylýar. Hususan-da, *Muhammet Ýusuf Munşiý*niň „Taryhy Mukimhanyý“, *Muhammet Emin Buhary*nyň „Ubaýdullanama“ we *Abdurahman Tole*niň „Abulfaýz hanyň taryhy“ ýaly eserleri şolara degişlidir.

**Edebiýat**

Bu döwrüň edebiýatynda *Muhammet Şeýbany han*, onuň ýegeni *Ubaýdulla han*, *Kemaliddin Binaiý*, *Muhammet Salyh* we başgalar aýratyn orun tutýar.

Ömrüniň esasy bölegini söweşdir jedellerde geçiren Muhammet Şeýbany han, şol bir wagtda, şygryýet bilen hem meşgullanýar. Ol özünden ýokary derejeli çeper eseri miras edip galdyrypdyr. Onuň eserleri dünýäniň dürli ýurtlaryna äkidilipdir. Meselem, onuň bitewi goşgulary toplumy – „Dewan“i Stambul şäheriniň kitaphanasynda saklanyp gelinýär.

Muhammet Şeýbany hanyň goşgularynda, aýratynam, Samarkant we Buhara şäherlerini iň köp wasp edipdir. Meselem, bir goşgusynda Samarkandy jennete deňeýär. Ol goşgularynyň birinde ony şeýle wasp edýär:

*Gitmedi köňülden hiç didary Samarkandyň,*
*Gözümdin uçar her dem gülzary Samarkandyň.*
*Her näçe şirin bolsa-da dünýäde gözel, emma*
*Ählisinden bolar gowy nähoşy Samarkandyň.*

Buhara şäherini bolsa Käbe derejesinde beýgeldýär.

Muhammet Şeýbany hanyň ýegeni Ubaýdulla han özüniň gazallary, rubagylary, kytgalary we tuýuklary (dörtlemeleri) bilen şygryýetiň ösüşine uly goşant goşupdyr. Ol „Ubaýdiý“, „Ubaýdullo“ we „Gul Ubaýdiý“ lakamlary bilen döredijilik edipdir:

*Mätäje el uzatmak – asly keramat şuldyr,*
*Bir işki, ýok yzynda melamat – şuldyr.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Her iki jahanda, soliko, iýmany*
*Çyn halasgär ruhy salamat şuldyr.*

Ol pars we arap dillerini gowy bilýänligi üçin şu dillerde hem döredijilik edipdir. Özbek, pars we arap dillerindäki goşgularyny üç diwanda toplaýar. Soňluk bilen olar bir jiltiň içine jemlenýär we ol „Kulliýat“ diýlip atlandyrylýar.

Rubagyçylygyň *Babur Mürze*den soňky ösüşi Ubaýdulla hanyň ady bilen bagly. Ol şol bir wagtda *Ahmet Ýassawy* esaslandyran hikmetşynaslyk däbini ösdürýär. Ondan 220-den artyk hikmet miras galypdyr.

*Muhammet Şeýbany han, Abduleziz han we Abdulla han I–II*-leriň kitaphanalary öz zamanasynyň ajaýyp kitap hazynasy bolupdy.

XVII–XVIII asyryň birinji ýarymy edebi gurşawynda *Bediliň* (asly ady Mürze Abdulkadyr, 1644–1721) orny uly. Ol keşli (Şährisebz). Delide aradan çykypdyr. Onuň iri eseri – „Dört unsur“ prozada ýazylan bolup, onda howa, suw, ýer, ot barada, şonuň ýaly-da, ösümlikler, haýwanlar we adamyň gelip çykyşy barada öz garaýyşlary beýan edilýär. Ol goşgularynda jemgyýetdäki jebir-sütem, adalatsyzlyk ýaly nogsanlary ýazgarýar. Bedil „Abulmaoniý“ („Manylaryň atasy“) ady bilen şöhrat gazanypdyr.

Bu döwrüň edebiýatynyň iri wekillerinden ýene biri şahyr *Saýida Nasafy*dy. Ol Nasaf (Karşy) şäherinde doglan. Döwürdeşleri ony „Buhara şahyrlarynyň tagtynda soltan“ diýip beýgeldipdirler.

Ony meşhur eden „Haýwanatnama“ atly kinaýaly pikirli eseridi. Nasafy bu eserinde haýwanlaryň keşbi arkaly aristokratlaryň we emeldarlaryň zähmetkeş halka geçiren jebir-sütemlerini, olaryň parahorlygy we ruhy binamyslyklaryny paş edýär. Möjek we şir tymsalynda aristokratlaryň ýyrtyjylykdan ybarat asyl keşplerini açyp taşlaýar. Eserde şir ähli haýwanlaryň üstünden ýeňiş gazansa-da, zähmetkeş halkyň tymsaly bolan garynjadan ýeňilýär.

Bu döwrüň edebiýatynda *Turdy Faragy* hem mynasyp orun eýeleýär. Turdy jemgyýetdäki adalatsyzlyklary, Subhanguly hanyň halky agyr salgytlara düçar edenligini we şonuň netijesinde halkyň çekýän azap-görgülerini gönümel tankyt etmegi başarýan edermen şahyrdy:

*Iýdiňiz ähliňiz itdeý raýatyň etini,*
*Gasb bilen malyn alyp, goýmadyňyz bitini.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Turdy halkyň dilinden ýurdy weýran eden syýasy dagynyklyk, onuň getirip çykaran gyrgynçylykly uruşlary länetläpdir. Uruglary we taýpalary birleşdirmäge we özara hyzmatdaşlyk etmäge çagyrypdyr. Urug aksakgallaryny (ýaşulularyny) we bekleri agzybir bolmaga ündäpdir.

Bu orunda Turdynyň „Dar göwünli bekler“ goşgusy aýratyn ähmiýete eýe:

*Dar göwünli bekler, men-men diýmäň, giňlik ediň,*
*Togsan iki bowly özbek ýurdudyr, deňlik ediň...*

**Binagärlik**

Şeýbany hökümdarlar paýtagt Buhara we onuň töwereklerini abat etmäge çalşypdyrlar. XVI asyr dowamynda şu döwrüň ähli inženerlik mümkinçilikleri we jemgyýetiň ruhyýeti we medeniýeti derejesine laýyklykda köp binalar, binagärlik toplumlary, desgalar gurulýar.

Olaryň arasynda Buharadaky *Mir Arap*, *Abdulla han*, *Gulbaba Gögeldaş*, *Nadyr diwanbegi*, *Ernazar ilçi*; Samarkantda gurlan *Şeýbany han*, Daşkentde gurlan *Barakhan* we *Gögeldaş* medreseleri binagärçiligimiziň aýdyň nusgalary hasaplanýar. Barakhan medresesi şeýbany hökümdar Suýunçhojanyň ogly Barakhan tarapyndan gurlupdyr. Medresäniň gümmeziniň beýikligi 22 metre ýetýär. Bu medresede ýurdumyzyň garaşsyzlyk ýyllarynda hem uly abatlaýyş işleri amala aşyryldy.

XVII asyrda *Samarkandyň Registan* ansamblynyň häzirki keşbi şekillendirildi. XVI asyryň birinji ýarymynda Samarkant häkimi Ýalaňtoş Bahadyr haraba ýagdaýyna düşen Registan meýdanynda *Ulugbek*



Nadyr diwanbegi



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Registan meýdany

*medresesiniň* garşysynda *Şirdar medresesi*ni, onuň ýanynda bolsa *Tyllakori medrese-metjidi*ni öz serişdeleriniň hasabyndan gurdurypdyr. Ol tylladan işläp bejerilipdir. Samarkandyň Registan ansambly özüniň reňbe-reň haşamly bezegleri, nagyşly portallary, ullakan gümmezleri bilen Orta Aziýa binagärçiliginiň seýrek taryhy ýadygärligi hökmünde dünýä bileleşiginiň we syýahatçylaryň ünsüni özüne çekip gelýär.

**Buhara hanlygynda tälim**

Şeýbanylar tälim ugrunda-da özgertme geçirýärler. Özgertme geçirilmegine emeldarlar toparyny şekillendirmek we olary jemgyýetiň esasy daýanjyna öwürmek zerurlygy sebäp bolýar. Hanlara we soltanlara ähli ugurlar boýunça ylymly, diplomatik ukybyna eýe bolan emeldarlar zerurdy. Özgertmä görä, köp basgançakly okatmak ulgamy girizilýär. Her bir mähellede mekdep açylýar, käbir maşgalalarda öý tälimi girizilýär. Çagalara 6 ýaşdan tälim berilýän bolýar. Mekdepde iki ýyl okansoň, okuwçylar medresä geçirilýärdi.

Medrese tälimi üç basgançakly bolup, onuň her bir basgançagynda 7 ýyldan okalyp we okuw prosesi 21 ýyl dowam edipdir. Okuwçylar ylahyýet ylmy, hasap-hesip, geometriýa, fikh, mantyk, saz, goşgy sungatyndan bilim alypdyrlar.

XVII – XVIII asyrlarda şäherlerde we obalarda köp mekdephanalar iş alyp barypdyr. Oglanlar we gyzlar aýry-aýry mekdeplerde okadylypdyr. Oglanlaryň mekdepleri metjitleriň, medreseleriň, hojalyk ýörediji ussahanalaryň ýanynda ýa-da hususy mekdep maşgalalarynda guralan bolup, metjidiň ymamy ýa-da medresäni tamamlan bilimli adamlar mugallymçylyk edipdirler. Olara damla diýipdirler. Gyzlaryň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mekdepleri gurply adamlaryň ýa-da mugallym aýallaryň öýlerinde guralypdyr. Gyzlary atynaýy, atynbibi, bibihalifa, bibiatyn diýip atlandyrylyp aýal mugallymlar okadypdyrlar. Çagalar mekdebe 6 – 7 ýaşdan berlipdir we olar 5 – 8 ýylyň dowamynda başlangyç bilim alypdyrlar.

Okuwçylara ilki harplar, soň bolsa bogunlar, olary goşmak arkaly söz düzmek, „Haftiýak“ (Gurhany Kerimiň ýediden biri) kitabyny okamak öwredilipdir. Hasap derslerinde sanlar we dört amal öwredilipdir. Okuwçylar Nowaýynyň, Fuzulynyň, Bediliň, Meşrebiň, Saady Şerazynyň, Hafiz Şerazynyň we Sopy Allaýaryň eserlerini, „Çar kitaby“ okap sapak geçipdirler. Gyzlaryň mekdephanalarynda öý-hojalyk ýöretmek, aşpezçilik, edep-ahlak, päkizelik syrlaryny öwrenmäge köpräk üns berlipdir.

Çagalar diňe okamagy doly özleşdirip alanlaryndan soň ýazmaga geçipdirler. Mekdephanalarda synaglar geçirilmändir. Okuwçylara mekdebi tamamlandygy barada resminama-da berilmändir. Çaganyň akgynly okamagy, dogry ýazyp bilmegi, hasap-hesibi bilşi mekdebi tamamlanlygynyň subudy bolupdyr.

Medrese orta we ýokary okuw mekdebi hasaplanypdyr. Medresä mekdephanalary tamamlanlar kabul edilipdir. Medrese tälimi talyplaryň zehinine garap 7 – 12 ýyl dowam edipdir. Buhara hanlygynyň şäherlerinde 150-den artyk medrese bolupdyr. Okuw „Awwali ilm“ diýlip atlandyrylan pars dilindäki okuw gollanmasyny özleşdirmekden başlanypdyr. Soň arap we pars dilinde ýazylan kitaplar okadylypdyr. Olar talyplara muderris tarapyndan türki dilde düşündirilip berlipdir. Soň arap diliniň grammatikasy okadylypdyr. Fikhi (hukuk) öwrenmek mejbury hasaplanypdyr. Hanlykda tälim harajatlary wakf emläginiň girdejileriniň hasabyndan amala aşyrylypdyr.

Üns beren bolsaňyz mekdephanalarda iň möhüm tebigy ylymlar okadylmandyr. Munuň sebäbi, birinjiden, dini fanatizmiň güýçlenenligi bolsa, ikinji tarapdan, hanlygyň daşky aragatnaşygy özi ýaly kem ösen döwletler bilen çäklenenligi hem-de öňdebaryjy Ýewropa döwletleri bilen aragatnaşygy ýola goýup bilmänligidi. Şonuň üçin hem ata-babalarymyz döwrebap, tebigy we tehniki ylymlaryň gazananlaryndan bihabar galýarlar. Netijede, ýurduň takdyry üçin jogapkär bolan hökümdarlar, döwleti arkan, dinastiýa wekilleri ilden çetleşipdiler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. Şeýbanylar döwründe ylym-bilimiň haýsy ugurlary ösüpdir?
2. Taryh ylmy ugrunda döredilen iri eserleri bellik ediň. Olaryň bu günki nesiller üçin ähmiýeti nämede?
3. Subhanguly hanyň lukmançylyk ylmyna goşan goşandy barada nämeleri bildiňiz?
4. Muhammet Şeýbany han we Ubaýdulla hanlaryň şol döwrüň edebiýatynyň ösmegine goşan goşantlary barada aýdyp beriň.
5. Bedil bilen Saýido Nasafynyň döredijiliklerini deňeşdiriň.
6. Turdynyň döredijiligine mahsus taraplary bellik ediň.
7. Näme üçin ata-babalarymyz iň möhüm tebigy we tehniki ylymlaryň gazananlaryndan peýdalanyp bilmändirler?

1. Babalarymyz guran iň meşhur binagärlik ýadygärlikleriniň sanawyny düzüň.
2. Buhara hanlygyndaky tälim ulgamy bilen Özbegistandaky bu günki tälim ulgamyny deňeşdiriň.

## 14-§. Buhara emirliginiň döremegi

### Buhara hanlygynyň döwlet garaşsyzlygyny ýitirmegi

Buhara hanlygynda emele gelen dagynyklyk Eýranyň Buhara hüjüm etmegi üçin amatly şert döredýär. Şonuň üçin hem 1736-njy ýylda Eýran şasy Nedir şanyň ogly Rizagulynyň baştutanlygyndaky goşun Amyderýadan geçýär we ençeme çäkleri basyp alýar.

Şeýle agyr şertde Buhara hany Hywa hanyndan kömek soramaga mejbur bolýar. Hywa hany Ilbars hanyň kömege gelýänligi sebäpli Rizaguly goşuny yzyna gaýtarmaga mejbur bolýar.

1740-njy ýylda indi Nedir şanyň özi Buhara garşy goşun çekýär. Buhara hanlygynda regulýar goşunyň bolmanlygy we öz hanlygynda içki dawalary soňuna çykmak bilen kösenen Hywa hanynyň Buhara kömek berip bilmänligi Nedir şa üçin amatly bolýar.

Munuň üstesine Muhammet Hekimbiý atalygyň ogly Muhammet Rahim Nedir şanyň tarapyna geçip gidýär. Nedir şanyň ýakynlaşyp gelýänliginden howsala düşen Abulfaýz han Karşydan Hekimbiý atalygy çagyryp alýar we Nedir şanyň huzuryna ilçi edip iberýär. Oňa Nedir şanyň Buhara hanlygyny haraba öwürmezlik şertleri



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

barada ylalaşyk gazanmak wezipesini ýükleýär. Hekimbiý bu wezipäniň hötdesinden gelýär.

Buhara Eýran basybalyjylygyna garşy garşy durup bilmänsoň, Abulfaýz han boýun egmegiň şertleri baradaky şertnama gol çekmäge mejbur bolýar.

Şertnama görä, Nedir şa ýokary hökümdar, Buhara hanlygy bolsa Eýrana tabyn döwlet diýlip ykrar edilýär. Şonuň ýaly-da, uly mukdarda olpan tölenýär. Mundan daşary, Buhara hanlygynyň ilatyndan 10 müň adamly goşun toplanyp, Nedir şanyň ygtyýaryna iberilýär. Bu goşuna Muhammet Hekimbiýiň ogly Muhammet Rahim serkerdelik edip bellenýär. Şeýdip, Abulfaýz han amalda Eýrana bakna gurjak hökümdara öwrülýär. Muhammet Hekimbiý bolsa goşbegi (baş wezir) wezipesini eýeleýär. Bütin häkimiýet amalda onuň elinde toplanýar. Indi aştarhanylar hökümdarlygynyň ýatyryljagy gutulgysyz bolýar.

**Mangytlar dinastiýasy häkimiýetiniň ornaşdyrylmagy**

Buharada aştarhanylar dinastiýasynyň hökümdarlygy döwründe özbek taýpalaryndan biri mangytlaryň abraýy belentdi. Bu taýpa häkimiýet doly aştarhanylaryň elinde bolup duran döwürlerde olara wepalylyk bilen gulluk edýär. Ýöne soňluk bilen, Buharada mangytlar aýratyn abraýa eýe bolmak üçin tüýs ýürekden göreşýärler we Hekimbiý döwründe bu maksada ýetýärler.

Muhammet Hekimbiý 1743-nji ýylda aradan çykansoň, Rahimbiý öz goşuny bilen Buhara gaýdyp gelýär we özüniň regulýar goşuna eýeliginden peýdalanyp, häkimiýetde atasy ýaly aýratyn ýagdaý üçin dawagärlik edip başlaýar. Soňky aştarhany Abulfaýz han ony atasynyň ýerine bellemäge mejbur bolýar.

Nedir şa 1747-nji ýylda öldürilenden soň Eýranda başlanan içki göreşler Muhammet Rahimbiýiň Buhara tagtyny eýelemegine ýol açýar. Onuň buýrugy bilen Abulfaýz han 1747-nji ýylda öldürilýär. Muhammet Rahimbiý tagta Abulfaýz hanyň ogly Abdulmömini oturdýar we ony özüne giýew edinýär. Köp geçmän Muhammet Rahimbiý galp hanlary hem öldürdýär we 1756-njy ýylda häkimiýeti doly eýeleýär. Ýöne mangytlar çingiziler nesline degişli däldiler. Şonuň üçin mangyt hökümdarlary özlerini han diýip däl, emir diýip atlandyrýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ORTA AZIÝA HANLYKLARY XVII—XVIII ASYRLARDA






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

> Şeýdip, 1756-njy ýylda Buharada häkimiýet başyna täze dinastiýa – mangytlar dinastiýasy gelýär. Dinastiýa döwleti 1920-nji ýyla çenli dolandyrýar. 1756-njy ýyldan başlap Buhara hanlygy indi Buhara emirligi diýlip atlandyrylýan boldy.

### Merkezi häkimiýeti berkitmek

Emir **Muhammet Rahim** ýurtda özüniň absolýut häkimiýetini ornaşdyrmak hem-de içki baş-başdaklygyň soňuna çykmak syýasatyny ýöredýär. Bu syýasatdan gözlenýän maksat – döwleti merkezleşdirmekdi. Muhammet Rahim maksadyny amala aşyrmaga ymykly girişýär.

Garaşsyzlygy dawa edip ýören Miýnkol, Nurata, Kobadiýan, Baýsun, Şährisebz hem-de Urgut welaýatlaryny dört ýylyň dowamynda boýun egdirýär. Şol bir wagtda, merkezi häkimiýete boýun egmezlige çalyşýan taýpalary ýaşaýan ýerinden göçürdip goýbermek amalyýetini hem ulanýar.

### Daniýalbiý atalyk we Emir Şamyrat

Muhammet Rahim aradan çykandan soň onuň agasy Daniýalbiý atalyk häkimiýeti öz eline alýar (1758 – 1785). Ol goşuny berkitmäge, oňa daýanyp iş salyşmaga çalyşýar. Ähli mangyt beklerine uly ýer-emlägi *tanho* edip berýär. Halkdan alynýan salgytlary köpeldýär. Mundan närazy halk gozgalaň turuzýardy, Daniýalbiý bolsa olary basyp ýatyrmaga ýetişmeýärdi. Onuň döwründe Balh, Gissar, Kölab, Oradepe welaýatlarynyň garaşsyzlyga ymtylmalary güýçlenýär. Uly ýer eýeleriniň özdiýenliligi hetden aşýar. Daniýalbiý şeýle şertde tagty ogly Şamyrada (1785 – 1800) tabşyrýar. Şamyrat derwüşana durmuş geçirýärdi, şyhyň maslahaty bilen bazarda ýük daşamak bilen meşgullanýardy. Soň bolsa pyçaga gyn ýasap satyp, şu arkaly güzeran geçirýärdi. Şamyrat öz işinde köpçülige daýanyp çemeleşýärdi. Adalat prinsiplerine berk amal edýär. Şu taraplary bilen halkyň arasynda uly abraý gazanypdy.

Emir Şamyrat ýaşlygyndan hudaýgöý, porso (päkize) bolup ösüpdir. Medresäni tamamlap, derwüşler toparynyň wagyz edijisinden birine öwrülýär. Halk ony hormat bilen „emiri ma’sum“ (günäsiz emir) diýip atlandyrýar.

Emir Şamyrat özgertmeler geçirip, döwleti berkitmegi başarýar. Ol ýurduň durmuşynda söwdagär we hünärment gatlagynyň nähili



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ähmiýete eýeligini dogry bahalaýardy. Şonuň üçin hem söwdanyň we hünärmentçiligiň ösmegi üçin ähli zerur şertleri üpjün edýär. Hususan-da, Buharanyň ilatyna *Tarhan* ýarlygyny ýazyp berýär. Oňa görä, ilat söwda girdejisinden tölenýän paç salgydyndan azat edilýär. Hünärmentlerden pul ýygmak, olary mejbury zähmete çekmek gadagan edilýär. Esasy salgyt – *hyrajyň* mukdary kemeldilýär.

Şonuň ýaly-da, uruş gelip çykanda goşunyň harajaty üçin *jul* diýlip atlandyrylýan täze salgyt girizilýär. Zerewşan jülgesinde, Amyderýa we Kaşgaderýa oazislerinde suwaryş ulgamlaryny gaýtadan dikeldýär. Şol bir wagtda merkezi häkimiýete boýun egmek islemeýän welaýat häkimlerine garşy gazaply göreş alyp barýar. Rais (muhtasib) we kazy esger (harby sud) wezipeleriniň abraýyny has-da artdyrýar. Ýurduň ykdysadyýetini ýola salmakda Şamyradyň geçiren pul özgertmesi hem möhüm ähmiýete eýe bolýar. Aştarhanylar döwründe zikgelenen teňňelerde kümüşiň mukdary kemeldilip goýberilipdi. Özgertmä görä, sap kümüş teňňe dolanyşyga girizilýär. Şonuň ýaly-da, kimde kümüş bolsa, zikgehana gelip ondan pul zikgeledip almaga rugsat edilýär. Bu kümüş alyp satyjylygyň öňüni alýar.

Şamyrat girizen kanun boýunça kim mal-mülke hyýanat etse, jemgyýetdäki derejesine seretmezden berk jeza çekilýärdi. Bu halkyň bähbitlerine garşy edilýän çozuşlaryň öňüni alýar.

Emir Şamyradyň işlerine ýokary baha beren meşhur alym Ahmet Danyş şeýle ýazypdy: *„Ol emirlik galamyny garyplyk geýimi bilen bezedi. Jahan bagyndan duşmanlygy we ýamanlygy damary bilen goparyp taşlady we adalat nahallaryny oturtdy“.*

- 1756-njy ýyl – aştarhanylar hökümdarlygy doly ýatyryldy. Häkimiýet mangytlar dinastiýasynyň eline geçdi.

1. Buharanyň Eýrana tabyn döwlete öwrülmeginiň sebäplerini bellik ediň.
2. Näme üçin Hywa hanlygy Buhara kömek berip bilmedi?
3. Buharanyň boýun egmegi baradaky Buhara – Eýran şertnamasynyň mazmunyny aýdyp beriň.
4. Buharada mangytlar dinastiýasy häkimiýetiniň ornaşdyrylmagyna nähili faktorlar kömek berdi?
5. Emir Şamyradyň döwletliligi berkitmek barasynda amala aşyran işleriniň ähmiýeti barada nämeleri bildiňiz?



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Özbegistanyň kanunlaryna görä, mejbury zähmet haýsy ýagdaýlarda ulanylýar?

## 15-§. Emirlikde merkezi häkimiýetiň pugtalandyrylmagy

**Emir Haýdar hökümdarlygy** Emir Şamyrat aradan çykansoň, tagta ogly Emir Haýdar geçýär (1800 – 1826). Käbir welaýatlaryň hökümdarlary onuň tejribesizliginden peýdalanyp, merkezi häkimiýete boýun egmezlige çalyşýarlar. Ýöne Emir Haýdar uly kynçylyklar bilen bolsa-da, olardan aglabasynyň garşylygyny syndyrmagy başarýar we merkezi häkimiýete boýun egdirýär. Aglaba welaýatlaryň garaşsyzlygynyň ýatyrylmagy döwlet ýerleriniň goruny köpeldýär. Bu bolsa döwlet ýerlerini kärendesine alyp işleýänler sanynyň artmagyna getirýär. Bu faktor emirligiň ykdysadyýetiniň ösmegine hyzmat edýär.

Şol bir wagtda, Emir Haýdar näçe hereket etse-de, emirlikde doly asudalygy üpjün edip bilmeýär. Muňa bir tarapdan merkezi häkimiýete boýun egmek islemeýän käbir welaýat häkimleriniň hereketi, ikinji tarapdan bolsa jemgyýetçilik durmuşyndaky adalatsyzlyklara garşy turuzylan halk gozgalaňlary sebäp bolýar. Meselem, Emir Haýdar Şährisebz we Miýankoly emirligiň düzüminde saklap galmak üçin göreş alyp barmaga mejbur bolýar. Oradepäni elde saklap galmak üçin bolsa Kokant hanlygyna garşy harby hereketleri alyp barýar. Şol bir wagtda, özi 1806-njy ýylda Hywa hanlygynyň hüjümine duçar bolýar. Emir Buharanyň bütin ilatyny ýurdy goramaga çagyrýar. Hywanyň goşuny Amyderýanyň kenarlarynda şowsuzlyga duçar bolýar. Hywanyň goşuny kowup çykarylan bolsa-da, ýurtda parahatçylyk emele gelmeýär. Tiz arada döwletiň we onuň emeldarlarynyň adalatsyz syýasatyna garşy gozgalaňlar başlanýar. Käbir welaýat häkimleri we iri aristokratlar merkezi häkimiýetden özbaşdak bolmak maksady ugrunda peýdalanyp galmaga çalyşýarlar. Meselem, Emir Haýdaryň inisi Dinnasyrbek häkimlik edýän Merw welaýatynyň ilaty 1804-nji ýylda gozgalaň turuzýar. Emir Haýdara garşy bolan güýçler bolsa ondan peýdalanyp, Dinnasyrbegi emirligiň tagtyna oturtmakçy bolýarlar. Ýöne merkezi hökümet muňa garşy ýiti çäreler görmäge mejbur bolýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Emir Haýdar inisi Dinnasyrbegiň baştutanlygyndaky gozgalaňçylara garşy goşun iberýär. Goşun serkerdesiniň buýrugy bilen Merw oazisini suw bilen üpjün edip duran Soltanbendi bozup taşlanýar. Suwsuz galan merwliler özleri ýaşaýan ýerlerden başga ýurtlara gitmäge mejbur bolýar. Dinnasyrbek bolsa Eýrandan başpena tapýar. Harby hereketler ýönekeý zähmetkeşleriň şonsuz hem agyr ýagdaýyny ýene-de agyrlaşdyrýar. Bu hem ýetmedik ýaly, harby hereketler üçin gulluga mobilizlemek we ýer salgydynyň möhletinden öň ýygyp alynmagy 1821-nji ýylda Miýankolda gozgalaň turmagyna getirýär. Ony basyp ýatyrmaga näçe hereket edilse-de, emiriň goşuny gozgalaňçylaryň güýjüni syndyryp bilmeýär. Emir ahyrky netijede gozgalaňçylara eglişik etmäge, olaryň emläk we şahsy eldegrilmesizligi barada ýarlyk bermäge mejbur bolýar.

**Emir Nasrulla hökümdarlygy**

Emir Haýdar aradan çykansoň, gysga wagt aralygynda onuň iki ogly tagta geçýär. Ýöne olar pitne gurbany bolýarlar. Ahyrynda, tagty onuň üçünji ogly Nasrulla eýeleýär (1826–1860).

Emir Nasrulla emirligiň düzümine diňe resmi taýdan giren beklikleri ýeke-täk döwlete birleşdirmek ugrunda tutanýerlilik bilen göreş alyp barýar. Şährisebz we Kitap bekliklerini doly boýun egdirmek üçin göreş 30 ýyl dowam edýär. Ahyrynda, diňe 1856-njy ýylda ol Şährisebzi we Kitaby boýun egdirmegi başarýar.

Mundan daşary, mangyt emirleri özleriniň absolýut häkimiýetini ornaşdyrmagy baş wezipelerinden biri diýip hasaplaýarlar. Şu maksatda olar emiriň şahsyna sygynmak syýasatyny ýöredýärler. Netijede, raýatlar jeza çekilmeginden gorkanlygyndan onuň adyny belent ses bilen aýdyp bilmeýän bolupdyrlar. Hökümdar gatlaklar emire ýaranjaňlyk edýärdiler. Emeldarlar emirden görkezmä garaşmazdan onuň islegini tapmaga çalyşýardylar. Her bir emeldar emiriň, kiçi emeldar özünden uly emeldaryň gazabyna duçar bolmakdan gorkup ýaşaýardy. Özüniň bu günki ýagdaýy, emlägi, durmuşy, maşgalasynyň amanlygy üçin şeýle bir gorky gurşawy emele gelip, netijede hiç kim ynam bilen ertirki gününden umyt edip bilmeýän bolýar.

**Goňşy özbek hanlyklary bilen gatnaşyk**

Buhara emirliginiň öz goňşulary Kokant we Hywa hanlyklary bilen gatnaşygynda özara sabyrsyzlyk üstündi. Bu sabyrsyzlygyň esasynda Buhara emirliginiň sebitde öňdebaryjylygy gazanmak we bu iki hanlygyň hasabyna pugtalanmak maksady ýatýardy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şonuň üçin hem Buhara emirligi 1842-nji ýylda hatda Kokant hanlygyny hem basyp alýar. Ýöne Kokant hanlygynyň Buhara emirligine tabynlygy uzaga çekmeýär. Şu ýylyň özünde Kokantda Buhara basybalyjylygyna garşy turan gozgalaň netijesinde Kokant hanlygynyň garaşsyzlygy dikeldilýär.

Tiz arada bu iki döwletiň arasynda ýene uruş gelip çykýar. 1843-nji ýylda emir Nasrulla Hojandy we Oradepäni eýelemek üçin Kokant hanlygyna garşy göreşe başlaýar. Bu iki şäher on ýyllaryň dowamynda elden-ele geçip gelýärdi. Ahyrynda bu gezek Buharanyň eli belent geldi.

1843-nji ýylda Merw welaýaty üçin talaşýan Buhara bilen Hywanyň arasynda uruş hereketleri gelip çykýar. Hywanyň goşuny Hazaraspyň golaýynda Buharanyň goşunyny şowsuzlyga duçar edýär. Ýöne Merw Buhara emirliginiň düzüminde galýar. Diňe 1845-nji ýylda Hywa hanlygy Merwi eýeleýär.

?

1. Emir Haýdar merkezi häkimiýeti berkitmek barasynda nähili çäreleri amala aşyrdy?
2. Emir Nasrulla döwründe nähili faktorlar emirlik häkimiýetiniň güýçlenmegini üpjün etdi?
3. Näme üçin mangytlar döwründe-de özbek döwletleriniň arasynda dartgynlyk dowam etdi?

## 16-§. Buhara emirliginde döwlet dolandyryşy

**Döwlet düzümi we administratiw dolandyryş özgertmeleri**

Emirlik döwlet ulgamyna görä absolýut monarhiýady. Ýokary hökümdar – *emir* çäklendirilmedik hukuga eýe bolupdyr. Bütin häkimiýet onuň elinde toplanypdyr. Emir, şol bir wagtda, döwletiň ruhy ýolbaşçysy hem bolupdy. Çünki, ol iň ýokary derejeli emeldarlaryň (arkoni döwlet) hem-de taýpalaryň başlyklary bilen maslahatlaşyp işläpdir.

Emirlikde döwlet dolandyryşy ugrunda käbir özgertmeler geçirilýär. Mysal üçin, aştarhanylar döwründe bar bolan dolandyryşyň dergah we diwanlar ulgamy ýatyrylýar. Döwlet wezipelerini ýerine ýetirmek gönüden-göni köşkdäki ol ýa-da bu wezipede, ýa-da haýsy-da bolsa bir abraýly döwlet işgäriniň elinde toplanýan tertip girizilýär. Oňa görä, *goşbegi* wezipesine döwlet derejesi berilýär, ýagny ol



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

döwletde emirden soňky ikinji şahsa öwrülýär. Şonuň üçin hem ol emiriň Arkynda ýaşapdyr. Mundan daşary, aştarhanylar hökümdarlygy döwründe döwletde örän uly abraýa eýe bolan atalyk wezipesi öňki ýagdaýyny ýitiripdir. Bir söz bilen aýdanda, emirlikde dürli döwlet wezipeleriniň derejesi ýa ýokarlanýar, ýa peseldilýär. Şoňa laýyk ol ýa-da bu wezipe eýesiniň ygtyýarlyk çägi giňeldilýär ýa-da çäklendirilýär. Köşkde jemi üç ýüze golaý uly-kiçi emeldarlar topary hyzmat edipdirler. Olardan 30-a golaýy ýokary döwlet wezipeleri hasaplanypdyr.

**Emirligiň administratiw bölünişi**

Emirlik administratiw taýdan *welaýatlara* we *tümen*lere bölünipdir. Edebiýatlarda mangytlar döwründe emirlikde 27 sany welaýat (beklik) bolanlygy barada aýdylýar.

Welaýatlary bekler – häkimler dolandyrypdyrlar. Häkim wezipesine, esasan, taýpa serdarlary (emir) bellenipdir. Galan administratiw-territorial birliklere suwarylýan ýeriň mukdary esas hökmünde alnypdyr. Şol sanda, birnäçe ýap we kanal arkaly suwarylýan ýüz müň tanap ýer *bir tümen*i düzüpdir. Bir sany uly ýap bilen suwarylýan elli müň tanap ýer *hazara*, ýigrime bäş müň tanap ýer *nim (ýarym) hazara*, 10–15 müň tanap suwarylýan ýere eýe oba obikori, 400 tanap ýere eýe oba *kariýa*, 300 tanap we ondan kem ýeri bolan çäk, ilat ýaşasa-da ýaşamasa-da, *marza* diýlip atlandyrylýardy. Käbir obalar ýerleşýän çägiň meýdany uly bolmandyr. Şeýlelikde, olaryň her birini aýry-aýry dolandyrmak ykdysady taýdan özüni ödemeýärdi. Şonuň üçin hem birnäçe uly-kiçi obalar birikdirilip iň aşaky administratiw birlik döredilipdir we ol *emläk* diýlip atlandyrylypdyr. Ony *emläkdar* oba aksakgallaryna, *eminlere* we *mirap*lara daýanyp dolandyrypdyrlar.

*Emläkdar* („emlägiň eýesi“ diýen manyny aňladýar) ýetişdirilen hasylyň hasabyny ýöredýän we salgytlaryň hem-de başga düşewüntleriň bellenilen möhletlerde ýygnalyp barşyna gözegçilik edipdir. *Eminiň* („ynamly, halal adam“ manysyny aňladýar) esasy wezipesi salgyt we başga düşewüntleri ýygmak, ilatyň üstünden gözegçilik alyp barmak hem-de ýaplardaky suwy ekin meýdanlaryna paýlamak bolupdyr. Oba *miraby* bolsa suw desgalarynyň öz wagtynda abatlanyşyna, obalar



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

üçin bölünip berlen suwuň ýaplar boýunça dogry paýlanyşyny üpjün edipdir

**Ýokary döwlet wezipeleri**

Emirligiň döwlet edaralary administratiw, maliýe, kazylyk, mirşeplik we harby edaralardan düzülipdir. Ýokarda nygtalyşy ýaly, emirlikde ýokary ýerine ýetiriji häkimiýet – *goşbegi*, ýagny Baş weziriň (weziri buzruk hem diýlipdir) elinde toplanypdyr. Ol ýurt dolandyryşy, maliýe, salgyt, hazyna we paýtagt Buhara şäherindäki ýagdaý ýaly iň möhüm ugurlara gözegçilik edipdir. Şol bir wagtda, ähli welaýatlar oňa boýun egipdir. Emirlikde goşbegiden soňky orunda *maliýe weziri* (diwanbegi) durupdyr. Ol *aşaky goşbegi* diýlip hem atlandyrylypdyr. Maliýe weziri zekät meselesi bilen meşgullanypdyr şeýbanylar, aýratynam, aştarhanylar döwründe uly ýagdaýa eýe bolan *atalyk* wezipesine bellenen emeldar indi Buhara we Samarkant welaýatlaryny suwaryş, şonuň ýaly-da, suw paýlanyşy bilen bagly işler üçin jogapkär edilipdir.

*Perwanaçy* wezipesinde işlän emeldaryň esasy wezipesi Buhara hanlygynda bolşy ýaly ýokary hökümdaryň ýarlyklaryny ol ýa-da bu emeldara ýetirmek bolmak bilen, emirlikde ýaşap gelýän araplar obşinasy meseleleri bilen hem meşgullanýan bolýar.

Kä halatlarda perwanaçy wezipesinde işleýän emeldara onuň şahsy, emirligiň syýasy durmuşynda tutýan ornuna garap, möhüm wezipeler hem ýüklenipdir. Mysal üçin, Emir Haýdar Merwde oňa garşy inisi Dinnasyrbegiň baştutanlygynda bolan gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin Niýazbek perwanaçyny goşuna serkerde edip iberendigi muňa delildir. Ýa-da Emir Nasrulla 1842-nji ýylda Kokandy eýelänsoň, ol ýere Ybrahym perwanaçy mangydy naýyp edip bellände, şübhesiz, onuň emirlik durmuşyndaky ýagdaýyny hasaba alypdy. Bir söz bilen aýdanda, ol ýa-da bu döwlet wezipesiniň abraýy şu wezipede kim oturanlygyna hem bagly bolupdyr.

*Baş inak* wezipesine bellenen emeldar emiriň buýruklaryny aşaky wezipede işleýän döwlet gullukçylaryna ýetirmek, bu buýruklaryň ýerine ýetirilişini we gelejekde döwlet wezipelerine bellenmegi mümkin bolan gullukçylaryň işini guramak bilen meşgullanypdyr

*Kiçi inak* bolsa daşary ýurt ilçileri gowşurýan resminamalary kabul edip alypdyr. Şonuň ýaly-da, emiriň möhri üçin jogapkär bolupdyr. Ýene bir möhüm döwlet wezipesi *taksoba*dt. Ol döwlet



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

baýdagynyň eldegrilmesiz saklanyşyny üpjün etmek, şonuň ýaly-da, iň ynamly şahs hökmünde ýokary döwlet dessurlarynda emiriň desserhanyna tagam çekmek ýaly iňňän jogapkärli wezipäni ýerine ýetiripdir. Wezipe örän jogapkärli bolanlygy üçin oňa girdeji çeşmesi hökmünde bir tümen birikdirilip goýlupdyr.

Döwlet dolandyryşynda, şonuň ýaly-da, *gögeldaş* (döwlet howpsuzlyk gullugynyň başlygy), *mehtar* (salgyt we başga ýygymlardan düşen serişdeleriň bellenilen orunlarda näçe dogry sarplananlygyna gözegçilik edýän emeldar), *kutwal* (döwlet hasabyndan amala aşyrylýan gurluşyk işlerine jogapkär emeldar), *gapy agabaşy*, *mirohur* (emir athanasynyň başlygy), *garawulbegi* (şäheriň we ýollaryň sakçysy), *şigowul* (daşary ýurt ilçileriniň kabul edilişini guraýan), *muşrif* (emire berilýän sowgatlary sanawa almak we salgytlar düşewüntini bellik ediji emeldar), *desserhançy* (emiriň huzurynda guralýan zyýapatlar üçin jogapkär emeldar), *kitapdar* (emiriň kitaphanasynyň başlygy), *dodhoh* (jebirlenijiniň arzasyny emire eltip berýän we jogabyny arzaça ýetirilişine jogapkär emeldar) ýaly ýokary döwlet wezipeleri hem bardy.

### Şerigat talaplarynyň ýerine ýetirilişik üstünden gözegçilik

Jemgyýetiň we döwletiň durmuşynda şerigat kanunlaryna amal edilmegi *şeýhulyslam*, *kazykelan*, *müfti*, *muhtasib* (rais) we *sadrlar* tarapyndan üpjün edilipdir.

*Şeýhulyslam* ähli musulman ruhanylaryň (dini guramalarda dini wezipede gulluk edýänler) başlygy bolup, döwletde iň ýokary derejeli ruhany, din işgär hasaplanypdyr. Onuň derejesi şu derejede ýokary bolup, hatda boljak hökümdar hem şeýhulyslamyň razylygyny almazdan tagta geçip bilmändir.

Ol ýurtda şerigat talaplarynyň anyk ýerine ýetirilişiniň üstünden gözegçilik alyp barypdyr. Şeýhulyslama hatda *Kazykelan* – Ýokary kazy (bu günki Ýokary suduň başlygy) hem boýun egipdir.

*Kazykelan* wezipesi ornuna görä şeýhulyslamdan soňky ikinji wezipedi. Ol sud işlerini amala aşyrmakdan daşary, ekleýjisini ýitirenleriň, biçäreleriň hak-hukuklary nähili derejede goralanlygynyň üstünden gözegçilik alyp barypdyr. Emirlikde welaýatda, tümende we obalarda hem sud döredilipdir.

Emirlikde *muhtasibiň* (rais) ygtyýarlygy giňeldilipdir. Mälim bolşy ýaly, muhtasib bazarda aldawçylyga, hili pes önümiň satylmagyna ýol



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bermezlik, agyrlyk (daş terezi) we uzynlyk ölçegleriniň dogrulygyny hem-de ilatyň şerigat kadalaryna nähili derejede amal edýändikleriniň üstünden gönüden-göni gözegçilik alyp barypdyr. Metjitlere baryp namaz okaýanlaryň sanawyny barlapdyr. Gadagan edilen içgileriň içilmegine hem-de süýthorluga garşy çäreler görüpdir.

Şonuň ýaly-da, bu ulgamda *müftiler* we *sadr*lar hem uly ýagdaýa eýe bolupdyrlar. Mysal üçin, müfti Kazykelan çylşyrymly diýip hasaplan dürli dini-hukuk meseleler boýunça şerigata esaslanyp fetwa çykaryjy ulamady. Ol çykaran fetwasyny öz möhri bilen tassyklapdyr. *Kazy* şu fetwa esasynda höküm çykarypdyr. *Sadr*lar bolsa wakf emläkleriniň dolandyryjylarydy.

**Tanap** (ýüp, arkan) – ekin meýdanyny ölçemek üçin ulanylýan meýdan birligi. 1 tanap ýer meýdany 8,33 sotka. 1 gektar ýer bolsa 12 tanaby düzüpdir.

1. Emirligiň döwlet dolandyryşynda nähili özgerişler bolupdyr?
2. Emirligiň administratiw-çäk taýdan bölünişinde näme esas hökmünde alnypdyr we näme üçin şeýle edilipdir?
3. Emläk nämedi we ol nähili dolandyrylypdyr?
4. Emirlikdäki ýokary döwlet wezipeleri barada nämeleri bildiňiz?
5. Emirlikde sud işleri nähili amala aşyrylypdyr?

Bu günki günde-de dünýäniň döwletleriniň arasynda monarhiýalar bar. „Döwlet we hukuk esaslary“ predmetinden alan bilimleriňize daýanyp olar orta asyr monarhiýalaryndan haýsy taraplary bilen tapawutlanýandygyny anyklaň.

## 17-§. Buhara emirliginde harby iş

**Emirlikdäki regulýar goşunyň gurluşy**

Emirligiň hökümdarlary regulýar goşunyň bolmazlygy döwlet howpsuzlygy üçin pajygaly netijelere getirýändigini aştarhanylaryň kysmatyndan gowy bilýärdiler.

XVIII asyryň ikinji ýarymynda hem goşun entegem *regulýar däl* (gara çerik) bolup, ol içki we daşary howpy aradan aýyrmagy başarmaýardy. Buhara emirleri XIX asyryň başlaryndan başlap *regulýar*



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

goşun düzmäge girişýärler. Bu işi Emir Haýdar başlap berýär. Regulýar goşun *nawkariýa* diýlip atlandyrylýar.

*Gara çerik* emiriň permanyna görä, harby hereketler wagtynda parahat ilatdan toplanýardy. Perman bazarlarda yglan edilipdir we şol ýere gara çerige çykarylýanlaryň sanawy asylyp goýlupdyr. Ýurtda parahatçylyk ornaşdyrylansoň, gara çerige öýlerine gaýtmaga rugsat berlipdir.

### 1837-nji ýyldaky harby özgertme

Regulýar goşun düzmek bilen bagly meseleler Emir Nasrulla döwründe doly çözüwini tapypdyr. Ol 1837-nji ýylda harby özgertme geçirýär. Oňa görä, *serbaz, nöker* we *topçy* esgerlerden ybarat 3 görnüşdäki regulýar goşun düzülýär. Regulýar pyýada esgerler *serbaz*, atly esgerler bolsa *nöker* diýlip atlandyrylýar Ilki serbazlar bölegi 800 adamdan, topçy bölegi bolsa 250 adamdan ybarat edip düzülipdir. Serbazlar *ýüzlük, ellilik, ýigrimi bäşlik* we *onluk* ownuk bölümlere bölünýär.

Regulýar goşun üçin ýörite egin-eşik girizilýär. Egin-eşik her 3 ýylda çalşyrylyp durulýar. Regulýar goşuny gural-ýarag bilen üpjün etmek prosesi bir ýyldan artyk dowam edipdir.

Emir Nasrulla regulýar goşuny bir ýerde saklamak maksadynda Buhara şäheriniň çetinde 800 öýden ybarat „Serbazhana“ gurdurýar. Gulluk möhleti çäklendirilmedik. Serbazhanada ýaşaýan esgerler ol ýerde hünärmentçilik we söwda-satyk bilen hem meşgullanypdyrlar.



Buharanyň goşuny



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Harby wezipeler we derejeler**

*Emir* döwlet başlygy hökmünde emirlik goşunynyň ýokary baş serkerdebaşydy. Ondan soňky orunda *weziri harb* (harby wezir) durupdyr. Ol goşunyň baş serkerdebaşysy hasaplanypdyr we *topçybaşy* diýlip hem atlandyrylypdyr. Oňa ähli harby bölümleriň serdarlary boýun egipdir. Goşunda *pansodbaşy* (bäşýüzbaşy), *ýüzbaşy, ellibaşy* (penjebaşy), *onbaşy* (dahbaşy) ýaly harby derejeler bolupdyr. Galalardaky we berkitmelerdäki harby bölüm (gardawan) *toksoba* derejesindäki *serkerde* tarapyndan dolandyrylypdyr. Toksoba derejesi şol döwrüň Russiýanyň harby derejelerine deňeşdirilende polk serdary ýagdaýyna deň bolupdyr.

Zerurlyk talap edende *dodhoh* (birnäçe polk serdary statusynda) we *perwanaçy* (goşun serkerdesi statusynda) harby hereketlere çekilipdirler.

Harby hereketler çagynda harby karargäh (bu günki dil bilen aýdanda, ştab) başlygy wezipesi *nakibe* ýüklenipdir. Karargähiň başlygy hökmünde ol harby hereketleri planlaşdyrypdyr. Harby güýçleri söweş meýdanynda dogry paýlanyşyna jogapkär bolupdyr. Nakibler harby ýöriş wagtynda goşunyň gurluşy, ýaraglanyşy we ýerleşişi, onuň hereketlenişi hem-de uruş alyp barmak boýunça ýeterli bilime eýe bolupdyr. Şol bir wagtda, goşunyň öň bölegi, arka bölegi we sag hem-de çep ganaty, merkezi, bukylary barada ýeterli maglumata hem eýe bolupdyr.

Emirligiň goşunynda *kazy esger, muhtasib*ler we *müfti esger*ler hem gulluk edipdirler. Olaryň her biri öz wezipesi çägindäki meseleleri çözüpdir. Mysal üçin, muhtasib harbylaryň şerigat kadalaryna nähili derejede amal edýändiklerini gözegçilik edip barypdyr.

Kazy esger bolsa, harby bölümlerde bolýan jenaýat işlerini, arza we şikaýatlary seredip çykypdyr we olar boýunça höküm çykarypdyr.

Müfti esger bolsa harbylaryň üstünden kazy esger çykaran hökümiň şerigata nähili derejede laýyklygy meselesini barlap görüpdir.

Emirligiň regulýar goşuny wagtal-wagtal gözden geçirilip durlupdyr. Gözden geçiriliş emir, emir gatnaşyp bilmände *goşbegi* geçiripdir.

**Gural-ýaraglar we goşun üpjünçiligi**

XIX asyryň birinji ýarymynda özbek döwletleri, hususan-da, Buhara emirliginiň goşunynyň gural-ýaraglarynyň hili pesdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Mysal üçin, emirligiň esgerleri *piltetüpeň*, *sapança, uzyn naýza* we *egri gylyç* bilen ýaraglandyrylypdyr Esgerler özüni okdan saklamaklary üçin *sowut, demir dubulga* bilen üpjün edilipdir.

XIX asyryň ortalaryndan başlap ot açýan ýaraglaryň (tüpeň we top) saldamy artypdyr. Serkerdeler *sapança* we *gylyç*dan daşary iki stwolly *tüpeň* bilen ýaraglanypdyr Goşunyň topçylar bölümi niň ygtyýarynda jemi 50 sany *top* bardy. Toplaryň guratlygy rus we pars hünärmenleriniň gözegçiliginde bolupdyr. Kiçi kalibrli „hytaýçy" diýlip atlandyrylan top harby hereketler çagynda düýeleriň eýerleriniň üstüne mäkäm edip ornaşdyrylypdyr.

Emirlikde gural-ýarag öndürýän ussahanalar hem gurlupdyr. Meselem, toplar Samarkant şäherindäki ussahanada guýulan bolsa, *poroh* Karşy şäherinde taýýarlanypdyr. Ony taýýarlaýan hünärmentler *dorukaş* diýlip atlandyrylypdyr.

Harby hereketler çagynda goşuny ýerleşdirmek meselesi serbazlaryň we topçylaryň her bir onluk ownuk bölüminde bir sanydan çadyr bermek arkaly çözülipdir. Gural-ýarag, ok-däri we söweş üçin ähli zerur enjamlar menzile at-arabalarda eltilip berlipdir.

Emir Nasrulla regulýar goşunyň zerurlyklaryny, ilki, gündelik sarp ediş önümlerini bermek arkaly kanagatlandyrypdyr. Soňluk bilen regulýar goşunyň esgerleri üçin aýlyk gazanç tölenýän bolupdyr. Mysal üçin, serbaz we topçy esger üçin her üç aýda bir tylla aýlyk bellenilipdir. Ýokary wezipeli serkerdeleriň aýlyklarynyň mukdary belendiräk bolanlygy tebigydyr. Meselem, ýüzbaşy aýyna alty tylla, garawulbegi dört ýarym tylla, penjebaşy (ellikbaşy) segsen bäş teňňe, baş serkerde bolsa iki müň tylla aýlyk alýardy.

Mundan daşary, harby hereketler çagynda wezipesine we derejesine seretmezden her bir gatnaşyja gününe bir tylla berilýärdi. Ondan daşary, ýönekeý esger her üç gün üçin bir teňňe, onbaşy her iki gün üçin bir teňňe, garawulbegi gününe iki teňňe we ýüzbaşy bolsa dört teňňe goşmaça hak alýardy.

Şol bir wagtda, regulýar goşunyň esgerleri gulluk dowamynda dürli salgytlardan we borçlardan azat edilipdir. Söweşde heläk bolan esgeri, şonuň ýaly-da, gulluk edýän esgeriň aradan çykan maşgala agzalaryny jaýlanda mälim mukdarda pul we kepenlik berlipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

?

1. 1837-nji ýyldaky harby özgertme nähili ähmiýete eýe boldy?
2. Emirligiň regulýar goşunynyň düzüm böleklerini aýdyp beriň.
3. Emirlik goşunynyň gural-ýaraglary nähili ýaraglardan ybarat bolupdyr?
4. Goşunyň maddy üpjünçiligi barada nämeleri bildiňiz?
5. Goşundaky harby wezipeler we derejeler sanawyny düzüň.

Özbegistan Respublikasynda harby gullukçylar üçin nähili ýeňillikler ulanylýandygy baradaky maglumatlary toplap geliň.

## 18-§. Buhara emirliginde sosial-ykdysady durmuş

**Çägi we ilaty**

XIX asyrda emirligiň araçägi Zerewşan jülgesini, Kaşgaderýa welaýatyny, Täjigistanyň Penjikent, Gissar jülgesini, Hojant, Oradepe welaýatlaryny, Zerewşan derýasynyň ýokary akymynyň çäklerini, häzirki Owganystanyň bir bölegini, Türkmenistanyň Murgap derýasyna çenli bolan bölegini, Gazagystanyň Türküstanyna çenli bolan ähli çäklerini öz içine alýar we 200 müň km$^2$-y düzýär. Şeýlelikde, emirligiň çägi aştarhanylar döwründäkä garanda birnäçe essä giňeldi.

XVIII asyryň ikinji ýarymyndan başlap emirligiň ykdysadyýetinde ösüş bolup geçenligi, öz nobatynda, ilat sanynyň artmagyna sebäp bolýar. XIX asyryň birinji ýarymynda emirligiň ilaty 2 million adamdan ybaratdy. Ilatyň aglaba bölegini özbekler düzüpdir.

Emirlikde özbeklerden daşary täjikler, türkmenler, gazaklar, gyrgyzlar, garagalpaklar, parslar, araplar, musaýylar we başga halk wekilleri hem ýaşaýardylar. Ilatyň uly bölegi oturymly durmuş geçirýär. Ilatyň sosial düzümini hökümdar aristokratlar, ulamalar, dini we dünýewi edaralaryň gullukçylary, söwdagärler, hünärmentler we daýhanlar düzüpdir.

**Oba hojalygy**

Emirlik ykdysadyýetinde oba hojalygy öňdebaryjy pudakdy. 90 göterim ilat şu pudakda zähmet çekýärdi. Suwarylýan ýerleriň 75 göterimine pagta ekilipdir. Galan ýerlerde bag, bakja we gök ekin önümleri, daglarda bolsa bütin Aziýada meşhur dag pissesi ýetişdirilipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

http://eduportal.uz

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Çarwaçylyk hem örän ösüpdir. Onuň esasyny goýundarçylyk düzüpdir. Ýurduň öri meýdanlarynda 12 million baş goýun bakylýardy. Aýratynam, owadan buýraly, gymmat bahaly deri berýän garaköl goýundarçylygy örän ösendi. „Garaköl goýunlary“ diýlip atlandyrylýan goýnuň watany Garaköl bekligi bolupdyr. Şonuň üçin goýnuň bu nesli garaköl diýlip atlandyrylypdyr. Guzularynyň derisi jahan bazarlarynda hem örän hyrydarly bolupdyr.

Orta Aziýa şertinde hemme zamanlarda emeli suwaryşsyz oba hojalygyny ösdürip bolmandyr.

Zähmetkeşleriň gaýduwsyz zähmeti, sabyr-takaty, suwaryş desgalarynyň kadaly işleýşini üpjün edýärdi. Daýhanlar suwdan peýdalananda asyrlaryň dowamynda örän uly tejribe toplapdyrlar. Olar şeýle suwaryş desgalaryny gurmagy başarypdyrlar, ýagny oňa ykrar etmän alajyň ýokdy. Hususan-da, suwaýryt bendini gurmakdaky ussatlyk munuň subudydyr.

Derýalara we kanallara ornaşdyrylan jykyr iň köp ulanylýan suwaýrytdy. Şeýle jykyrlar hem döredilen bolup, olar suwy hatda 4 metr we ondan hem belende çykaryp berip bilýärdi. Suwy çuň ýaplardan çykaryp almak üçin tutawaçly suwaýrytlar ulanylýardy, munda atyň, düýäniň, eşegiň we öküziň güýjünden peýdalanylýardy.

**Ýer eýeçiligi**

Daýhançylyk zähmet gurallary gaty ýönekeýdi. Ýönekeý daýhan sokasy (omajy) esasy daýhançylyk guralydy. At, öküz, düýe, eşek daýhanyň söýgedi hasaplanypdyr. Emirlikde öňki ýaly ýer eýeçiliginiň *döwlet* (bu emläk ýerler diýlip hem atlandyrylypdyr), *mülk* (hususy) we *wakf* şekilleri saklanyp galypdyr. Döwlet ýerleriniň suwsuz sähra, jeňňellik bölegi göçme taýpalara bölüp berilýär. Olar bu ýerlerden peýdalanandyklary üçin döwlete bellenilen tertipde salgyt töläpdirler. Şeýle ýerler satylmaýardy we alyş-çalyş edilmeýärdi. Döwlet ýerleriniň başga bir bölegi hökümdar dinastiýa agzalaryna, iri döwlet işgärlerine döwletiň öňündäki hyzmatlary üçin *suýurgal* şeklinde peşgeş berilerdi. Ýöne mangytlar hökümdarlygy döwründe suýurgal eýeleri aştarhanylar döwründäki ýaly ýagdaýdan mahrum edilipdi. Suýurgal eýesi döwlet hazynasyna hyraç tölemeli hem-de ýokary hökümdaryň çagyrmagyna görä, zerur halatlarda öz gara çerigi bilen harby ýörişlerde gatnaşmalydy.

Mangytlar döwründe *tanho* peşgeş bermek güýçlenýär. *Tanhodar* ýere däl, eýsem wezipesiniň derejesine garap şu ýerden alynýan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

salgydyň mälim bölegine eýelik edýärdi. Iň kiçi tanho ýeri 36 – 60 tanaby (3 – 5 gektar) düzüpdir. Hazyna iň köp salgyt hem ine şu ýerlerden düşüp başlaýar. Şonuň ýaly-da, mangytlar döwründe daýhan obşinalary ýatyrylýar. Onuň ýerine barha kärendeçi daýhan şekillenýär. Ýer-mülk eýeçiliginiň bir bölegi döwlet gullugy bilen bagly bolmandyr. Şeýle ýerler, esasan, emirlikde asyrlar aşa ýaşap gelýän araplaryň obşinasyna garaşly bolupdyr. Bu ýerlerden 1/10 bölegi mukdarynda salgyt alnypdyr. Mülk ýerleriniň ikinji bölegi (mülki hur) döwlet gullugy bilen baglydy. Şeýle ýerler uruşlarda edermenlik görkezen ýa-da hökümdaryň aýratyn tabşyryklaryny ýerine ýetirende nusga görkezen şahslara bermek netijesinde emele gelipdir.

Şeýle ýere eýe bolan şahslara ýörite ýarlyklar berlipdir hem-de olar ähli salgytlardan azat edilipdir.

*Wakf ýerleri* – bu metjit, mazar, hanagäh, mekdephana, medrese we kümmetler üçin bölünip berlen ýerlerdi. Bu ýerler konfiskasiýa edilen, döwlet hem-de iri ýer eýeleri tarapyndan sowgat edilen ýerleriň hasabyna emele getirilýärdi. Metjitleriň, medreseleriň, gonamçylyklaryň esasy sarp-harajatlary, şonuň ýaly-da, talyplara, muderrislere hem-de mutawellilere berilýän tölegler we aýlyklar wakf ýerlerinden alynýan girdejiniň hasabyndan öwezi doldurylýardy. Wakf emlägini mutawelli eýelik edýänligi bellenilipdi.

*Hyraç* emirlik döwründe-de döwletiň esasy salgydy bolmagynda galýardy. Onuň mukdary hasylyň 2/5 bölegini düzüpdir. XIX asyrda hyrajyň bir bölegi pul bilen hem ýygnalyp başlanýar. Bag, bakja, gök önüm ekilen ýerlerden bolsa *tanabana* diýlip atlandyrylan salgyt alnypdyr. Bu salgydyň mukdary ekin meýdanynyň bazara uzak-ýakynlygyna baglydy.

### Salgyt syýasaty

Soňluk bilen bakjalara täze salgyt – *goş puly* salynýan bolýar. Onuň mukdary ýer sürmäge ýaramly her bir jübüt öküz hasabyndan gelip çykyp kesgitlenipdir. *Zekät* diýlip atlandyrylýan salgydyň göwrümi salgyt salynýan emlägiň mukdarynyň we bahasynyň 2,5 göterimini düzüpdir. Zekäte, esasan, çarwa mallarynyň eýeleri we söwdagärler çekilipdir. Tanabana, zekät, goş puly salgytlary bolsa diňe pul şeklinde alnypdyr. Harby hereketler çagynda ilat üçin adatdan daşary salgyt – *doly* girizilipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. Emirlik ýerleşýän çägiň araçäklerini bellik ediň.
2. Emirligiň ilatynyň milli düzümi kimlerden ybaratdy?
3. Emirlikde oba hojalygyny ösdürmek üçin nähili çäreler amala aşyryldy?
4. Suwaryş desgalary serişdeleriniň we oba hojalygynda ulanylýan zähmet gurallarynyň sanawyny düzüň.
5. Emirlikde ýer eýeçiliginiň suýurgal şeklinde nähili özgeriş bolup geçdi?
6. Emirlikde nähili salgytlar amalda bolupdyr?

Bu günki Özbegistanda girizilen salgyt görnüşleri barada maglumat toplaň.

## 19-§. Emirligiň şäherleri. Içki we daşary söwda

### Emirligiň ykdysady durmuşynda iri şäherleriň orny

Şäherler hemişe ýurduň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynda iňňän uly ähmiýete eýe bolup gelipdir. Çünki şäherler döwlet häkimiýetiniň daýanjy, söwda we hünärmentçilik merkezi, medeniýet hem-de ylym-bilim ojagy wezipesini ýerine ýetiripdir. Olardan biri „Taňrynyň jemaly“, „Yslam dininiň gümmezi“ we „Yslam dininiň kuwwaty“ diýlip beýgeldilen 2500 ýyllyk taryha eýe Buhara şäheridir. Buhara şäheri 1533-nji ýylda Buhara hanlygynyň paýtagty edip bellenýär.

Şeýbany Abdulla han II döwründe bolsa üzül-kesil paýtagta öwrülýär. Aştarhanylar we mangytlar hökümdarlygy döwründe hem Buhara paýtagt bolmagynda galýar (1601 – 1920). Buhara bütin Orta Aziýanyň medeni aň-bilim merkezidi. Bu ýerde Hywa, Kokant, Gissar, Samarkant we Russiýanyň musulmanlar ýaşaýan welaýatlaryndan gelen talyplar hem bilim alypdyrlar. Çünki medeniýetiň, ylym-bilimiň ojagy Samarkant öňki ýagdaýyny ýitiripdi.

Şäher bişen kerpiç we pagsa diwar bilen gurşalypdyr. Şähere 12 derweza arkaly girilipdir. 60 müňe golaý ilat ýaşapdyr. Şonuň ýalyda, şäherde 100-den artyk medrese, 300-den artyk metjit, 38 sany kerwensaraý bardy. Kerwensaraýlara her ýylda 12 – 15 müň düýe haryt gelip durupdyr. Söwda-satyk işlerine, söwdagärleriň howpsuzlygyna kerwenbaşy jogapkär bolupdyr.



http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Samarkant** „Dünýäniň husny“ diýlip beýgeldilen Samarkant köp ýyllaryň dowamynda özüniň öňki ýagdaýyny ýitiripdi. Muňa aştarhanylar döwründe özara uruşlaryň güýçlenenligi, daşky göçme taýpalaryýň tozduryjy hüjümleri sebäp bolupdy.

Mangytlar bolsa haraba öwrülen Samarkandy dikeltmek çäresini görýärler. Hususan-da, Rahimbiý şäheri dikeltmek işini oňa suw çykarmakdan başlaýar. Ýöne şäher ilatynyň sanynyň gaty kemelip gidenligi garaşylan netijäni bermeýär.

Emir Şamyrat bolsa bu meselede ýiti çäreleri ulanýar. Ol şäheri dikeltmek we ilat sanyny köpeltmek üçin başga şäherlerden mejbury ýagdaýda ilat göçürip getirýär. Şäherde uly burluşyk işleri ol aradan çykandan soň hem dowam etdirilen bolsa-da, şäher esasan onuň döwründe gaýtadan diýen ýaly gurulýar.

Çeşmelerde şeýle ýazylan: „Samarkandyň häzirki abadançylygy 1780-nji ýyldan, ýagny Şamyradyň döwründen başlanan bolup, 1809-njy ýyllarda bir şäher görnüşine getirilýär“.

XIX asyryň başlarynda şäher belent diwar bilen gurşalýar. Şähere 6 derwezeden girilýärdi. Şäherde köp baglar, ýaplar we howuzlar, kerwensaraýlar we hammamlar işläpdir. Köçeler şäheriň 6 derwezesini Registan meýdany bilen baglaýardy. Amala aşyrylan gurluşyk işleri sebäpli tiz arada şäher ilatynyň sany 25 – 30 müň adama ýetýär.

**Hünärmentçilik** Hünärmentçilik emirligiň şäherleriniň ykdysady durmuşynda möhüm ähmiýete eýedi. Hünärmentçiligiň esasy görnüşlerinden biri dokmaçylyk bolupdyr. Buhara alajasy, bozy, boza gül basmak ýoly bilen taýýarlanýan çiti, şaýysy, Samarkandyň goýy gyzyl reňkli mahmaly meşhurdy. Egirilen ýüpden ýaglyk, ýapynja, selle tokamak hem giň ýaýrapdyr.

Demirçilik hem hünärmentçiligiň esasy pudaklaryndan hasaplanýardy. Demirçiler orak, pyçak, şonuň ýaly-da, gural-ýarag ýasapdyrlar. Zergärlik, küýzegärçilik, agaç önümlerini taýýarlamak, dokmaçylyk, geýim-gejim, aýakgap tikmek ýaly hünärmentçilik ugurlary hem örän ösüpdir. Agaçdan gapy, bişik, penjire, araba, sandyk, gaýyk we başgalar ýasalýardy. Agaç haşamçylygy aýratyn ähmiýete eýedi. Çybyklardan sebetler dokalýardy. Öý şertinde keçe, haly dokamak, aşlanan deriden eýer, goş-golamlar, aýyllar, pyçagyň gynlary, gapjyklar taýýarlanýardy. Bazarda her bir görnüşdäki hünärmentçilik önümleri aýry-aýry hatarlarda satylypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Içki söwda**

XVI asyrdan başlap Beýik ýüpek ýolunyň ähmiýetiniň barha ýitmegi bara-bara Orta Aziýa döwletleriniň ykdysady durmuşyna erbet täsir edýär.

Bu bolsa Buharanyň dünýä bazarynda aktiw gatnaşyjysy bolmak mümkinçiligini peseldýär. Netijede, döwletiň durmuşynda sarp etme zerurlyklary önümçilikden üstün bolup bilmeýär. Bu bolsa, öz nobatynda, ýokary zähmet öndürijiligini üpjün edýän iri maşynlaşdyrylan önümçilikden peýdalanmak zerurlygyny emele getirmeýär. Netijede ýönekeý hünärmentçilik önümçiligi senagat önümçiligi derejesine göterilmeýr. Şonuň üçin hem içki bazarda adatdaky hünärmentçilik we oba hojalyk önümleriniň söwdasy öňdebaryjy orny eýeleýär.

Bazarlarda kimde-kim hyrydaryň hakyna hyýanat etse, berk jeza duçar edilýärdi. Hususan-da, şeýle hyýanatçylar ýarymýalaňaç ýagdaýda arabada bazaryň adamlaryna masgaralanýardy we sesiniň ýetdiginden: „Men şeýtan ýoluna girip, hyrydary aldadym“, diýip jar salmaga mejbur edilýärdi.

Bazarlar diňe bir hojalyk wezipesini ýerine ýetirmändir. Olar şol bir wagtda özboluşly jemgyýetçilik we medeniýet merkezi wezipesini hem ýerine ýetiripdir. Hususan-da, bazarlarda hökümdaryň permanlary okap eşitdirilipdir. Günäkärler jezalandyrylypdyr. Baýram günleri bolsa dürli tomaşalar görkezilýärdi.

**Daşky söwda**

Beýik ýüpek ýoly öz ähmiýetini ýitiren bolsa-da, ýurduň daşky söwda aragatnaşyklary togtap galmaýar. Buhara Hindistan, Owganystan, Eýran, Hytaý bilen söwda aragatnaşyklary alyp barýar. Bu döwletlere emirlikde öndürilen ýüp matalar, mahmal, kagyz, eýer-esbaplar, ýaraglaryň käbir görnüşleri, miwe we başga önümler eksport edilýärdi. Esasy söwda transporty düýedi. Käbir söwda kerwenleriniň düýeleri birnäçe ýüz başa ýetýärdi.

Ýurduň Samarkant we Buhara ýaly şäherlerine köp daşary ýurtly söwdagärler gelip durýardylar. Buharada hatda hindi söwdagärleri we süýthorlary ýaşaýan aýratyn mähelleler hem bardy. Olar hindi matalary, boýaglary, şypaly we jaz otlar, däri-dermanlar, gant-şeker bilen söwda edýärdiler.

Buhara emirliginiň Russiýa bilen söwda aragatnaşyklary barha rowaçlanýardy. Çünki Russiýa senagat önümlerini teklip edip bilýärdi. Şol bir wagtda, Russiýa söwda ýollarynyň howpsuzlygyny üpjün etmegi başardy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1804-nji ýylda Orenburgda Buhara emirliginiň söwdagärleriniň karargähi gurulýar. Olar Russiýa bilen Buhara emirliginiň arasyndaky söwdada möhüm orun tutýarlar. Söwdagärleriň karargähi barha giňelýärdi.

Şeýlelikde emirligiň ykdysadyýeti Russiýa bilen söwda etmäge niýetlenen özboluşly ýönelişe barha eýe bolup başlaýar. Muny, hususan-da, emirlikde ýetişdirilen 16 müň tonna pagtanyň hemmesiniň Russiýa satylanlygy, emirlige her ýylda diňe dokmaçylyk senagatynyň önümleriniň özünden iki million rubllyk haryt eksport edilenligi, şonuň ýaly-da, 1844-nji ýylda Orta Aziýa döwletleri – Russiýanyň daşky söwdasynda emirligiň ülşi 25 göterimi, 1864-nji ýyla gelip bolsa 42 göterimi düzenligi hem tassyklaýar.

1. Buhara şäherine berlen kesgitlemeler barada pikir ýörediň.
2. Buharanyň bütin Orta Aziýada medeni aň-bilim merkezi bolanlygyna mysallar getiriň.
3. Samarkant şäherine berlen kesgitleme bilen Buhara berlen kesgitlemäni deňeşdiriň we netijeleriňizi beýan ediň.
4. Samarkant şäheriniň gaýtadan dikeldilmeginde emir Şamyradyň ornuna berlen baha nämäni delillendirýär?
5. Näme üçin emirligiň sarp etme zerurlyklary önümçilikde üstün bolup bilmedi?
6. Buhara emirliginiň Russiýa bilen söwda aragatnaşyklarynyň barha rowaçlananlygy barada getirilen faktlardan nähili netije çykarmak mümkin?

Ata-eneňiziň kömeginde Russiýa Federasiýasy bilen Özbegistanyň arasyndaky söwda aragatnaşyklaryna degişli maglumatlary toplaň.

## 20-§. Buhara emirliginiň daşary syýasaty

**Emirligiň daşary syýasatynyň esasy prinsipleri**

Emirligiň daşary syýasatynyň esasy prinsiplerini, birinjiden, Orta Aziýada bar bolan üç özbek döwletleriniň arasynda öňdebaryjy orna eýe bolmak we amatly mümkinçilik dörände olary boýun egdirmek; ikinjiden, Horasanda berk ornaşmak; üçünjiden, Russiýa we başga döwletler bilen söwda gatnaşyklaryny ösdürmek; dördüjiden, Orta Aziýa sebitindäki ähli musulmanlaryň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

emiri (mangytlar özlerini şeýle diýip hasaplapdyrlar) hökmünde musulmanlaryň Astrahan arkaly Mekkä haj saparyna baryp gelmeklerini üpjün edip durmagy ýola goýmakdan ybarat bolupdyr.

### Buhara – Russiýa gatnaşyklary

Mangyt emirleri Russiýa bilen gatnaşyklara hemişe uly ähmiýet beripdirler. (Munuň sebäplerini öňki temalardan bilýärsiňiz.) Iki döwletiň arasyndaky özara bähbitli gatnaşyklaryň emele gelmeginde ilçiler çalşygy möhüm rol oýnaýar. Aýratynam, XVIII asyryň soňky çärýeginde ilçi Ernazarbiýiň Russiýa iki gezek barmagy bu orunda deňsiz boldy. Ernazarbiý (Ernazar Maksutow) giň dünýägaraýşa we bilime eýe diplomat we söwdagärdi. Ol her iki döwletiň arasynda özara ynama esaslanan gatnaşyk emele gelmegi üçin ak ýürekden hereket edýär. Iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklary berkitmek işine goşan goşandy üçin Ernazarbiýe hatda Rus imperatory Ýekaterina II Buharada medrese gurmak üçin pul hem berýär. Ynha şu pula gurlan we Ernazarbiýiň ady bilen atlandyrylýan medrese häzire çenli dur.

Ol ilçi hökmünde söwda aragatnaşyklaryny ösdürmekden daşary Astrahan şäherinde Russiýa tarapyndan jome metjidini gurdurmakda hem-de emirligiň raýatlarynyň Astrahan arkaly haj saparyna erkin baryp gelmekleriniň kepillendirilmegini gazanýar.

Ernazarbiýiň ilçiliginden Daniýalbiý syýasy maksatlary hem gözläpdi. Mysal üçin, Buhara – Osmanly döwletiniň gatnaşyklary barada rus hökümetiniň nähili pikirdedigini bilmek maksadynda, onuň tabşyrmagyna görä, ilçi rus hökümetine Buharanyň Osmanly döwleti bilen dostlukly aragatnaşyklaryny berkitmäge hereket edýändigini hem mälim edýär. Şonuň ýaly-da, Russiýa arkaly Stambul şäherine barmak üçin rugsat soraýar. Elbetde, rus hökümeti Buharanyň esasy bäsdeşlerinden biri Osmanly döwletiniň hatarynda durmagyny islemeýärdi. Şonuň üçin hem rus hökümeti Daniýalbiýiň ähli haýyşlaryny ýerine ýetirýär.

Buhara – Russiýa syýasy gatnaşyklarynda 1797-nji ýylda emir Şamyrat iberen Pälwanguly kurçy ilçiligi aýratyn orun eýeleýär. Pälwanguly ilçiliginiň iberilmegine Eýranyň Buhara emirliginiň howpsuzlygyna howp salyp başlanlygy sebäp bolýar. Bu döwürde Kawkazda Russiýa – Eýran gatnaşyklary hem ýitileşipdi. Emir Şamyrat bu faktordan peýdalanmagy karar edýär we Buhara – Eýran arasynda uruş gelip çykaýsa, bilelikde hereket etmegi teklip edýär. Ýöne



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýewropadaky meseleleri bilen meşgul bolan Russiýa bu teklibi kabul etmeýär. Emir Haýdar we emir Nasrulla hökümdarlygy döwründe hem Russiýa – Buhara gatnaşyklary dowam edýär. Her iki tarap birbirine ilçiler iberip durýarlar. Emir Haýdar iberen ilçiler Russiýanyň hökümetiniň öňüne Ural derýasynyň Aziýa kontinenti böleginden emirligiň söwdagärlerine hak tölemezden çarwa mallaryny bakmak üçin ýer bölüp bermek, Buhara polat satmak, söwda kerwenleriniň talanmagyna ýol bermezlik ýaly meseleleri goýýarlar.

Gozgalan meselelerden çarwa mallaryny bakmaga bölünip berilýän ýerler üçin hak tölemezlik haýyşy kabul edilmeýär. Söwda kerwenleriniň garakçylaryna bilelikde garşy göreşe razylyk berilýär.

Emir Nasrulla hökümdarlygy döwründe iberilen ilçiler rus hökümetiniň öňüne, esasan, Buhara harytlaryndan alynýan paç tölegleri kemeltmek, dag-magdan işlerini alyp barmak üçin hünärmenler ibermek hem-de emirlige top ýaragyny satmak ýaly meseleleri goýýarlar.

Bu döwürde Beýik Britaniýanyň içalylary we harytlarynyň Orta Aziýa girip gelmeginiň giňelmegi Russiýany howatyrlandyrýar. Meselem, Banorasdan (Hindistan) garaşylýan iňlis harytlary bu ýerde öz nyrhyndan 6 – 9 esse arzan bahada satylyp başlanýar.

Emir Nasrullanyň dag-magdan hünärmenleri ibermek baradaky haýyşy kabul edilýär. Olar Buhara gaýdyp gelýän söwda kerwenine goşup iberilýär. Ýöne kerwen ýolda hüjüme duçar bolýar we inženerler ekspedisiýasy uly kynçylyklar bilen Orenburga gaýdýar.

1858-nji ýylda Buhara polkownik Ignatýewiň ýolbaşçylygynda Russiýanyň ilçileri gelýär. Bu Buhara emirliginiň garaşsyz döwlet derejesindäki ahyrky ilçilik bolýar. Gepleşikler dowamynda Russiýa bilen söwda-satyk işlerinde Buharanyň söwdagärlerine uly ýeňillikler berilýär.

Şol bir wagtda, Emir Nasrulla Beýik Britaniýanyň ilçilerini kabul etmeýänligini, Owganystanyň emirinden olary Buhara geçmäge rugsat bermezligini sorajakdygyny mälim edýär. Ýöne Rus imperiýasynyň hökümdarlary özlerini Buhara emirligine her näçe dost edip görkezseler-de, olar Orta Aziýany bütinleý basyp almaga gizlinlikde taýýarlanýardylar. Şonuň üçin hem Russiýa Ignatýewiň ilçiliginden soň başga ilçi ibermeýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

http://eduportal.uz

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Beýik Britaniýa – Russiýa bäsdeşligi**

XIX asyryň birinji ýarymynda Beýik Britaniýa bilen Russiýanyň arasynda Orta Aziýada bäsdeşlik güýçlenýär. Muňa bu iki kolonizator döwletleriň özbek döwletleriniň hasabyna täze koloniýalara eýe bolmaga, olaryň bazarlaryny we baý çig mal çeşmelerini ele almaga dyrjaşmagy sebäp bolýar.

Hindistanda pugta ornaşyp alan Beýik Britaniýa Russiýanyň özbek döwletlerindäki täsirini ýoga çykarmak hem-de olary öz täsir sferasyna almak maksadynda ýörite ekspedisiýalary iberip başlaýar. Ekspedisiýalaryň üstüne, şol bir wagtda, ýerli abraýly güýçler bilen aragatnaşygy ýola goýmak wezipesi hem ýüklenýär.

**Beýik Britaniýa ekspedisiýalary**

Beýik Britaniýa ilki 1825-nji ýylda ofiser U. Murkfordyň ýolbaşçylygynda ekspedisiýa iberýär. Ekspedisiýa netijesinde iňlisler Buhara emirligini her taraplaýyn öwrenmegi we ýerli hökümdarlaryň arasynda özlerine tarapdar topary şekillendirmegi başarýarlar.

Murkfordyň ekspedisiýasyndan habar tapan Russiýa aladalanýar. Netijede, Russiýanyň hökümeti Buhara emiri Haýdara iňlisleriň Buharadaky hereketinden närazydygyny bildirýär.

1832-nji ýylda Aleksandr Býornsyň ýolbaşçylygynda nobatdaky iňlis missiýasy Buhara gelýär. Ol özüni ermeni söwdagäri diýip tanyşdyrýar we Buhara emirliginiň goşbegisi bilen aragatnaşyk baglaýar. Beýik Britaniýanyň hökümeti Hindistan bilen Orta Aziýanyň arasynda söwda aragatnaşyklarynyň giňelmegine özüniň özbek döwletlerindäki täsirini emele getirmegiň esasy ýoly diýip garaýardy. Şonuň üçin hem Beýik Britaniýa hindi söwdagärlerine özbek döwletleri bilen söwda-satyk aragatnaşyklaryny ýola goýmakda uly kömek edýär.

A. Býorns ýurduň çäginde uly razwedka maglumatlaryny hem toplamagy başarýar. Bu ilçilik missiýasy Orta Aziýada Beýik Britaniýa söwdasynyň ösmegine kömek edýär.

1839-njy ýylda Beýik Britaniýa Owganystana garşy harby hereketleri başlanda Russiýa – Beýik Britaniýa gatnaşyklary ýene-de ýitileşýär. Eger Owganystan basyp alynýan bolsa, nobat Orta Aziýa gelmegi mümkindi.

Russiýanyň Krym urşundaky şowsuzlygy Orta Aziýanyň Russiýa üçin syýasy we strategik ähmiýetiniň nähili derejede uludygyny görkezýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Russiýa Beýik Britaniýa harby flotunyň Gara deňizden howp salmak mümkinçiligini ýoga çykaryp bilýän faktor zerurdy. Orta Aziýany eýelemek ynha şeýle faktor bolup bilerdi. Çünki Russiýa Beýik Britaniýa üçin örän möhüm bolan Hindistana gönüden-göni howp salmak mümkinçiligine eýe bolardy. Beýik Britaniýa bolsa muny asla islemeýärdi. Russiýanyň Hindistana wehim döretmek mümkinligi Beýik Britaniýany Gara deňziň kenarlaryna utgaşýan Russiýanyň çäklerine howp salmak mümkinçiliginden mahrum edýär. Ikinjiden, Orta Aziýany eýelemek ösýän Russiýanyň senagatyny arzan çig mal bilen doly üpjün etmek mümkinçiligini hem berýärdi. Ine şu iki faktor mundan soň Russiýanyň Orta Aziýa döwletleri, şol sanda, Buhara emirligine görä tutýan basybalyjylyk syýasatyny kesgitledi.

?

1. Emirligiň daşary syýasatynyň esasy prinsiplerini aýdyp beriň.
2. Näme üçin Beýik Britaniýa Orta Aziýa üns berip başlaýar?
3. Russiýanyň ilçisi polkownik Ignatýew 1858-nji ýylda emir bilen haýsy meselelerde ylalaşyk gazandylar?
4. XIX asyryň birinji ýarymynda özbek döwletleri meselesinde Rus – Britan bäsdeşliginiň güýçlenmegine nämeler sebäp boldy?
5. Beýik Britaniýanyň Orta Aziýa iberen ekspedisiýalary nähili wezipeleri ýerine ýetirdi?
6. Russiýany Orta Aziýany harby güýç bilen eýelemegini çaltlandyrmaga ündän faktorlar barada nämeleri bildiňiz?

**Pikir ýörediň**

Bu günki günde döwletara gatnaşyklar nähili prinsiplere esaslanýar?

## 21-§. Buhara emirliginde medeni durmuş

**Taryh ylmy**

Aştarhanylar hökümdarlygy döwründen başlap medeni-ruhy durmuşyň ösüşiniň böwedine öwrülen dini fanatizm mangytlar hökümdarlygy döwründe hem tehniki we tebigy ylymlaryň ösmegine mümkinçilik bermeýär. Çünki dini fanatizmiň görnükli wekilleri bu ylymlar ugrunda amala aşyrylmagy mümkin bolan islendik açyşy Hudaýyň halanyna şek ýetirmek diýip bahalaýardylar. Şu sebäpli bu döwürde esasy eserler taryh, edebiýat, sungat we binagärlik ugrunda döredilipdir. XIX asyryň birinji ýarymynda döredijilik eden taryhçy alym *Muhammet Ýakup*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

http://eduportal.uz

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*ibn Daniýalbiý* „Gülşen ul-mülük“ („Patyşalar gülşeni“) atly eser ýazyp galdyrypdyr. Bu eser iki bölekden ybarat bolup, birinji bölegi Buharanyň gadymky taryhy, onuň hökümdarlarynyň şejeresiniň beýanyna bagyşlanypdyr. Eseriň ikinji böleginde bolsa Orta Aziýanyň XVIII we XIX asyryň başlaryndaky taryhy beýan edilýär. XIX asyrda ýazylan *Mürze Şams Buhary*nyň „Baýoni aýrim havodisoti Buhara, Hokand we Koşg‘ar“ („Buharanyň, Kokandyň we Kaşgaryň käbir waka-hadysalarynyň beýany“) eseri, şonuň ýaly-da, *Mir Alym Buhary*nyň „Fathnomaýi soltaniý“, *Muhammet Hekimhan*yň „Ýylnamalar toplumy“, şonuň ýaly-da, bu döwürde ýazylan „Taryhy emir Haýdar“ ýaly eserler taryhymyz üçin möhüm çeşmeler hasaplanýar.

**Edebiýat**

Bu döwrüň edebiýatynda öz döwrüniň meşhur şahyrlary we ýazyjylary döredijilik edipdirler. Olardan biri özboluşly talant eýesi *Muhammetniýaz Nişoty*dy. Şahyr 1778-nji ýylda özüniň ajaýyp „Husn-u Dil“ poemasyny döredýär. Özbek edebiýatynyň uly üstünligi hasaplanýan bu eseri şahyr kinaýaly şekilde ýazypdyr. Poemanyň gahrymanlary – Akyl, Husn, Ýürek, Hyýal, Wepa, Nazar, Yşk we başgalaryň her biri örän gözel ynsany sypatlara eýe. Rakyp, Hile, Nebis obrazlary bolsa erbet sypatlar hem-de dürli ýowuzlyklaryň tymsalydy.

Poemada adamlar bilen döwletleriň arasyndaky dawalar, bahyllyk we başga ahlak kemçilikler garalanýar. Gowulyk we ýamanlygyň arasyndaky garaýyşlarda haýyrly ymtylyşlar, akyl we asylly niýetler üstün çykýar. Mundan daşary, Nişotynyň edebi döredijiligindäki ýene bir özboluşlylyk – edebiýatda çekişme žanrynyň ösmegine uly goşant goşanlygydyr. Bu babatda onuň „Guşlaryň çekişmesi“ toplumy uly ähmiýete eýe. Eserde şol döwürdäki sosial düzüme mahsus nogsan, tümlük, wezipeparazlyk kinaýaly görnüşde tankyt edilen. Zähmetkeşleriň sadalygy bolsa beýgeldilipdir. Eserde leglek, zakyja, bilbil, tawus, totuguş, humaý ýaly jemi 14 guşuň arasynda bolup geçen çekişme suratlandyrylýar.

Bu döwrüň ýene meşhur şahyrlary *Mujrim Obid* we *Wola*lardy. *Mujrim Obid*iň eserlerinde jemgyýetdäki sosial deňsizlik, adalatsyzlyk we adamlaryň gylyklaryndaky nogsanlar tankyt astyna alynýar.

Wolanyň (1770 – 1842) gözi dogabitdi görmese-de, tebigat oňa güýçli erk, akyl, huş we ukyp hem-de ýakymly ses beripdir. Şahyr goşgularyndan 2 diwan düzýär. Bize çenli 3 müň misre goşgulary ýetip gelip, olarda halk başyna düşen külpetler we kynçylyklar wasp edilen.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Şekillendiriş sungaty we saz

Buharada hatdatlyk, miniatura hem-de golýazmalary nagyşly bezeg sungaty ösýär. Bu ugruň ençeme ýetik bilimdanlary döwrüne laýyk ýadygärlik galdyrypdyrlar. Meselem, Emir Haýdar döwründe döredijilik eden *Mir Ma'sum Olamiýan* „Ahloki Muhsiniý“ kitabyny hem-de Saadynyň goşgy eserlerini surat bilen bezeýär.

*Mürze Sadyk Jandary* Nasrullahan emirligi döwründe golýazma kitaplara sahypalar, Saady we Hafyz eserlerine durmuş görnüşleri şekillendirilen suratlary işläpdir.

Iri alym, şahyr *Ahmet Danyş* (1827 – 1897) 20 ýylyň dowamynda Buharanyň köşk kitaphanasynda hatdatlyk we suratkeşlik bilen meşgullanýar. Ol lukmançylyk we hasap ylymlary, binagärlik we saz sungatyny hem öwrenýär. Ahmet Danyş göçüren, bezän ýa-da surat çeken golýazmalaryň içinde „Şasy darweş“, „Ajaýyp at-tabakot“ we başga eserler munuň delilidir.

Buhara ýokary ussat saz sungatynyň merkezlerinden biri bolupdyr. Meselem, Buharada emele gelen „Şaşmakom“ munuň aýdyň delilidir. Buhara ŞaŞmakomy Buzruk, Rast, Nowa, Dugah, Segah we Yrak mukamlaryndan ybarat bolup, 250-den artyk dürli heňler we aýdym nusgalaryndan ybarat.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýoýew şeýle diýipdi: *„Halkymyzyň çeper aňynyň önümi bolan „Şaşmakom“, ýagny alty mukamy, ýeri gelende aýtsak, alty uly derýa deňemek mümkin. Bu derýalar asyrlaryň dowamynda jahan medeniýet ummanyna guýlup, ony her taraplaýyn doldurup, baýlaşdyryp gelýär. Şonuň üçin hem bu beýik sazly dürdäne ÝUNESKO tarapyndan jahan medeni mirasy sanawyna girizilendigi çuňňur mana we ähmiýete eýe“.*

Mukam aýdymlarynyň goşgusynyň teksti Rudaki, Jamy, Nowaýy, Fuzuly, Bedil, Babur, Nadyra we Meşrep ýaly türki we pars dilli nusgawy şahyrlaryň lirikasyndan düzülen. Şaşmakom agzeki ýagdaýda halypa-şägirt däbi şeklinde nesilden-nesle geçip gelýär.

> 2018-nji ýylyň 6 – 10-njy sentýabr günleri Şährisebz şäherinde Halkara mukam sungaty maslahaty bolup geçdi. Onda dünýäniň 73 döwletinden 300-e ýakyn ýekelikdäki ýerine ýetirijiler we aýdym-saz toparlary gatnaşdylar. Maslahatyň baş baýragyny Täjigistanyň mukam akademiýasy aldy.



http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Tälim**

Buhara emirliginde tälim ulgamy aştarhanylar döwründäki görnüşde saklap galynýar. Ýagny okuw mekdepleri emirlikde-de başlangyç (mekdephana) we ýokary (medrese) mekdepden ybaratdy. Mekdephanalar, esasan, metjitleriň ýanynda açylypdyr. Olarda ymamlar mugallymçylyk edipdirler. Emir Haýdar 1803–1804-nji ýyllarda özgertme geçirýär. Oňa görä emirlikde hemme raýatlar üçin zerur umumy tälim girizilýär. Özgertmäni amala aşyrmak üçin her bir beklige ýörite wekiller iberilýär. Şol bir wagtda ýegeni – Karşy begi Saýýid Ahmet hoja Faýzy emirlik boýunça jogapkär edip bellenýär. Emir Haýdar ýegenine ýollan hatynda, şol sanda, şeýle ýazypdy: „Siz... mugallymlara aýdyň, ýagny olar zerur umumy tälimi ähli tabyn halk pugta eýelemegini üpjün etsinler... Ähli adamlar umumy zerur tälimi pugta eýelesinler“.

Medrese tälimi üç basgançakdy. Bu döwürde Buharada 60 medrese, 300 metjit işleýärdi. Medreselerde 9 müňden 10 müňe çenli talyp bilim alypdyr.

Anky ylymlardan daşary taryh, geografiýa, dil we edebiýat, arap dili, şonuň ýaly-da, ylahyýet ylmyndan tälim berlipdir. Tebigy ylymlar, esasan, orta asyr awtorlarynyň eserlerini gaýtalamakdan aňry geçmändir. Taryh dersleri bolsa awtory näbelli bolan „Taryhy Isgenderi“ we XIII asyrda ýaşap geçen Alouddin Atamälik Juweýniniň „Taryhy Jahankuşoý“ eserleri esasynda alnyp barlypdyr.

Juweýni (1226–1283) taryhçy alym we döwlet işgäri bolupdy. Ol arap, pars, mongol we uýgur dillerini kämil bilipdir. Öz eserini Mongoliýanyň, Orta Aziýanyň hem-de Eýranyň XIII asyrdaky taryhyna bagyşlapdyr. Eser üç bölekden ybarat bolup, birinji böleginde Çingiz hanyň basybalyjylykly uruşlary, şonuň ýaly-da, Juçy han we Çagataý hem-de olaryň nesilleriniň taryhy barada hekaýa edýär.

Ikinji bölegi bolsa Horezmşalar we Horasanyň mongol hökümdarlary döwrüniň taryhyna bagyşlanan.

Üçünji böleginde Huloku hanyň Eýrany zabt edişi ýaly wakalar taryhy açyp görkezilen.

Eseriň 1–2-nji bölekleri Orta Aziýanyň taryhy üçin aýratyn gymmata eýe.

Mekdephanalardaky we medreselerdäki tälim harajatlary wakf emläginiň hasabyndan amala aşyrylypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hökümdarlar tälim ulgamynyň maddy üpjünçiligini gözegçilikde saklapdyrlar. Medrese ylmynyň ýagdaýy bilen gyzyklanyp durupdyrlar. Meselem, emir Haýdar öz döwrüniň bilimdan hökümdarlaryndan biridi. Gurhany ýatdan bilýärdi. Emiriň huzurynda ýygy-ýygydan dini we ylmy çekişmeler geçirilip durulýardy. Buhara medreselerine daşary döwletlerden okamaga gelýänleriň sany barha artypdyr. Olar üçin amatly şert döretmek çäreleri görlüpdir. Emir Haýdaryň özi-de medrese talyplaryna sapak beripdir.

**Makom** – sazda bir bölekli ýa-da toparly saz we aýdym ýollary; sazly stil.

1. Taryh ylmy ugrunda döredilen eserleriň sanawyny düzüň.
2. Muhammetniýaz Nişotynyň döredijiligine degişli eserleriň mazmuny barada nämeleri bildiňiz?
3. Şahyr Mujrim Obid şygryýetinde tankyt edilen nogsanlar nämeden habar berýär?
4. Hatdatlyk we miniatýura sungaty ugrundaky döredijilik nusgalaryna mysallar getiriň.
5. Saz sungatynyň mukam žanry barada aýdyp beriň.

**Buharada XVI – XIX asyryň birinji ýarymynda hökümdarlyk eden dinastiýalar**

| № | Dinastiýalaryň ady | Hökümdarlyk ýyllary | Dinastiýanyň iň meşhur hökümdarlary | Döredilen taryhy eserler |
|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | |
| 2. | | | | |
| 3. | | | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# *III BAP.* HYWA HANLYGY

## 22-§. Hywa hanlygynyň döremegi

### Horezmiň garaşsyzlygy üçin göreş

Horezm Şeýbany hanyň hüjüminiň öňüsyrasynda temuri Soltan Hüseýin Baýkara hökümdar bolan Horasan döwletiniň garamagyndady. Hüseýin Baýkara Horezme goňrat taýpasyndan çykan Çin Sofini naýyp edip belläpdi.

1505-nji ýylda Şeýbany han, 1510-njy ýylda bolsa Eýran hökümdary şa Ysmaýyl Horezmi basyp alýarlar. Ýöne şa Ysmaýylyň hökümdarlygy uzaga barmaýar. Horezmliler sefewiler hökümdarlygyna garşy göreşe başlaýar. Bu göreşe ýerli asylzadalar ýolbaşçylyk edýär. Hususan-da, Horezmi Eýran sefewilerinden azat etmek we garaşsyz döwlet düzmek üçin başlanan göreşiň başyny başlaýjysy şol döwürde Horezmiň merkezi bolan Wezir şäheriniň kazysy Omar kary bolýar. Ol horezmlileri sefewilere garşy göreşe çagyrýar. Horezm halkyny garaşsyzlyk üçin göreşe galdyrmakda Saýid Hisamiddin kattol hem uly rol oýnaýar.

Horezmiň boljak hökümdary häkimiýetiniň kanuny derejä eýe bolmagy örän möhümdi. Şu sebäpli garaşsyzlyk üçin göreşiň ýolbaşçylary Horezmiň tagtyna Deşti Gypjakdaky Şeýban neslinden bolan Berka Soltanyň ogly Ilbars hany teklip edýärler. Berka Soltanyň maşgalasy Şeýbany hanyň maşgalasy bilen bir şejereden bolsa-da, bir-birine duşmançylykly gatnaşykda bolupdyrlar. 1480-nji ýylda özara tagt üçin göreşde Muhammet Şeýbany han tarapyndan öz babakelany Şeýbany han nesline degişli Berka Soltanyň öldürilenligi munuň sebäplerinden biridi. Ilbars han 1512-nji ýylda Horezmiň tagtyna oturdylýar.

Ilbars hanyň döwründe ýurt paýtagty Wezir şäherinden Ürgenç şäherine göçürilýär. Ilbars han Wezir şäherini Eýranyň goşunlaryndan azat edensoň, bu ýeňşiň şanyna öz ogullarynyň adyna „gazy“ lakamyny goşup aýtmagy buýurýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Azatlyk söýüji Horezm halkynyň azatlyk üçin göreşinde gazanan ýeňşi netijesinde, 1512-nji ýylda Horezmiň garaşsyzlygy dikeldilýär we bu garaşsyz döwlet soňluk bilen Hywa hanlygy diýlip atlandyrylyp başlanýar. Hywa hanlygynda şeýbanylar hökümdarlygy 1770-nji ýyla çenli dowam edýär. Hywa şeýbanylary Juçy hanyň bäşinji ogly Şeýban neslinden bolan Arap şa ibn Poladyň nesilleri bolanlygy üçin arabşalar diýlip hem atlandyrylýarlar.

### Sosial-ykdysady we syýasy durmuş

Mawerannahrdaky şeýbanylar döwleti ýaly Hywa hanlygy hem birnäçe uly-kiçi mülklere bölünýär. Hanlykda iri özbek taýpalarynyň başlyklary amalda garaşsyz ýer eýelerine öwrülýär. Olar hanlygyň bütin sosial-syýasy durmuşyna aýgytlaýjy täsir edip gelipdirler.

Şol bir wagtda, olar merkezi häkimiýete boýun egmezlige, garaşsyzlyga ymtylýarlar. Bu ýagdaý özara dawalary çuňlaşdyrýar. Munuň üstesine, XVI asyryň 70-nji ýyllarynda Hywa hanlygy ykdysady krizise duçar bolýar. Onuň esasy sebäplerinden biri – Amyderýanyň öz özenini üýtgedip, Aral deňzi ýönelişinde akyp başlanydy. Şonuň netijesinde köne özeniň töweregindäki ýerler çöle öwrülýär. Ilat bolsa hanlygyň başga çäklerine göçmäge mejbur bolýar. Mundan daşary, Hywa hanlygynyň XVI asyrda iki gezek Buhara hanlygy tarapyndan basyp alynmagy, şonuň ýaly-da, özara taýpa dawalary, agyr salgytlar hem-de dürli tölegler we jerimeler ýurduň ilatyny tozdurýar. Söwda-satyga uly putur ýetýär.

### XVI asyrda Hywa – Buhara gatnaşyklary

Merkezi Aziýada ilki dörän iki özbek döwleti – Buhara bilen Hywa hanlygynyň arasynda özara sowuk gatnaşyklar höküm sürýär. Munuň esasy sebäbi – hanlyklaryň basybalyjylykly uruşlarynyň hasabyna öz çäklerini bir-biriniň hasabyna giňeltmäge çalyşmagy bolsa, ikinjisi, Buhara we Hywa hanlygynda hökümdar dinastiýalaryň bir-birine ganym bolup galan maşgalalara degişliligidi.

Buhara hany Ubaýdulla han 1537–1538-nji ýyllarda Horezme hüjüm edip, Hywa hanlygyny boýun egdirýär. Ubaýdulla han ogly Abdulezizi Horezme naýyp edip belleýär. Ýöne bu ýagdaý uzak dowam etmeýär. Azatlyk söýüji Horezm halkynyň azatlyk üçin göreşi netijesinde ýurduň garaşsyzlygy dikeldilýär. Ubaýdulla han



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

iberen goşun bolsa derbi-dagyn edilýär. Abduleziz han Buhara gaçyp gelmäge mejbur bolýar. Soňky hökümdarlar döwründe hem bu iki hanlygyň arasyndaky duşmanlyk we ganymlyk bes edilmeýär.

Şol sanda, Buhara hany Abdulla han II 1595-nji ýylda Hywa hanlygyny boýun egdirýär. Diňe 1598-nji ýylda Abdulla han II aradan çykansoň Buhara hanlygynda başlanan özara tagt üçin göreşler netijesinde Hywa hanlygy ýene garaşsyz döwlete öwrülýär.

- 1510-njy ýyl – Ysmaýyl Sefewi Horezmi basyp alýar.
- 1512-nji ýyl – Orta Aziýada ikinji özbek döwleti – soňluk bilen Hywa hanlygy diýlip atlandyrylypdyr döwlet döredilýär.

1. Hywa hanlygynyň döremegi barada aýdyp beriň.
2. XVI asyrda Hywa hanlygynyň ykdysady durmuşynda ýüze çykan krizisiň sebäplerini aýdyp beriň.
3. Hywa we Buhara hanlyklarynyň gatnaşyklarynda ganymlyk keýpi güýçli bolanlygyny mysallaryň kömeginde esaslandyryp beriň.

## 23-§. XVII–XVIII asyryň birinji ýarymynda hanlykdaky syýasy ýagdaý

### Syýasy dagynyklyk

XVII asyrdan başlap Hywa hanlary döwlet durmuşyna degişli her bir meseläni taýpa başlyklarysyz özbaşdak çözüp bilmeýän bolýarlar. Şol bir wagtda, olar hanyň takdyryny çözýärdiler. Şeýlelikde, bu ýagdaý Hywa hanlygynda döwlet dagynyklygy bolup geçenligini aňladýardy. Dagynyklyk Arap Muhammet han döwründe (1602–1623) ýokary nokadyna ýetýär. Amyderýanyň özeniniň özgermegi bu döwürde-de dowam edýär. Netijede, Arap Muhammet han hanlyk paýtagtyny Ürgençden Hywa göçürmäge mejbur bolýar. *Horezm döwleti indi Hywa hanlygy diýlip atlandyrylyp başlanýar.* Bolup geçen ykdysady pese gaçyşlyk döwletiň syýasy ýagdaýyna örän uly erbet täsir edýär. Mundan daşky güýçler peýdalanyp galmaga howlugýarlar. Mysal üçin, Arap Muhammet döwründe Russiýa araçägini gorap durupdyr. Ýaýyk kazaklarynyň atamany Neçaý we köp geçmän ataman Şamaý Ürgenje hüjüm edýärler. Bu hüjümler şowsuzlyga duçar bolan bolsa-da, hanlygy ykdysadyýetini weýran edýär.



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Abulgazy Bahadyrhan**

Tagt arzuwynda Arap Muhammet hanyň ogullary Hebeş we Elbars soltanlar käbir taýpa başlyklaryna daýanyp, atalaryna garşy pitne turuzýarlar. 1621-nji ýyldaky pitne çagynda atalary Arap Muhammet hanyň tarapynda onuň başga iki ogly – Isfendiýar we Abulgazy soltanlar uruşda gatnaşýarlar. Bu uruşda Hebeş we Elbars soltanlar ýeňiji bolýar. Diýen etmezek perzentleriň emri bilen ata ýesir alynýar.

Abulgazy han Buhara hany Imamguly hanyň köşgünde pena tapýar. Isfendiýar bolsa Eýran şasy Apbas I huzuryna ýol alýar. 1623-nji ýylda onuň kömeginde Hywanyň tagtyny eýeleýär we Hebeş hem-de Elbars öldürilýär. Bu wakadan habar tapan Abulgazy soltan Hywa gaýdýar. Isfendiýarhan (1623 – 1643) ony Ürgenç häkimi edip belleýär. Ýöne tiz arada aga-inileriň arasyndaky gatnaşyklar bozulýar. Netijede, Abulgazy soltan Türküstanda, Daşkentde we Buharada gazyp gezmäge mejbur bolýar. Isfendiýarhanyň syýasatyndan närazy bolan türkmenleriň çagyrmagy bilen ol ýene Hywa gaýdyp gelýär. Agasy oňa Hywany tabşyrmaga mejbur bolýar. Ýöne 1630-njy ýylda ony Eýran şasynyň huzuryna girew hökmünde iberýär. Abulgazy soltan Eýranda 10 ýyl ýesirlikde ýaşaýar. Ahyrynda, ýesirlikden gaçyp, Aral özbekleriniň karargähine ýetip gelýär. Isfendiýarhan aradan çykansoň, 1644-nji ýylda Hywa hanlygynyň tagtyny eýeleýär.

Abulgazy hanyň döwletliligi berkitmäge gönükdirilen özgertmeleri uly ähmiýete eýe bolýar. Ol döwletiň dolandyryş ulgamyny üýtgedýär. Käbir welaýatlaryň häkimligine urug başlyklaryny belleýär. Bir-biri bilen özara dawa edýän uruglaryň başlyklarynyň arasyndaky çaknyşyklaryň öňüni almak üçin ol Amyderýanyň aşaky akymynda ýaşaýan ilaty dört birleşmä bölýär. Olaryň her birine ýer bölüp berýär. Döwlet apparatynda möhüm administratiw wezipeleri eýeleýän şahslar olaryň arasyndan bellenýän bolýar.

Her bir taýpa toparyna inak bellenýär. Abulgazy Bahadyrhanyň permanyna görä, uruglaryň ýokary gatlagyndan hana maslahatçylyk edýän adamlar topary bölüp alynýar. Iň abraýly emeldarlar diýlip hasaplanýan inaklar hem olaryň arasyndan çykypdylar.

Abulgazy hanyň özgertmeleri mälim möhlete bolsa-da, döwlet häkimiýetiniň merkezleşmegine hem-de göçme we ýarym göçme taýpalaryň oturymlylaşma prosesini güýçlendirmäge hyzmat edýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Hywa – Buhara gatnaşyklary**

Gynansak-da, Hywa – Buhara gatnaşyklary ýiti geçdi. Buhara hanlygy Hywa hanlygyny öz emlägine goşup almak üçin birnäçe gezek synanyşýar. Abulgazy Bahadyrhan Buharanyň hüjümini gaýtarýar. Soňluk bilen amatly mümkinçilikler bolanda özi-de birnäçe gezek Buharanyň çäklerine çozup girýär. We ahyrynda, 1662-nji ýylda Buhara hanlygy bilen ýaraşyk baglaşýar. Abulgazy han 1663-nji ýylda häkimiýeti ogly Anuşa hana tabşyrýar. Onuň döwründe iki döwletiň gatnaşyklary ýene-de ýitileşýär. Anuşa hanyň döwründe Hywa – Buhara gatnaşyklary nähili geçenligi barada öňki temalardan bilipdiňiz. Anuşa hany tagtdan agdarmagy başaran Subhanguly han işikagabaşy Şaniýazy Hywa naýyp edip belleýär. Ýöne tiz arada Hywa hanlygynda Buhara, Russiýa we Eýran bähbitleri çaknyşýar.

Bähbitleriň çaknyşmagy Şaniýazyň Subhanguly hana hyýanat etmeginden başlanýar. Şaniýaz öz häkimiýetini berkitmäge we Buhara tabynlykdan gutulmaga çalşyp, Russiýanyň keşbinde güýçli goraga eýe bolmakçy bolýar. 1700-nji ýylda ol Subhanguly hana bildirmän, Pýotr I huzuryna ilçi iberip, özüne tabyn bolan bütin halk bilen bile Russiýanyň garamagyna kabul etmegi soraýar. Pýotr I 1700-nji ýylyň 30-njy iýunyndaky permany bilen bu haýyşa razylyk bildirýär. Ýöne bu perman amalda hiç peýda getirmeýär. Hywa hanlygynyň dagynyklygy Şirgazy hanyň döwründe (1715 – 1727), aýratynam, aýdyň ýüze çykýar. Özara içki dawalar sebäpli ýumrulýan döwletiň içki ýagdaýy daşary döwletleriň gatyşmagy sebäpli has-da agyrlaşýar. Meselem, 1714-nji ýylda Pýotr I guran A. Bekowiç-Çerkassiýniň ýolbaşçylygyndaky ekspedisiýa şol wagtda güýçli Russiýa döwletiniň Hywany öz täsirine boýun egdirmek ugrundaky ilkinji synanyşygy bolýar. Emma bu ekspedisiýa pajygaly tamamlanýar. Şundan soň Hywa esli wagta çenli Russiýa tarapyndan hüjüm bolmagy howpy astynda ýaşaýar. Ýöne „Demirgazyk uruş“ bilen meşgul bolan Russiýa harby hereketi başlap bilmeýär. Şeýle bolsa-da, Bekowiç-Çerkassiýniň harby „ekspedisiýasy“nyň heläkçiligi Hywa – Russiýa gatnaşyklaryny ýitileşdirip iberýär. Şeýle şertde Şirgazy han Buhara bilen gatnaşyklary ýumşatmaga çalyşýar. Ýöne Russiýa hüjümi howpy saklanyp duran bir wagtda her iki özbek hanlygy özara raýdaş bolmaga ymtylmagyň ýerine olaryň gatnaşyklaryndaky dartgynlyk has-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

da güýçlenýär. Muňa Buhara hany Abulfaýz hanyň adalylary Hywa hanyna garşy küşgürmegi sebäp bolýar. Netijede, Aralýaka ilaty Hywa hanlygyndan bölünip çykýar. Hywa hanlygynda başlanan özara göreş kä ol, kä bu tarapyň üstünligi bilen tä Şirgazy han aradan çykýança dowam edýär. Taýpalar özara ylalaşyp bilmänsoň, indi tagta Gazak hanlygyndan çingiziý soltanlary oturtmak başlanýar. 1728-nji ýylda tagta geçen Ilbars han olaryň birinjisi bolýar (1728 – 1740). Eýran şasy Nedir şa hanlykdaky syýasy durnuksyzlykdan peýdalanyp, 1740-njy ýylda Hywany basyp alýar we Hywa öz adamyny häkim edip belleýär. Hywada Eýran dolandyryş ulgamy ornaşdyrylýar. Ýöne Eýrana tabynlyk döwründe hem içki dawalar togtamaýar. Tersine, tagt üçin taýpaara aýawsyz göreş başlanýar. Tagta bolsa bilgeşleýin çingiziler nesline degişli hanlary oturtmak dowam edýär we olar tiz-tizden çalşyrylyp durulýar. Bu hadysa hanlygyň taryhyna „hanlaryň oýny“ ady bilen girdi.

Hanlar bolsa amalda inaklaryň elinde bakna bolup galypdylar. Özara içki göreşlerde mälim möhlet türkmen ýomutlarynyň işi şowuna düşýär. Olar 1764-nji ýylda häkimiýeti amalda öz eline alýarlar. Ýöne olar döwleti dolandyrmagy başarmaýarlar. Olaryň zorluklary we talaňçylyklary hanlygyň ilatyny, olary goldan güýçleri-de özlerine garşy edip goýýar. Hanlykdaky bu içki başbaşdaklyk goňrat taýpasy häkimiýet başyna gelýänçe dowam edýär.

?

1. XVII asyrdan başlap Hywa hanlygynda barha güýjän iki prosesi aýdyp beriň.
2. Abulgazy Bahadyr han nädip häkimiýet başyna geldi?
3. Hywa – Buhara gatnaşyklaryndaky dartgynlyk nähili netijelere getirdi?
4. Hywa hanlygynyň Eýran tarapyndan basyp alynmagyna sebäp bolan faktorlary anyklaň.
5. Nähili faktorlar Hywa hanlygynda häkimiýetiň goňratlar dinastiýasynyň eline geçmegine ýol açdy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 24-§. Hywa hanlygynda goňratlar dinastiýasy hökümdarlygynyň ornaşdyrylmagy. XVIII asyryň ahyry – XIX asyryň birinji ýarymynda hanlygyň syýasy ýagdaýy

### Goňrat dinastiýasynyň häkimiýet başyna gelmegi

Hywa hanlygyndaky başbaşdaklyklara we özara dyngysyz içki uruşlary kimdir togtatmagy taryhy zerurlyga öwrülýär. Çünki hanlygyň ykdysady ýagdaýy, ilki bilen, syýasy dagynyklykdan we özara içki uruşlardan, şonuň ýaly-da, duşman döwletleriň hüjüminden uly zyýan çekýär. Ikinjiden, halk özüniň biaman talanmagy, dyngysyz uruşlar sebäpli weýran bolmagy netijesinde daş-töwerekdäki ýurtlara gaçyp gidip jan saklamaga mejbur bolýar. Netijede, köp ýerler taşlandy ýagdaýa düşüp galýar. Bu faktorlar, öz nobatynda, aristokratlar bilen taýpalaryň arasyndaky dawalary bes etmegi başarýan güýçli merkezi häkimiýetiň gurulmagyny talap edýärdi.

Şeýle häkimiýeti gurmagy başarýan güýç hökmünde meýdana özbekleriň goňrat taýpasy çykýar. XVIII asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap Hywa hanlygynda häkimiýeti goňrat taýpasy öz eline alyp başlaýar. Iri aristokratlaryň we ruhanylar gatlagynyň goldawyna daýanan goňrat taýpasynyň ýolbaşçysy Muhammet Emin 1761-nji ýylda inaklyk wezipesine göterilýär. Ol türkmen taýpalaryna garşy göreş alyp barýar. Ýöne ilki şowsuzlyga duçar bolup, Buhara emirligine – Daniýalbiý atalygyň huzuryna gidýär. Türkmen taýpalary Horezmi eýeleýärler we köp, Hazarasp, Hanka, Ürgenç, Kät, Şabat şäherlerini weýran edýärler. Açlyk we mergi ýaýrap, ilat Aralýakalara we Buhara gitmäge mejbur bolýar.

Buhara emirliginiň kömegine daýanan Muhammet Emin inak 1770-nji ýylda Buharadan gaýdyp gelýär we türkmen taýpasyny Hywadan kowup çykarýar we ýerli bekleri hem boýun egdirmegi başarýar. Şeýlelikde Hywa hanlygynda häkimiýet onuň eline geçýär.

Muhammet Emin ýurtda öňkä garanda syýasy asudalyk ýagdaýyny döretmegi başarýar. Bularyň ählisi ýurduň ykdysadyýetiniň ýokarlanmagyny üpjün edýär. Jan saklamak üçin özge ýurtlara gaçyp giden raýatlar ýene gaýdyp gelip başlaýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Şeýdip, 1770-nji ýylda hanlykda goňratlar dinastiýasynyň hökümdarlygy ornaşdyrylýar. Ýöne bu dinastiýa çingiziler nesline degişli bolmanlygy üçin tagtda öňki dinastiýa wekillerini saklap gelýärler. Olar aslynda galp hanlar bolup, amalda hiç hili häkimiýete eýe bolmandyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Öwez Muhammet inak döwründe Hywa hanlygy ykdysady taýdan ep-esli pugtalanýar. Muhammet Emin (1770 – 1790) hem, onuň ogly Öwez (1790 – 1804) hem döwlet häkimiýetini inak derejesinde dolandyrýarlar. Diňe Öweziň ogly Eltuzar 1804-nji ýylda özüni han diýip yglan edýär. Bu sene hanlygyň taryhyna goňratlar dinastiýasy hökümdarlygy resmi taýdan ornaşdyrylan sene hökmünde girdi. Dinastiýa 1920-nji ýyla çenli Hywa hanlygyny dolandyrýar.

Eltuzarhan hanlykda merkezleşen döwlet syýasatyny ýöretmäge çalyşýar. Ýöne ol 1806-njy ýylda Hywa – Buhara urşunda heläk bolýar.

## Muhammet Rahim han I döwründe Hywa hanlygy

Eltuzarhan aradan çykansoň, tagta onuň inisi Muhammet Rahim han I geçýär. Muhammet Rahim han I Hywa hanlygyny syýasy taýdan birleşdirmäge girişýär. Bu örän möhüm, gerek bolsa, ýaşaýyş ýa-da ölüm meselesidi. Çünki Russiýa tarapyndan pugtalanan Orenburg liniýasynyň peýda bolmagy Hywa hanlygyna gönüden-göni howp salýardy. Ikinjiden, Buhara emirliginiň hüjümlerine garşy durmak hem zerurdy. Hanlygy syýasy taýdan birleşdirmezden we merkezi häkimiýeti pugtalamazdan daşary döwletleriň howpunyň güýjüni kemeltmek kyndy. Birleşdirmek prosesi türkmen taýpalaryny boýun egdirmekden başlanýar. Türkmenleriň dürli taýpalary näçe köp garşylyk görkezseler-de, yzly-yzyna boýun egdirip barylýar. Boýun egmegi islemedik ýomut taýpasy Horasana göçüp gidýär. Ýöne Eýran hökümetiniň basyşy astynda hem-de öri meýdanynyň ýoklugy netijesinde ýene Hywa hanlygynyň çägine gaýdyp gelýärler. Indi olar Hywa hany tarapyndan bölünip berlen çäkde ýerleşmäge mejbur bolýarlar. Şu döwürden başlap, ýomut taýpasynyň takdyry Hywa hanlygy bilen üzül-kesil baglanýar we hanlygyň raýatlarynyň düzümine alynýar. Olara hem salgyt tölemek bellenýär. Şonuň ýalyda, hanyň goşunyna bellenilen mukdarda nöker ibermek borjy hem ýüklenýär.

Olar hanyň goşunynda ak ýürekli gulluk edýärler. Muhammet Rahim han I özbeklerden we türkmenlerden düzülen *„hanyň nökerleri“* diýlip atlandyrylýan regulýar goşuna daýanyp iri aristokratlaryň we Aralýaka özbekleriň garşylygyny syndyrýar. 1811-nji ýylda bolsa garagalpaklar hem boýun egmäge mejbur edilýär. Şeýdip Muhammet



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Muhammet Rahim hanyň özgertmeleri

Rahim han I döwründe hanlyk syýasy taýdan birleşdirilýär. Şol bir wagtda, onuň çäkleri has-da giňeldilýär. Ýurtda öňkä garanda durnuklylyk üpjün edilýär. Şol bir wagtda, döwlet dolandyryşynda, salgyt ulgamynda özgertmeler geçirilýär Gümrük gullugy we zikgehana döredilýär. 1809-njy ýylda tylla teňňe zikgelemek ýola goýulýar. Döwlet dolandyryşy ugrunda geçirilen özgertmä görä, hanyň huzurynda ýokary dolandyryş organy – Ýokary Geňeş esaslandyrylýar.

Ygtyýarlygy çäklendirilen bolsa-da, Geňeş döwletiň han permanlaryny tassyklamak, ýerine ýetiriji we sud häkimiýeti wezipesini ýerine ýetirýär. Ýokary Geňeşe hanyň özi ýolbaşçylyk edýär. Ýokary Geňeşiň işinde hanyň ýakyn garyndaşlary, mehtar, goşbegi, diwanbegi, nakib, şeýhulyslam, baş kazy, inak, atalyk we biýler gatnaşýar. Ýokary Geňeşiň mejlisi hepdede bir gezek geçirilipdir we onda döwletiň içki we daşary syýasatyna degişli iň möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Şol bir wagtda, hanlygyň durmuşyna degişli gündelik meseleleri çözmek üçin *Kiçi Geňeş* hem döredilip, onu işinde handan daşary mehtar, goşbegi, diwanbegi, nakib we şeýhulyslam gatnaşýar.

Salgyt ulgamynda geçirilen özgertmä görä, salgytlaryň birsydyrgyn ýygnalmagy üpjün edilýär. Bu ýerden alynýan salgydyň ýerli häkimler tarapyndan ýygnalyşyny çäklendirmek, salgytlaryň han tarapyndan bellenen döwlet emeldarlary tarapyndan ýygnamak tertibini girizmek arkaly gazanylýar. Şol bir wagtda, ýer salgydynyň esli bölegi pul şeklinde ýygnalýan we olaryň hemmesi umumdöwlet hazynasyna tabşyrylýar. Şonuň ýaly-da, gümrükhana gullugynyň döredilenligi we



1808-nji ýylda zikgelenen altyn teňňe (Hywa)

altyn teňňeler zikgelenip dolanyşyga çykarylanlygy döwlet hazynasyna düşewündiň köpelmegine hyzmat edýär. Muhammet Rahim han I ýurtda içgiligi we neşekeşligi gadagan edýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Hywa hanlygy Allaguly han döwründe**

Muhammet Rahim han I 1825-nji ýylda aradan çykansoň, tagty uly ogly Allaguly han eýeleýär (1825 – 1842). Ol ýurduň ykdysadyýetini has-da ýokarlandyrmak maksadynda täze kanallary gazdyryp suwarylýan ýer meýdanlaryny giňeldýär. Mundan daşary, ýurduň abadançylygy ugrunda uly gurluşyk işlerini amala aşyrýar. Meselem, Arap han we Muhammet Emin inak medreseleri gaýtadan gurulýar. Şonuň ýaly-da, özüniň ady bilen atlandyrylan medrese, kerwensaraý, tim, 111 otag we bölümli Daşhowly (Allaguly han) köşki we başga köp binalary gurdurýar. Onuň döwründe jaýyň ýüzüni örtme sungaty ýokary ösýär. Bu sungat, aýratynam, Pahlawan Mahmyt kümmetinde we Köne arky örtüp bezemekde özüniň aýdyň beýanyny tapýar. Şol bir wagtda, Hywa şäheriniň töweregi goranyş diwary bilen gurşalýar. Şäheriň içki böleginden daşarsynda ýaşaýan ilatyň howpsuzlygyny üpjün etmek maksadynda 6250 metrli daşky gala gurulýar.

Allaguly han merkezi häkimiýetden garaşsyz bolmaga hereket eden türkmenleriň we garagalpaklaryň gozgalaňlaryny rehimsizlik bilen basyp ýatyrýar. Ol 1842-nji ýylda aradan çykýar we dirikä taýýarlap goýan Pahlawan Mahmyt kümmetine jaýlanýar.

?

1. Goňratlar dinastiýasy häkimiýet başyna gelmeginiň öňüsyrasynda Hywa hanlygyndaky syýasy ýagdaý barada nämeleri bildiňiz?
2. Goňratlar dinastiýasy nädip häkimiýeti eýeledi?
3. Muhammet Rahim han I-niň ýurtda öňkä garanda syýasy durnuklylygy üpjün etmegi başaranlygynyň sebäplerini aýdyp beriň.
4. Muhammet Rahim han I geçiren ykdysady özgertmeler nähili netije berdi?
5. Muhammet Rahim han I döwlet dolandyryşy ugrunda nähili özgertme geçirýär?
6. Allaguly han amala aşyran gurluşyk işleri barada nämeleri bildiňiz?

## 25-§. Hywa hanlygynda döwlet dolandyryşy

**Hanlygyň çägi we ilaty**

Hywa hanlygy dörän döwürde onuň çägi uly bolmandyr. Hanlyk günbatarda Kaspi deňzi, demirgazykda Aral deňzi basseýni, günortada bolsa Etrek derýasy (häzirki Eýran we Türkmenistandaky derýa,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

uzynlygy 669 km, Kaspi deňzine guýulýar) hem-de Sarahsyň (Türkmenistandaky şäher) töweregine çenli bolan çäkleri öz içine alýardy.

XIX asyryň tutuş birinji ýarymy dowamynda hanlygyň çägi harby hereketler netijesinde barha giňeldilýär we şu asyryň 40-njy ýyllarynda onuň çägi 19 müň $km^2$-y düzýär. Hanlyk gazak juzlary, Eýran we Buhara emirligi bilen serhetdeş bolýar. Şol bir wagtda, XVIII asyrdan başlap Russiýanyň araçäginiň günorta süýşmegi netijesinde iki döwletiň araçäkleri ýakynlaşýar. Hanlygyň ilatynyň umumy sany 800 müň adama golaýdy. Onuň 65 göterimini özbekler, 26 göterimini türkmenler, galan bölegini bolsa garagalpaklar, gazaklar, bölekleýin araplar düzýärdi. Bu sifrler durnukly bolmandyr. Çünki hanlygyň çäginiň barha giňelmegi bilen ilat sany hem barha artýar. Paýtagt Hywa şäherinde 20 müňden artyk ilat ýaşapdyr.

Hanlygyň tutuş çägi urug-taýpa prinsipi esasynda paýlanypdyr. Hususan-da, Abulgazy Bahadyrhan göçüp gelen 32 sany özbek taýpalaryny 4 topara bölýär. Bular: Uýgur–naýman, goňrat–kyýat, nukus–mangyt, kangly–gypjak.

Bölen çagynda taýpalaryň urp-adatlary, durmuş ýörelgeleri we garyndaşlyk aragatnaşyklary hem-de ýerleşýän ýeri hasaba alynýar. Her bir taýpany inak dolandyrypdyr. Her bir taýpa toparyndan 4 adam iň ýokary döwlet wezipelerine bellenipdir. Han inaklar arkaly taýpalaryň durmuşyna degişli meseleleri çözýärdi. Inaklar hanyň iň ýakyn maslahatçysy hökmünde köşkde ýaşapdyrlar.

Hanlygyň çägi 23 administratiw birlige bölünipdir. Şundan 20-si beklik (welaýat), 2-si naýyplykdy. Ýigrimi üçünjisi bolsa paýtagt Hywa şäheri we onuň daşyndaky çäklerdi. Welaýatlar bolsa şäher we metjit kowumlaryna bölünipdir. Dolandyryşyň iň aşaky administratiw birlige metjit kowumlary (oba) diýlipdir. Welaýatlary bekler, naýyplyklary naýyplar, şäherleri häkimler we metjit kowumlaryny bolsa aksakgallar dolandyrypdyr. Aksakgallar metjit kowumlary tarapyndan saýlanyp han tarapyndan tassyklanypdyr. Galan administratiw birlikleriň başlyklary – bekler, naýyplar we häkimler han tarapyndan bellenipdir. Hywany we onuň daşyndaky çäkleri hanyň özi dolandyrypdyr.

**Döwlet düzümi we dolandyryş ulgamy**

Hywa hanlygy hem Buhara emirligi ýaly absolýut monarhiýady. Ýokary hökümdar – *han* döwlet başlygy hasaplanýardy. Hywa hanlygy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

absolýut monarhiýa bolsa-da, Buhara emirliginden tapawutlylykda hanlykda, öňki temalarda nygtalyşy ýaly, Ýokary we Kiçi Geňeşler iş alyp barypdyr. Ýokary Geňeş, şol bir wagtda, tagt mirasdüşeri meselesini hem çözüpdir.

Tagt atadan uly ogla miras bolup geçipdir. Goňratlar döwründe hem boljak hany ak namata (keçä) oturdyp, onuň dört ujundan hanlygyň iň ýokary derejeli aýýanlary tagta çenli göterip eltmek däbi saklanyp galypdyr. Baş wezir wezipesine bellenen emeldar *mehtar* diýlip atlandyrylypdyr. Bu wezipä oturymly ilat wekilleriniň arasyndan bellenipdir. Şonuň ýaly-da, ol weziri aazam, dasturi mukerrem, dawam al-mülk sypatlary bilen beýgeldilipdir.

Soňky derejedäki wezipeli *goşbegi* bolsa hanlykda toplanýan salgytlaryň döwlet hazynasyna düşüşini üpjün edip, maliýe işleri üçin, şonuň ýaly-da, goşunyň ýagdaýy üçin jogapkär bolupdyr. Ähli harby hereketlerde gatnaşypdyr. Ol emir, „sahibi diwani a'lo“ sypatlary bilen beýgeldilipdir. Goşbegi göçme taýpalaryň wekilleriniň arasyndan bellenipdir. Merkezi häkimiýetiň güýçlenmegi netijesinde öňler hanlykda uly abraýa eýe bolan inaklaryň ýagdaýy XIX asyryň birinji ýarymyndan başlap barha peselipdir. Muhammet Rahim han I köşkdäki emeldarlaryň sanyny 360-dan 100-e düşüripdir. *Biý, atalyk* we *inak* wezipelerini ýatyrýar. Hanlykda 3 diwan (wezirlik) iş alyp barýar. Bular hojalyk, sosial-syýasy we harby işler bilen meşgullanýan diwanlardy. Olaryň işine *diwanbegi* ýolbaşçylyk edýärdi. Hanlygyň düzümidäki gazaklar we garagalpaklar bolsa özleriniň biýleri, türkmenler bolsa olaryň wekili tarapyndan dolandyrylýardy. Olaryň wezipesi nesilden-nesle miras bolup geçse-de, kandidaturasyny hökman han tassyklamalydy. Ýokary Geňeş agzasy *ýasawulbaşy* hanlygyň howpsuzlyk gullugyny dolandyrypdyr. Hanyň goralyşy we gizlin döwlet resminamalarynyň saklanyşy üçin jogapkär bolupdyr. Uruş hereketleri wagtynda goşuna serkerdelik edipdir hem-de türkmen taýpalaryndan düzülen harby bölümi hem dolandyrypdyr. Hanlykda *mirap, perwanaçy, kutwal, şugawul* (daşary ýurt ilçilerini kabul edýän we olaryň üpjünçiligi üçin jogapkär emeldar), *mahram* (hanyň gizlin maslahatçysy, aýratyn tabşyryklary ýerine ýetirýän, zerur bolanda ilçi edip iberilýän wezipeli şahs) ýaly wezipeler hem bardy.

**Sud işleri**

Hanlykdaky sud işleri yslam dini hukukşynaslarynyň elindedi. Her bir beklikde 1 sanydan 4-e çenli



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

kazy bolupdyr. Kazylyga yslam hukugynyň iň bilimdan wekilleriniň arasyndan synagdan geçirmek ýoly bilen seçip alnypdyr. Ýeňijiler hanyň permany bilen sylaglanypdyrlar. Ýeňijiniň kazy edip belleneni barada olara hanyň ýarlygy (ýarlygy humaýun-u ali) berlipdir.

*Müfti kazynyň* hökmüniň şerigata nähili derejede laýyklygy barada fetwa çykarypdyr. Suduň karary diňe müfti oňa özüniň möhrüni goýandan soň resmi derejä eýe bolupdyr. Hywa şäherinde 7 sany müfti iş alyp barypdyr. Olara yslam hukugynyň iň abraýly wekili – *a'lam* ýolbaşçylyk edipdir. Ol müftiler beren netijäni seredip ony ýa tassyklapdyr, ýa gaýtarypdyr. Sud işi boýunça şikaýatlar Hywa şäherindäki 2 sany Ýokary kazylar tarapyndan öwrenip çykylypdyr. Olaryň biri *kazy kelan*, ikinjisi bolsa *kazy orda*dy. Şol bir wagtda, *kazy hoss* wezipesi hem bolup, ol hanyň maşgala agzalarynyň arasyndaky meselelere seredipdir.

*Kazy esger* bolsa goşunda bolýan yslam kanunlarynyň bozulmagy bilen bagly işleriň üstünden höküm çykarypdyr. *Nakibler* – pygamber nesilleri toparynyň wekilleri bolup, jemgyýetiň dini durmuşy üçin jogapkärdiler. Olar hanyň iň ynamly adamlaryndan hasaplanypdyr we harby hereketler çagynda hemişe onuň ýanynda bolupdyr. Şonuň ýaly-da, olar tälim ugrunyň işleri üçin hem jogapkärdi. *Rais* (kazy rais) bolsa jemgyýetde şerigat kada-kanunlaryna nähili derejede amal edilýänliginiň ýagdaýyny, şonuň ýaly-da, ata-eneleriň çagalaryny mekdebe iberýänligine gözegçilik edipdir.

**Harby iş**

Hywa hanlygynda Muhammet Rahim han I döwründe regulýar goşun düzülýär. Bu goşun *hanyň nökerleri* diýlip atlandyrylýar. Onuň umumy sany 2 müň esgerden ybaratdy. Goşunyň baş serkerdebaşy *ýasawulbaşy* diýlip atlandyrylypdyr.

Parahatçylyk wagtynda hanyň nökerleri hany we onuň maşgalasyny hem gorapdyr. Goşun we harby wezipeliler Hywa şäherine ýakyn ýerden mälim mukdarda ýer meýdany hem-de aýlyk bilen üpjün edilipdir. Hanlykda, şonuň ýaly-da, *regulýar däl goşun* – halk leşgeri hem bardy. XIX asyryň ortalarynda olaryň sany 9 – 10 müň adam bolupdyr. Ýöne Buhara goşunyndan tapawutlylykda Hywa hanlygy hemişelik goşuny ýörite harby egin-eşige eýe bolmandyr. Harbylar, esasan, dürli çapan geýipdirler. Hanlykda döwlet araçägini goramak üçin hem goşun bellenipdir. Araçäk goşunyna *garawulbegi* serkerdelik edipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. Hywa hanlygynyň çägi we ilatynyň düzümi barada nämeleri bildiňiz?
2. Abulgazy Bahadyrhan näme üçin Deşti Gypjakdan göçüp gelen taýpalary toparlara bölüp ýerleşdiripdir?
3. „Inaklaryň dolandyryşy“ diýlende näme düşünilýär we ol haçandan başlanypdyr?
4. Hanlykdaky iň ýokary wezipe – mehtar we goşbegi wezipelerini bir-birine deňeşdiriň.
5. Hywa hanlygynda sudy amala aşyrmak nähili tertipde alnyp barlypdyr?

Ýasawul we mährem wezipelerini bir-biri bilen deňeşdiriň. Meňzeş we tapawutly taraplaryny depderiňize ýazyň.

## 26-§. Hywa hanlygynda sosial-ykdysady durmuş. Şäher durmuşy

**Ýer eýeçiligi gatnaşyklary**

Ýer hanlygyň esasy baýlygydy. Ähli ýer döwlet emlägi hasaplanypdyr. Eýeçiligiň şekline görä Hywa hanlygynyň ýerleri hem *döwlet* (patyşa), *emläk* (hususy ýerler) we *wakf* ýerlerine bölünipdir. Döwlet ýerleriniň bir bölegi han we onuň garyndaş-uruglaryna hem-de ýokary derejeli ruhanylara degişli bolupdyr.

Hana degişli ýerler *mülki halys, mülki hossa, emloki hossa, mülki mahsusa* atlary bilen atlandyrylypdyr.

Hana degişli ýerlerden döwlet hazynasyna salgyt tölenmändir. Iri derejeli emeldarlara döwletiň öňündäki hyzmatlary üçin *tarhan ýerleri* berlipdir. Tarhany miras galdyrmak, başga geçirmek gadagan edilipdir. Ondan diňe wagtlaýyn peýdalanmak mümkindi. Döwlet ýerleriniň bir bölegi hususy emläk şeklinde satylypdyr. Şeýdip, ýer eýeçiliginiň emläk (hususy ýerler) şekli emele gelipdir. Ýeriň hususy emläk edip satylanlygy barada döwletiň adyndan ylalaşyga gol çekilipdir. Şundan soň ýeriň satyn alnanlygy barada emlägiň eýesine wasika berlipdir. Döwlet ýerleriniň ýene bir bölegi ownuk daýhan hojalyklarynyň elinde bolupdyr. Döwlet hazynasyna girdeji, esasan, ine şu ýerlerden düşüpdir. Meselem, 10 tanapdan artyk ýer berlen hojalyklar 3 tylladan, 5 tanapdan 10 tanaba çenli ýer berlenler 2 tylladan, 5 tanaba çenli ýer berlenler ýylyna 1 tylladan salgyt



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

töläpdirler. Döwlet ýerini kärendä alýanlar *biwatan*, hususy ýerleri kärendä alýanlar *koranda*, wakf ýerlerini kärendä alýanlar bolsa *wakfçy* diýlip atlandyrylýardy. Kärendä alýan 15 tanap ýeri işläp bejerýän ýersiz daýhanlar 34, 10 tanap ýere 23 we 5 tanap ýere bolsa 12 kümüş teňňe mukdarynda salgyt töläpdir.

Hanlykda wakf ýerleri giň ýaýrapdy. Onuň göwrümi suwarylýan we ilat ýaşaýan ýerleriň 40 göterime golaýyny tutýardy. Wakf ýerleri hem ýokarda aýdylyşy ýaly, kärendä berlipdir.

Hywa hanlygynda şertli (wagtlaýyn) ýer eýeçiliginiň başga iki özbek döwletlerinde bolmadyk *atly* diýlip atlandyrylýan şekli hem bardy. Hywa hanlary harby ýöriş çaglarynda, esasan, türkmen taýpalarynyň atlylaryna daýanypdyrlar. Harby hereketiň nähili netije bilen tamamlanmagy köp tarapdan olara baglydy. Şonuň üçin hem her bir atly hasabyna peýdalanmak üçin 30 – 50 tanap ýer emlägi berlipdir. „Atly“ alan ýer eýesi han talap eden wagtda bir atly esgeri ýaraglandyryp hanyň huzuryna iberipdir. Ýerler her üç ýylda bir gezek gaýtadan sanawdan geçirilipdir.

Gaty amatsyz tebigy şertde ekinzarlara suw çykarmak we daýhançylyk etmek hanlykda esli kyn zähmeti talap edýärdi. Zähmetkeş halk bu kynçylyklary mertlerçe ýeňip geçipdir.

Zähmetkeş halk oba hojalyk önümlerini gaty agyr tebigy şertde ýetişdireni üçin adalat taýdan kärendeçileriň ülşi ýetişdirilen hasylyň 75%-ini düzüpdir.

**Salgytlar we borçlar**

Ähli döwletlerde bolanyýaly, Hywa hanlygynda hem ilat töleýän salgytlar we olar ýerine ýetirýän borçlar kesgitlenilipdir. Hanlykdaky esasy salgyt ýer salgydy bolup, ol *salgut* diýlip atlandyrylypdyr. Hünärmentler, daşky söwda bilen meşgullanýan söwdagärler, çarwardarlar *zekät* töläpdirler. Onuň mukdary emlägiň bahasynyň 2,5%-ini düzüpdir. Kä halatlarda ähli salgyt ýylyň başyndan başlap ýa-da birnäçe ýyllyk salgyt öňünden alynmagy mümkindi. Salgyda çekmegiň bu şekli *barat* diýlip atlandyrylypdyr. Mundan daşary, ilat *beýer* diýlip atlandyrylýan resmi taýdan 12 günlük döwlet borjuna çekilipdir. Beýer çagynda obanyň her maşgalasyndan bir adamdan çekilipdir. Olar her ýyl kanal gazmakda, suwaryş desgalaryny gurmakda ýa-da abatlamakda, ýollary düzetmekde we dürli binalary gurmakda zähmet çekipdirler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Paýtagt şäherler**

Horezm döwletiniň (soňluk bilen Hywa hanlygy) taryhynda Köne Ürgenç, Wezir, Täze Ürgenç we Hywa paýtagt derejesine eýe bolan şäherlerdir. Köne Ürgenç (asyl ady Gürgenç, miladydan öňki I asyrdaky çeşmelerde duşýar) X asyryň ikinji ýarymynda Horezmde merkezi Gürgenç şäheri bolan emirlik döredilipdir. Emir Mamun ibn Muhammet 995-nji ýylda Kät şäherindäki Horezmşalar häkimiýetini agdarýar we özüni Horezmiň hökümdary – Horezmşa diýip yglan edýär.

Şeýdip, Gürgenç Horezm döwletiniň paýtagtyna öwrülýär. Şäher çalt depginler bilen ösýär. Ylym-bilim ýokarlanýar. Horezmşa ma’munylar döreden ylym-bilim merkezinde (Ma’mun akademiýasy) döwrüniň Abu Reýhan Biruny, Abu Ali ibn Sina ýaly onlarça beýik alymlary şu bilim mesgeninde iş alyp barypdyrlar. Köne Ürgenç Beýik Horezmşalar döwletiniň hem paýtagty bolupdyr. Ýöne şäher Çingiz hanyň ýolbaşçylygyndaky mongol goşuny tarapyndan weýran edilipdir.

22-nji temada nygtalyşy ýaly, Amyderýa öz özenini özgerdip Kaspi deňzine däl-de, Aral deňzine guýlup başlamagy sebäpli Gürgenç şäheri suwsuz galýar. Netijede, adamlar her tarapa göçüp gidip başlaýar. Hywa hany Abulgazy han 1646-njy ýylda başga şäher – Täze Ürgenç şäherini gurdurýar. Sergezdan bolup ýören ilaty şu şähere göçürdip getirýär. Öňki Gürgenç (Ürgenç) şäheri indi Köne Ürgenç diýlip atlandyrylýan bolýar. Abulgazy Bahadyrhanyň ogly Anuşa han hökümdarlygy döwründe Täze Ürgenjiň golaýynda Şaabat ady berlen uly kanal gazylýar. Kanal şäheriň abadançylygynda uly ähmiýete eýe bolýar.

**Hywa şäheri**

Hywa Horezmiň iň meşhur we iň gadymy şäheridir. Ol mil. öň. V asyrda gurlupdyr. Onuň bütin taryhy Horezmiň taryhy bilen aýrylmaz bagly bolup geldi. Hywanyň meşhurlygy gurlan döwürlerden başlap ol arkaly Gündogar bilen Günbatary baglaýan söwda ýoly geçenligi bilen düşündirilýär. Hywa XVII asyryň birinji çärýeginden 1920-nji ýyla çenli hanlygyň paýtagty bolup geldi. 1997-nji ýylda (halkara ÝUNESKO guramasynyň karary bilen) Hywa şäheriniň 2500 ýyllygy uly şatlyk we buýsanç bilen bellendi. Şäher dünýäde „Müň gümmez şäheri“ ady bilen hem meşhurdyr.

XIX asyryň birinji ýarymynda Hywa şäherinde iki sany hanyň köşgi, on ýedi sany metjit we ýigrimi iki sany medrese bolupdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

XIX asyrda Hywa şäheri bir-birinden diwar bilen bölünip durýan iki bölege – Içan gala (Içerki şäher) we Dişan gala (Daşarky şäher) bölünýär.

Içan gala babalarymyzdan galan Orta Aziýadaky iri we seýrek binagärlik ýadygärligidir. Içan gala Hywa şäheriniň içki gala (şähristan) bölegidir. Içan gala Dişan galadan diwar bilen bölünip durýar. Oňa Bagça, Pälwan, Daş we Ata diýlip atlandyrylýan dört derweze arkaly girilipdir. Horezm ülkesiniň binagärçiliginiň ajaýyp ýadygärlikleri – medrese, metjit, hanyň köşgi, administratiw binalar, baş meýdan we minaralar Içan galada ýerleşýär. Muhammet Rahim han, Allaguly han we Muhammet Emin han hökümdarlyklary döwründe Içan galada giň gerimli gurluşyk işleri amala aşyrylýar. Owadan köşkler, medreseler we kümmetler gurulýar. Köne arkdaky köşgüň gurluşygy tamamlanýar. Muhammet Emin han Içan galanyň günbatar bölegindäki Köne arkyň ýanyna Kelte Minar ady bilen meşhur bolan minarany gurdurýar.

**Içan gala**

Içan galany gurmakda Hywa binagärleri Orta Aziýada gadymdan dowam edip gelýän däp – desgalary maňlaýma-maňlaý gurmak usulyndan peýdalanypdyrlar. Bu usul „goşa“ diýlip atlandyrylýar. Mundan daşary, binalary aýratyn ansambl halatynda gurmak däplerine-de amal edilipdir. Meselem, Pälwan derwezesiniň öňündäki birnäçe metjit, medrese, hammam, taki, kerwensaraý we hanyň köşgi ynha şeýle özboluşly ansambly



Hywa. Içan gala.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

emele getirýär. Seýrek binagärlik ýadygärligi bolan Içan gala 1961-nji ýylda binagärlik ýadygärligi hökmünde aýratyn goraga alynýar we muzeý-goraghana öwürilýär. Onuň meýdany 26 ga.-ny düzýär. Onda 54 sany taryhy-binagärlik ýadygärligi ýerleşýär. 1969-njy ýyldan muzeý-goraghana „Içan gala muzeý-goraghanasy“ diýlip atlandyrylýar. 1990-njy ýylda Içan gala Bütindünýä ýadygärlikleriniň sanawyna girizildi.

**Dişan gala**

Dişan gala – Daşky gala Hywa şäheriniň rabat bölegi hasaplanýar. Onda söwda we hünärmentçilik dükanlary, mähelleler ýerleşýär. 1842-nji ýylda Hywa hany Allaguly han Hywa şäherini daşky duşmanlaryň hüjüminden saklamak maksadynda şäheri uzynlygy 6250 metr, beýikligi 7 – 8 metr, galyňlygy bolsa 5 – 6 metr bolan diwar bilen gurşatdyrypdyr. Içan gala 4 derwezeli bolsa, Dişan gala 10 derwezeli bolupdyr.

Hanlygyň içki we daşary söwdasy barha ösüpdir. Içki söwda-satykda Hywanyň üsti ýapyk bazary aýratyn ähmiýete eýe bolupdyr.

**Içki we daşary söwda**

Hanlykdan, esasan, garaköli bagana, haly, hünärmentçilik önümleri Eýran, Hindistan, Hytaý we Osmanly ýaly döwletlere eksport edilipdir. Hywa hanlygynyň Buhara, Eýran we Owganystan bilen söwda edýän söwdagärleri „Buharaçy“ diýlip atlandyrylypdyr. Hywalylar Eýrana ýüpek, garaköli bagana, ýaş guzynyň derisi, künjüt, bugdaý we türkmen atlaryny alyp barypdyrlar. Hywanyň söwdagärleri Eýrandan burç, imbir ýaly hindi harytlary bilen birlikde ýüpek mata, feruza, selle üçin ulanylýan kirmanşa şallaryny getiripdirler. Russiýa bilen bolan söwda-satyk Hywa hanlygynyň ykdysady durmuşynda uly ähmiýete eýedi. Hywa Russiýa pagta, ýüň, ýüpek çykarýardy. Russiýadan bolsa ýüplük, mata, mawut, gant-şeker, metal önümleri, demir, mis, çoýun getirýärdi. Söwda-satyk tekiz geçmese-de, ýöne barha ösýärdi. 1844-nji ýylda Hywa Russiýa 137 müň rubllyk, 1867-nji ýylda 1,5 million rubllyk haryt eksport edilýär. Russiýadan degişlilikde 270 we 486 müň rubllyk haryt getirilýärdi. Bu Hywanyň haryt çykaryşy 23 ýylyň içinde 10 esse, haryt getirmegi bolsa 1,5 esse köpelendigini görkezýär. Russiýa, şol bir wagtda, Hywany dünýä bazary bilen baglap bilýän daýanjyna hem öwrülýär. Şonuň üçin hem söwdagärler bu aragatnaşygy ýene-de pugtalandyrmaga çalyşýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

http://eduportal.uz

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

?
1. Hywa hanlygynda ýer eýeçiligi şeklinde Buhara emirliginde duşmaýan tarapyny tapyň.
2. Ýerden peýdalananlyk üçin tölenýän salgytlaryň mukdary nämä baglydy?
3. Döwlet nähili salgytlary girizipdi?
4. Köne Ürgenç we Wezir şäheri barada nämeleri bildiňiz?
5. Hywa nämesi bilen dünýäni haýran galdyryp gelýär?
6. Hywa – Russiýa söwda aragatnaşyklarynyň ösenligini tassyklaýan mysallar getiriň.

## 27-§. Hywa hanlygynyň daşary syýasaty

**Hanlygyň Aziýa döwletleri bilen aragatnaşyklary**

XIX asyryň birinji ýarymynda Hywa hanlygynyň Buhara, Kokant, Owganystan, Eýran, Hindistan we Osmanly ýaly döwletler bilen söwda-ykdysady we ilçilik aragatnaşyklary ösüpdir. Muňa, bir tarapdan, Hywa hanlygynyň çäginiň Orta Aziýa söwdagärleriniň we Haj saparyna barýanlaryň Kaspi deňzi arkaly mukaddes Mekke we başga şäherlere geçiş menzilgähine öwrülenligi, ikinjiden bolsa daşary döwletler bilen söwda-satygy ösdürip döwlet hazynasyna girdeji getirýänligi sebäp bolýar.

Öňki temalardan Size mälim bolşy ýaly, Hywa – Buhara gatnaşyklary elmydama gowy geçmändir. Bu ýagdaý soňluk bilen hem dowam edipdir. Meselem, olaryň bähbidi Merw welaýatynda hem çaknyşýar. Çünki Merw Orta Aziýa döwletlerini Eýran bilen baglaýan möhüm söwda ýolunyň üstünde ýerleşýärdi. Şonuň üçin hem XIX asyryň birinji ýarymynda bu iki döwletiň arasynda birnäçe gezek özara uruşlar bolup geçýär. Meselem, Muhammet Rahim han I 1822-nji ýylda Merwi Buharadan gaýtaryp alýar. Şundan soň hem Merw üçin göreş togtamaýar. Iki döwletiň arasynda birnäçe gezek bolup geçen uruşlardan soň, ahyrynda, 1845-nji ýylda Hywa hanlygy Merwi üzül-kesil özüne goşup alýar. Ýöne gatnaşyklar näçe ýiti bolsa-da, özara söwda aragatnaşyklary togtap galmaýar.

1812-nji ýylda Hywa Eýran we gazaklaryň Orta juz hanlygyndan ilçiler gelýärler. Olar bilen döwlet araçäkleriniň howpsuzlygy we söwda-satyk meselelerinde ylalaşyk gazanylýar. XIX asyryň başlarynda Hywa bilen Owganystanyň arasynda ilçilik gatnaşyklary ornaşdyrylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Muhammet Rahim han I hatda Owganystanda häkimiýet üçin göreşýän şa Mahmydyň ikinji gezek häkimiýet başyna gelmegine kömek hem edýär. Munuň öwezine Owganystan Hywa hanlygynyň söwdagärlerine Kabulyň bazarynda erkin söwda etmek hukugyny berýär.

Hywa hanlygy Kokant hanlygy bilen hem özara gatnaşyklary berkitmäge çalyşýar. Meselem, 1843 – 1844-nji ýyllarda Hywa Kokant hanlygynyň ilçileri gelýär. Gepleşikler dowamynda iki döwletiň arasynda arkadaşlygy we özara söwda aragatnaşyklaryny ýene-de ösdürmäge ylalaşylýar. Ol ýa-da bu döwlete daşary ýurtlardan söwdagärleriň yzygider gelmegi olara döredilýän amatly şerte-de baglydygy tebigydyr. Şonuň üçin hem Hywa hanlary daşary ýurtly söwdagärlere şeýle şert döretmek meselesine uly üns beripdirler. Meselem, Allaguly han ajaýyp binagärlik ýadygärligi, hanlygyň ussalarynyň ýokary ussatlygynyň aýnalaryndan biri bolan Kerwensaraý toplumyny gurdurýar. Bu toplum 14 gümmezli tim (ýapyk bazar), kerwensaraýdan we ammarhanadan ybarat edip gurlupdyr. Bazarda Hindistan, Hytaý, Eýran, Russiýa, Buhara we Kokant ýaly döwletlerden getirilen harytlar satylýardy. Kerwensaraý iki gatly bolup, 105 hüjrelidi. Hywa hanlygynyň nary, gawuny, üzümi, armydy, injiri we eriginiň şirinligi daşary ýurtlarda hem meşhur bolupdyr.

**Hywa – Russiýa gatnaşyklarynyň özboluşly taraplary**

Hywa – Russiýa gatnaşyklarynda möhüm tarap şundady, ýagny özara söwdadan iki döwlet hem birmeňzeş bähbitlidi. Hywa söwdagärleri üçin Russiýa barýan söwda ýollary howpsuzdy. Şonuň ýaly-da, Hywa hanlygynda Russiýanyň senagatynyň taýýar sarp ediş önümlerine isleg ýokarydy. Şol bir wagtda, Russiýa Hywa hanlygyna öz önümlerini satýan bazar diýip garaýardy. Russiýanyň önümleri Ýewropanyň öňdebaryjy döwletleriniň harytlary bilen bäsdeşlik edip bilmeýän bir döwürde bu örän möhümdi. Ikinjiden, Hywa hanlygy Russiýanyň senagaty üçin zerur çig mal önümlerini arzan nyrhlarda üpjün edýän ülke hem hasaplanýardy. Hywadan Russiýa pagta, ýüpek, boz, haly, hünärmentçilik önümleri, kakadylan miwe we başga önümler alnyp barlypdyr. Hywanyň söwdagärleri Nižniý Nowgorod şäherinde geçirilýän ýarmarkalarda gatnaşypdyrlar. Russiýadan bolsa Hywa metal, dokmaçylyk önümleri, dürli reňkli boýaglar, sütük derileri, gural-ýarag getirilýärdi.

Ýöne iki döwletiň hem arasynda gowy goňşulylyk gatnaşyklarynyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

emele gelmegine iki tarapyň hem Kiçi juz gazaklaryny we garagalpaklary öz raýatlary diýip hasaplamagy, şonuň ýaly-da, iki tarapyň hem özara söwdadan alynýan paç göwrümi meselesinde uzak wagt bir ylalaşyga gelinmänligi päsgel berýärdi.

### Hywa – Russiýa gatnaşyklarynyň ýitileşmegi

Maksady Orta Aziýany eýelemekden ybarat bolan Russiýa özbek döwletlerine, hususan-da, Hywa hanlygyna dürli bahanalar bilen, basyş geçirmegi barha güýçlendirýär.

Russiýa 1822-nji ýylda Orta juz we 1824-nji ýylda bolsa Kiçi juz hanlyklaryny boýun egdirýär. Indi Russiýanyň araçägi gönüden-göni Hywa hanlygynyň araçägine ýakynlaşypdy. Şeýle şertde Hywa hanlygy gazak çölleriniň iki döwletiň arasynda bir-birini bölüp durýan çäk bolup galmagy üçin hereket edýär. Ýöne Russiýa muny islemeýär. Netijede, iki döwletiň arasyndaky gatnaşyk barha ýitileşýär.

Bu arada Beýik Britaniýa razwedkasy özbek döwletlerine sokulyp girip başlaýar. Beýik Britaniýa harytlarynyň hanlyklaryň bazaryny doldurmak howpy hem emele gelýär. Şeýle şertde Russiýanyň hökümeti Hywa hanlygyna görä öz talaplarynyň gerimini barha giňeldýär. Meselem, ol Hywadan Amyderýada Russiýa söwda gämileriniň ýüzmegine rugsat berilmegini hem talap edýär. Bara-bara Russiýa Hywa bilen gatnaşygy harby güýç arkaly tertibe salmak ýoluny saýlaýar. Şu maksatda 1839-njy ýylda W. Perowskiý harby ekspedisiýasy guralýar. Ýöne Üstýurduň aýazly sowugy, azygyň we ot-iýmiň ýetmezçiligi netijesinde ekspedisiýa zyýan çekýär. Netijede, W. Perowskiý yzyna dolanmaga mejbur bolýar. Ýöne ekspedisiýa yzsyz gitmeýär. W. Perowskiýniň ekspedisiýasy Hywa hanyny Russiýa bilen ylalaşyk ýoluny agtarmaga mejbur edýär.

### „Borçlar akty“

Russiýanyň hökümeti indi Hywa hanlygyna öz hökmüni mejburlap geçirmäge girişýär. Bu maksada ýetmek üçin G. Danilewskiýniň ýolbaşçylygyndaky ilçilik missiýasyny iberýär.

Gepleşikleriň ahyrynda Russiýanyň basyşy astynda 1842-nji ýylyň 27-nji dekabrynda Hywa bilen Russiýanyň arasynda *„Borçlar akty“* diýlip atlandyrylýan şertnama gol çekilýär. Şertnamada Hywa hanynyň Russiýa bilen parahatçylyk, berk dostlukly gatnaşygynda bolmagy yglan edilýr. Hywa hanyna, mundan daşary, Russiýa görä duşmanlyk hereketlerini etmezlik, söwda kerwenleriniň talanmagyna ýol bermezlik,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Russiýanyň raýatlarynyň şahsy we emläk howpsuzlygyny üpjün etmek ýaly borçlar ýüklenýär.

Bular aslynda Russiýanyň öz isleglerini mejburlap ýerine ýetirtmekden başga zat däldi. Şonuň ýaly-da, iki döwletiň arasyndaky söwda aragatnaşyklaryna hem uly üns berilýär. Bu meselede-de Russiýa öz isleglerini mejburlap kabul etdirýär. Meselem, paç tölegleri Russiýanyň harytlarynyň bahasynyň 5 göterim mukdaryndan geçmeli däldigi bellenýär. Ýöne Russiýa şertnamanyň ine şu bendini hem amalda ýerine ýetirmeýär. Netijede, özara gatnaşyklar barha ýitileşýär.

1847-nji ýylda Russiýa hanlyklara eltýän ýolda harby berkitmeler gurýar. Bu berkitmeler Russiýanyň syýasatynda Orta Aziýany harby ýol bilen eýelemäge tarap öwrülişik bolýandygynyň tassygydy. Bu ýagdaý özbek döwletlerini alada goýýar. Özbek döwletleriniň Russiýa garşy durmakda Beýik Britaniýa daýanmak mümkinligi ähtimaly hem özüni ödemeýär. Muňa Russiýa – Beýik Britaniýa gatnaşyklarynda özgeriş bolup geçenligi sebäp bolýar. Owganystana garşy uruşda şowsuzlyga duçar bolan Beýik Britaniýa Russiýa bilen ylalaşmagy karar edýär. Bu ylalaşyga görä Russiýa Orta Aziýa bilen çäklenýän bolýar. Şol bir wagtda, Hindistana çykmak niýetinden geçýär. Beýik Britaniýa bolsa Russiýanyň özbek döwletlerine görä ýöredýän syýasatyna garşylyk görkezmeýän bolýar. Owganystan bolsa Beýik Britaniýanyň we Russiýanyň Aziýadaky koloniýalarynyň arasynda olary bölüp durýan çäk hökmünde ykrar edilýär.

Özbek döwletleri indi ýekelenip galýar. Olary diňe özara ýaranlyklar saklap galmagy mümkindi. Gynansak-da, özara gapma-garşylygyň güýçlüligi hem-de Russiýanyň harby kuwwatynyň öňündäki ejizlik sebäpli peýda bolan gorky sebäpli olar birleşip bilmändirler.

- 1842-nji ýyl – Russiýa – Hywa arasynda „Borçlar aktyna“ gol çekildi.

1. Hywa hanlygynyň Aziýa döwletleri bilen gatnaşygyna degişli faktlaryň sanawyny düzüň.
2. Hywa hanlygy daşary ýurtly söwdagärler üçin amatly şert döretmek maksadynda nähili çäreleri amala aşyrdy?
3. Hywa – Russiýa gatnaşyklaryndaky dartgynlygyň başlanmagyna nähili faktorlar sebäp boldy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

4. „Borçlar akty“ şertnamasynyň mazmuny barada aýdyp beriň.
5. Näme üçin özbek döwletleriniň Russiýa garşy durmakda Beýik Britaniýa daýanmagy mümkinligi ähtimaly ýüze çykman galdy?
6. Näme üçin özbek döwletleriniň özleri Russiýa howpuna garşy özara ýaranlyk düzüp bilmediler?

## 28-§. Hywa hanlygynda medeni durmuş

### Medeni durmuş ýagdaýy

Hywa hanlygynda başga iki özbek döwleti – Buhara emirligine we Kokant hanlygyna garanda ykdysadyýeti we medeniýeti ösdürmäge synanyşyk güýçlüräkdi. Munuň sebäbi Hywa hanlarynyň maksady bilen düşündirilýär. Hanlaryň maksady bolsa Horezmiň öňki kuwwatyny dikeltmek we Orta Aziýanyň merkezi bolmakdy. Köne Horezm – bu özbek döwletliliginiň binýady goýlan diýar. Bu diýarda ma’muny Horezmşalar döwründe birinji ylym-bilim merkezi – Horezm Ma’mun akademiýasy döredilen. Şonuň ýaly-da, Horezm dünýäniň iň iri we güýçli soltanlyklaryndan biri – Anuştegin Horezmşalar soltanlygy emele gelen ýurt.

Dogry, Hywa hanlygyndaky ylym-bilim derejesi ma’muny Horezmşalar döwrüniň ylym-bilimi derejesi bilen deňleşip bilmeýär. Ýöne döwletiň ykdysady mümkinçilikleri ýeterli bolmasa-da, hanlykda şäher gurluşygyna, kanallaryň gazylmagyna, iň baý kitaphana döredilmegine örän uly serişde sarp edilenligi şol maksat bilen düşündirilýär. Maksat nähili bolmagyna seretmezden ol ýagşylyga hyzmat edýär. Babalarymyzdan biz nesillere dünýäni haýran galdyrýan binagärlik nusgalary miras galdy.

### Edebiýat

Bu döwürdäki hanlygyň edebiýatynda *Emir Öwezbiý ogly Şirmuhammet* (lakamy Munis Horezmi) we onuň ýegeni *Erniýazbek ogly Muhammet Rizalar* (lakamy Agahi) aýratyn tapawutlanýarlar. *Munis Horezmi* ýaşlyk çaglaryndan edebiýat we taryh ylmyna mähir goýýar. 1800-nji ýylda atasy aradan çykansoň, köşk kätibi edip bellenýär. 1804-nji ýylda birinji goşgularyny öz içine alýan diwan – „Diwany Munis“ni döredýär. Munis „iň Aşyklar dosty“ diwany 20 müňden artyk misreden ybarat. Ol hatdatlar tarapyndan göçürilip, ajaýyp kitap halatyna getirilipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu döwrüň edebiýatynyň ýene bir meşhur wekili Agahi 1809-njy ýylda Kyýat obasyndaky mirap maşgalasynda doglan. Hywa medreselerinde bilim alýar. Arap we pars dillerini pugta eýeleýär. Aýratynam, Alyşir Nowaýynyň döredijiligini yhlas bilen öwrenýär. 1829-njy ýylda agasy Munis aradan çykansoň, Allaguly han ony agasynyň ornuna mirap wezipesine belleýär. Onuň şahyr hökmünde döreden eserler toplumy „Aşyklar tumory“ diýlip atlandyrylýar we ol 19 müň misreden ybarat. Onuň gazallary „Şaşmakom“yň hemme heňlerine düşýär. Agahi öz döwrüniň ökde terjimeçisi hemdi. Ol *Saady Şirazy*nyň „Gülüstan“, *Abdurahman Jamy*nyň „Ýusup we Züleýha“ hem-de *Dawamy Genjewi* „Hamsa“synyň käbir poemalaryny özbek diline terjime edipdir.

**Taryh**

Horezm taryh ylmy mekdebini esaslandyran şahs *Abulgazy han*dyr. Ol hem hökümdar, hem taryhçy alym hökmünde taryhda at gazandy. Özüniň „Şejerei türk we mongol“ eseri bilen taryhda at galdyrypdyr. Eseriň „Taki Şeýbanhan neslinden Horezm ýurdunda patyşalyk kylanlarniň zikri“ diýip atlandyrylan I baby Horezmiň 1512 – 1663-nji ýyllardaky taryhyna bagyşlanan. Abulgazy hanyň eseriniň gymmaty ýene şunda bolup, ol özbek dilinde ýazylanlygydyr.

„Dastur ul-amal“ eseri hem Abulgazy hanyň tabşyrygy bilen ýazylýar. Gynansak-da, bu eseriň awtorynyň ady anyklanmadyk. Bu eserde Sahypgyran Emir Temurdan çekip, Zahiriddin Muhammet Babura çenli temuriler şejeresi gysgaça düşündirilen. Her bir hökümdara golýazmanyň bir bölümi bagyşlanypdyr. Horezmiň taryhy boýunça iň gymmatly eserlerden biri „Firdaws ul-ikbol“ („Jennet bagy“) eseri Munisiň galamyna degişli bolup, onda Horezmiň gadymky döwründen 1825-nji ýyla çenli bolan taryhy beýan edilýär. Ýöne Munis eseri ýazyp tamamlap bilmändir. Eseriň galan bölegi ýegeni Agahi tarapyndan ýazylýar. Şol bir wagtda, Agahiniň özi hem „Döwletiň jennet bagy“, „Taryhlaryň seresi“, „Soltan wakalarynyň toplumy“ hem-de „Döwletler gülşeni“ ýaly taryh ylmyna degişli eserleri ýazyp galdyrypdyr. Agahi „Döwletiň jennet bagy“ („Riýaz ud-dawla“) eserine 1825-nji ýyldan 1842-nji ýyla çenli, „Taryhlar seresi“nde („Zubdat ut-taworih“) 1843 – 1846-njy ýyllara çenli, „Soltan wakalarynyň toplumy“ („Jomi ul-wakati soltaniý“) eserinde bolsa 1846 – 1855-nji ýyla çenli bolan Horezmiň taryhyny beýan edipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Golýazma kitap sungaty**

XVI asyrda Hywa hanlarynyň kitaphanalarynda hatdatlyk, dürs ýazuw mekdebi şekillenýär. Meşhur hatdat *Hemedany* 1556-njy ýylda Eşmuhammet hana „Şanama“ny miniatýuralar üçin açyk ýer galdyryp göçürip berýär. XVII–XVIII asyrlarda Hywada *Muhammet Ýusup Razy, Babajan Sanoy, Muhammet Riza Ahund* ýaly ussat hatdatlar döredijilik edipdirler. Olar goşgy eserleri, terjime we taryhy kitaplary uly ussatlyk bilen göçüripdirler. Şuny aýratyn nygtamaly, ýagny bir sany kitaby dürs ýazuw bilen ýazmak bir adamyň zähmeti däldi. Şonuň üçin her bir kitaby bezände birnäçe ugur ussalary, ýagny, kagyz gyrkyjy, kätip-hatdat, muzahhib (altyn çaýyjy), lawwah (sözbaşy ýazýan), miniatýuraçy suratkeş we sahhof (jiltçi, sahaplaýjy) gatnaşypdyr.

**Hanlykda tälim ulgamy**

Hywa hanlygynda hem tälim iki basgançaklydy. Aşaky basgançak – başlangyç mekdep bolup, onda okuwçylar okamagy-ýazmagy öwrenipdirler. XIX asyrda hanlykda 1,5 müňe golaý başlangyç mekdep iş alyp barypdyr. Medreseleriň sany bolsa 103 bolupdyr. Şundan 22 sanysy Hywa şäherinde ýerleşipdir. Munis tälim ugrunyň ösmegine özüniň 1804-nji ýylda ýazan „Sowat tälimi“ eseri bilen goşant goşupdyr. Bu goşgy gollanma sowat çykarmagy ýeňilleşdirmäge, şonuň ýaly-da, dürs ýazuwy ösdürmäge niýetlenipdi.

Medrese täliminiň ýokary basgançagy bolup, onda dini bilim bilen birlikde arap diliniň grammatikasy, mantyk, nutk medeniýeti, matematika, geografiýa, taryh ylymlary okadylypdyr. Medresäni tamamlanlar kazy, onuň kömekçisi, metjidiň ymamy wezipelerinde işläpdirler. Käbirleri muderrislik hem edipdirler. Tälimiň ähli harajatlary, muderrisleriň we talyplaryň üpjünçiligi wakf emläginiň girdejileriniň hasabyndan amala aşyrylypdyr.

?

1. Hywa hanlygynda Buhara emirligine we Kokant hanlygyna garanda medeni ugurda gurluşyk işleri giň gerimde alnyp barylanlygynyň sebäbi nämede?
2. Hywa hanlygynda döredijilik eden edebiýat wekillerini we olar döreden eserler barada nämeleri bildiňiz?
3. Taryh ylmy ugrunda döredilen eserleriň sanawyny düzüň.
4. „Firdaws ul-ikbol“ we „Riýaz ud-dawla“ eserleri barada nämeleri bildiňiz?
5. Hywa golýazma kitap sungaty barada aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 29-§. Hywa hanlygynyň taryhy boýunça çeşmeler

### Arhiw resminamalary

Ynha, Siz Hywa hanlygynyň XVI – XIX asyryň birinji ýarymynyň taryhy bilen tanyşdyňyz. Eýsem, Siz bilip alan taryhy maglumatlar nirelerden alnan? Olar, birinji nobatda, taryhy resminamalary öwrenmek netijesinde toplanan. Hywa hanlygy Rus imperiýasy tarapyndan basyp alnansoň, 1873-nji ýylda hanyň diwanynda saklanýan resminamalar hem Peterburg şäherine äkidilýär. Äkidilen resminamalar diňe 1962-nji ýylda Daşkentdäki Özbegistan Döwlet arhiwine getirilipdir. Hywa hanlygynyň resminamalarynyň mälim bölegi Abu Reýhan Biruny adyndaky Gündogary öwreniş institutynyň hazynasynda hem bar.

Arhiw resminamalary Hywa hanlygynyň döwlet düzümi, salgyt we borçlar, pul dolanyşygy, döwletiň administratiw-çäk bölünişi, ilatyň hojalyk işleri, söwda-satyk işleri ýaly meseleler barada gymmatly maglumatlary berýär.

### Ýerli taryhçylaryň Hywa hanlygynyň taryhy baradaky eserleri

XVII asyrda ýaşan *Hasanbek Rumlo*nyň „Iň gözel taryh“ eseri XVI asyryň birinji ýarymyndaky Hywanyň taryhyna bagyşlanypdyr. Hywa hany, taryhçy alym *Abulgazy Bahadyrhan*yň (1603 – 1664) „Şejereýi türk“ eseri, aýratynam, uly ähmiýete eýedir. Eserde örän uly taryhy deliller toplanan. Eser türki taýpalaryň şejeresi barada gymmatly maglumatlary berýär. Ol kitaphany Hywa we hywalylar, şonuň ýaly-da, Abulgazynyň hem özara uruşlar netijesinde dargap giden döwleti birleşdirmek ugrunda alyp baran gazaply göreşi bilen hem tanyşdyrýar. Eseriň 1512 – 1663-nji ýyllardaky Hywa sosial-syýasy taryhyna, Hywa – Buhara gatnaşyklaryna bagyşlanan IX baby taryh ylmy üçin uly ähmiýete eýe.

Ýerli awtorlaryň arasynda *Munisiň* we *Agahi*niň taryhy eserleri hem taryh üçin möhüm çeşme hasaplanýar. Munisiň „Firdaws ul-ikbol“ diýlip atlandyrylýan taryhy eseriniň ähmiýeti şundan ybarat bolup, onda Horezmiň 300 ýyllyk taryhy (1572 – 1825) bitewi, taryhy yzygiderlikde beýan edilen.

Munis aradan çykansoň, hanlygyň taryhyny ýazmak işini Agahi dowam etdirýär. Onuň taryh ylmy boýunça ýazyp galdyran eserleri barada öňki temada maglumata eýe bolupdyňyz.

*Hudaýberdi Öwez Muhammed*iň 1831 – 1832-nji ýyllarda ýazylan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

„Dili garoýib“ eseri hem Hywa hanlygy, onuň şäherleri barada möhüm maglumatlary berýär.

### Hywanyň taryhy boýunça russiýaly awtorlaryň eserleri

Russiýanyň ilçisi *U. D. Hohlow* 1620 – 1622-nji ýyllarda Buhara we Hywa hanlyklarynda bolýar. Oňa iki hanlygyň hökümdarlaryny Russiýa bilen dostlaşmaga, söwda we ilçilik aragatnaşyklaryny giňeltmäge razy etmek, olary Russiýanyň güýçli döwletdigine ynandyrmak, tebigy baýlyklary we harby kuwwatyny anyklamak ýaly wezipeler ýüklenipdi.

Onuň ilçiligi netijeleri Rus patyşasyna iberilen maglumatlarda ýazyp galdyrylan. Maglumatlar onuň özüne ýüklenen wezipäniň uly bölegini ýerine ýetirenligini tassyklaýar. Meselem, ol Hywa we Buhara gatnaşyklarynyň sowukdygyny, Hywa we Eýran gatnaşyklary hem gowy dälligini, gümrük tölegleri söwdany ösdürmäge böwet bolýanlygy, meselem, paç diňe bir döwletden ikinjisine geçende däl, eýsem bir ýurduň özünde bir welaýatdan ikinjisine geçende-de alynýandygy aýdylýar.

1725-nji ýylda Hywa Russiýanyň ilçisi bolup gelen *Florio Benewini*niň ýatlamalarynda ylmy taýdan möhüm maglumatlary ýazyp galdyrypdyr. Rus imperatory Pýotr I oňa örän möhüm wezipeleri ýükläpdir. Meselem, ol Buhara hanyna Hywa garşy ýaranlyk düzmegi teklip etmelidi. Benewini öz ýatlamasynda, şol sanda, aşakdakylary ýazypdyr: „*Eger Hywa hany Şirgazy han ýok edilse, bu ýerde parahatçylyk ornaşdyrylýar we hemme ýollar açyk bolýar. Russiýa Şirgazy hana garşy güýçleri goldasa peýdaly bolýar*“.

Russiýanyň ilçisi hökmünde Hywa hanlygyna 1819-njy ýylda gelen *N. I. Murawýow* hem ýazyp galdyran ýatlamalar iň gymmatly çeşmeler hatarynda durýar. „Ýatlamalar“ Hywa barada, gadymy ýadygärlikler, döwlet dolandyryşy ulgamy, hünärmentçilik we söwda-satyk barada jikme-jik maglumatlardan ybarat. Şonuň üçin hem bu kitap fransuz we nemes dillerine terjime edilipdi. Awtor eserinde özbek halkyna mahsus aýratynlyklar barada durup geçmek bilen, özbekleri „*akyl-paýhasly, söhbeti ýakymly we ýiti, tutanýerli, durnukly, urp-adaty ýönekeý, ýalan we aldawdan ýigrenýän, harby işde arman-ýadaman mert we edermen adamlar*“, diýip taryplapdyr. N. I. Murawýow öz pikirini dowam etdirip, ýene aşakdakylary belläpdir: „*Hywanyň ilaty özüniň maşakgatly zähmeti bilen çöl-beýewany hasylly ülkä öwüren.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Daş-töwerek ekinzar meýdan – bugdaýzar, şaly atyzy, üzüm bagy we şirin-şeker bag*“.

1842-nji ýylda Hywa bilen Russiýanyň arasynda „Borçlar akty“ şertnamasyna gol çekilmegini gazanan ilçi *G. Danilewskiý* özi bilen Hywa gelen tebigaty öwreniji alym *R. Baziner* awtordaşlygynda „Hywa we hanlygyň başga şäherleri hem-de obalary söwda-satygy we senagaty“ atly eser ýazyp galdyrypdyrlar.

1858-nji ýylda Hywa we Buhara iberilen diplomatik missiýanyň ýolbaşçysy *N. Ignatýew* ýazyp galdyran ýadygärlikler hem Hywanyň taryhy boýunça möhüm çeşme hasaplanýar.

Görnükli gündogarşynas alym *N. Wasilewskiý*niň „Özbekler Horezmde“, „Inaklar hökümdarlygy“ we „Goňrat dinastiýasy“ eserleri Hywa hanlygynyň XVI asyr we ondan soňky asyrlaryň taryhyna bagyşlanypdyr. Mundan daşary, Hywa bilen Russiýanyň XVIII – XIX asyrlardaky özara aragatnaşyklary ýene bir gündogarşynas alym *S. Žukowskiý*niň „Russiýanyň soňky 300 ýylda Buhara we Hywa bilen aragatnaşygy“ eserinde öz beýanyny tapýar.

**Ýewropanyň syýahatçylary we alymlary ýazyp galdyran çeşmeler**

Ýewropa ýurtlarynyň syýahatçylary we alymlary ýazyp galdyran eserleriň içinde iňlis söwda we diplomatiýa wekili *A. Jenkinson*yň ýatlamalary Hywa hanlygynyň XVI asyryň taryhy barada möhüm maglumat berýär. Bu ýatlama „Jenkinsonyň Russiýadaky Moskow şäherinden Baktriýadaky Buhara şäherine syýahaty“ diýlip atlandyrylan. Ýewropanyň syýahatçylarynyň içinde görnükli wenger gündogarşynas alymy *H. Wamberi* ýazyp galdyran „Orta Aziýa boýunça syýahat“ atly eser Hywanyň taryhy boýunça hem iň gymmatly çeşmelerden hasaplanýar. Bu ýatlama özbek dilide-de çap edilen.

**Özbegistanyň alymlarynyň Hywa hanlygynyň taryhyna degişli eserleri**

Özbegistanyň alymlary hem Hywa hanlygynyň taryhyny öwrenmek işine uly goşant goşdular. Olaryň arasynda akademik *I. Möminow*yň ýolbaşçylygynda döredilen „Horezmiň gadymky döwürden häzirki güne çenli bolan taryhy“ (1976-njy ýyl) aýratyn gymmata eýe. Şonuň ýaly-da, akademik *Ýa. Gulamaw*yň „Horezmiň suwarylyş taryhy“ (Gadymky zamanlardan häzire çenli), akademik *M. Ýoldaşew*iň „Hywa hanlygynda feodal ýer eýeçiligi we döwlet gurluşy“ hem-de Özbegistan Ylymlar



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

akademiýasynyň Taryh instituty tarapyndan taryh ylymlarynyň doktory *D. Alimowa*nyň redaksiýasy bilen çap edilen „Özbegistanyň taryhy“ (XVI – XIX asyryň birinji ýarymy. Rus dilinde) kitaby, şonuň ýaly-da, Özbegistan milli ensiklopediýastnyň 9-njy we 12-nji jiltlerindäki Hywa hanlygynyň taryhyna degişli makalalar hem möhüm ähmiýete eýe.

Horezmiň iň gadymky döwürden tä häzirki güne çenli, şol sanda, XVI – XIX asyrlaryň birinji ýarymynyň taryhy barada Hywa şäheriniň 2500 ýyllyk ýubileýi mynasybetli çap edilen „Hywa – müň gümmez şäheri“ kitaby hem taryhy delillere örän baý eserdir (1997-nji ýyl).

- 1962-nji ýyl – Hywa hanlarynyň arhiwi Daşkent şäherine getirildi we ol häzir Özbegistanyň Döwlet arhiwinde saklanýar.

1. Näme üçin döwletleriň taryhyna degişli geçmiş çeşmelerini bilmek zerur?
2. Hywa hanlygynyň arhiw resminamalary bu hanlygyň taryhyny öwrenmekde nähili ähmiýete eýe?
3. Orta aziýaly alymlardan kimler Hywa hanlygynyň XVI – XIX asyrlaryň taryhyna degişli eserleri ýazyp galdyrypdyrlar?
4. Russiýanyň diplomatlarynyň, alymlarynyň Hywanyň taryhyna degişli eserleri we olaryň ähmiýeti barada nämeleri bildiňiz?
5. Ýewropanyň syýahatçylary Hywa hanlygynyň taryhy boýunça nähili eserleri ýazyp galdyrypdyrlar?

## 30-§. XVI – XIX asyryň birinji ýarymynda garagalpaklar

### Garagalpak halkynyň şekillenmegi

Dünýäde halklar örän köp. Olardan iki ýüzden gowragy öz milli döwletine eýe. Özüniň döwletine eýe halklardan biri garagalpak halkydyr. Olaryň döwleti Özbegistan Respublikasynyň düzümindäki Garagalpagystan Respublikasydyr. Eýsem, uzak taryhda bu halkyň geçmişi nähili geçipdir? Garagalpaklaryň Amyderýanyň aşaky eteginde türki bijanaklaryň esasynda halk hökmünde şekillenme prosesi VIII asyrda başlanypdy. Bu proses X – XI asyrlarda ahyryna ýetýär. Şu döwürde olaryň döwleti hem döredilipdir. Öz hökümdary we döwlet dolandyryşy ulgamyna eýe bolan Kerder şäheri (häzirki Kegeýli tümeniniň çäginde ýerleşýän şäherdi) paýtagt edip bellenipdir. Garagalpak döwleti Çingiz hanyň hüjümi netijesinde XIII asyryň 20-nji ýyllarynda ýok edilipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Dürli göçme taýpalaryň gysajyna dözüp bilmedik garagalpaklaryň bir bölegi Wolga derýasynyň aňyrsyna, günorta rus sähralaryna göçüp ornaşanlygyna taryh şaýat. Şonuň üçin hem şol döwür rus ýylnamlarynda olar „чёрные клобуки“ („gara kolpaklylar“) diýip ýazylypdyr.

Garagalpaklar depe tarapi inçelip çykan kelle geýim – kolpak geýip gezenleri üçin şeýle at bilen atlandyrylypdyrlar.

Çingiz han Horezmşalar döwletiniň paýtagty Ürgenç şäherini eýelänsoň, ony suwa basdyrmak maksadynda Amyderýanyň bendini bozduryp taşlanlygy netijesinde Amyderýanyň özeni hem özgerdi. Netijede, suwsyz galan Aralýaka garagalpaklarynyň bir bölegi Wolga we Aral (Ýaýyk) derýalarynyň boýlaryna, Syrderýa oazislerine göçüp gitmäge mejbur bolupdyrlar.

Altyn Orda gowşansoň, onuň düzüminden ençeme garaşsyz döwletler bölünip çykýar. Bu döwletleriň biri – XIV asyryň ahyrynda dörän Nogaý (Mangyt) hanlygydy. Onuň araçägi – Wolga derýasyndan Yrtyş derýasyna çenli, Kaspi we Aral deňziniň boýlaryndan Kama derýasyna çenli bolan çäkleri öz içine alýardy. Şeýlelikde, garagalpaklar göçüp baryp ýerleşen çäkler XIV–XVI asyrlarda Nogaý hanlygynyň çägine giripdir. Nogaý we garagalpak halklary özara syýasy hyzmatdaşlykda, birleşme bolup ýaşapdyrlar. Şol bir wagtda, garagalpaklar Nogaý hanlygynyň düzüminde özleriniň dolandyryş ulgamyna eýedi. Soňluk bilen Nogaý hanlygy dargansoň, 1556-njy ýylda garagalpaklar Syrderýanyň aşaky etegine göçüp gelýärler we gazaklaryň Kiçi Juz hanlygynyň düzümine giripdirler. Şeýle bolsa-da, olar paýtagty Jankent şäheri bolan öz döwletlerine eýedi. Garagalpaklaryň bir bölegi bolsa Hywa hanlygynyň çäginiň araçäginde Aralýaka özbeklerine ýakyn çäkde ýaşap galan garagalpaklara gelip goşulypdyrlar. Bir topary Syrderýanyň ýokary akymy – Daşkent tarapa, ýene bir topary Syrderýanyň aşaky akymyna baryp ýerleşýär. Şeýdip garagalpaklar şertli ýagdaýda „ýokary garagalpaklar“ we „aşaky garagalpaklara“ bölünip gidýär. Aşaky garagalpaklar Syrderýa bilen Amyderýanyň arasynda boş ýatan ýerlere-de ornaşyp, bu ýerlere Kuwanderýadan suw çykaryp, daýhançylyk bilen meşgullanýarlar.



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

> Garagalpaklaryň aýratyn bir halkdygyny 1598-nji ýylda Buhara hany Abdulla han II-niň bir ýarlygynda „garagalpaklar“ diýen söz ýazylanlygy hem tassyklaýar.

**Garagalpak we Russiýa gatnaşyklary**

1723-nji ýylda jungarlar çozup gelip, Syrderýanyň orta bölegini eýelänsoň, garagalpaklar ýene göçmäge mejbur bolýarlar. Göçmek netijesinde garagalpaklar ikä bölünip gidýär. Garagalpaklar şeýle şertde Russiýa bilen aragatnaşygy ýola goýmaga çalyşýarlar. Çünki jungarlaryň hüjüminden aman galmak örän möhümdi. Ikinjiden, Russiýa bilen söwdany ýola goýmak hem zerurdy.

1726-njy ýylda gazaklaryň Kiçi Juz hany Abulhaýr han Peterburga öz ilçilerini iberýär. Onuň düzüminde garagalpaklaryň wekili hem bardy. Muňa jogap edip, 1731-nji ýylda Russiýa öz ilçisi M. Tewkelewi Abulhaýr hanyň huzuryna iberýär. Gepleşikler netijesinde Kiçi Juzuň düzümindäki garagalpaklar Russiýanyň raýatlygyna kabul edilýär. Şol bir wagtda, garagalpaklaryň Russiýa däl, Kiçi Juz hanlygyna ýasak tölemegi ykrar edilýär. Garagalpaklar Russiýanyň raýatlygyny kabul edip – olar Eýran hökümdary Nedir şanyň hüjüminden saklanýar.

Ýuwaş-ýuwaşdan garagalpaklar Aralýaka özbekleri bilen ýakynlaşyp başlaýarlar.

Aralýaka özbekleri Hywa hanlygynyň häkimiýetine boýun egmegi islemeýärdi. Hanyň hökümeti öz öňüne Aralýaka özbeklerini hem-de garagalpaklary boýun egdirmek maksadyny goýýar. Ahyrynda, uzak göreşlerden soň, diňe 1735-nji ýylda Aralýaka özbekleri we garagalpaklar Hywa hanlygynyň häkimiýetini ykrar etmäge mejbur edilýär. 1811-nji ýylda bolsa olar hanlyga doly boýun egdirilýär.

**Aýdostbiý ýolbaşçylygyndaky gozgalaň**

1827-nji ýylda Hywa hanlygynyň zulmuna garşy garagalpaklar gozgalaň turuzýar. Gozgalaňa garagalpaklar biýi Aýdostbiý ýolbaşçylyk edýär. 1827-nji ýylyň 25-nji iýul güni Hywa hany Allaguly han Aýdostbiýiň ýolbaşçylygyndaky gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin goşun iberýär. Güýçler deň bolmadyk söweşde gozgalaňçylar derbi-dagyn Aýdostbiý bolsa öldürilýär. Gozgalaň basyp ýatyrylsa-da, halkyň zulmuna garşy ýigrenji barha güýçlenýär. 1859-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

njy ýylda Hywa hany Said Muhammet han garagalpak halkynyň berk basyşy astynda olara özüni-özi dolandyrmak hukugyny berýär. Munuň bilen Hywa hanlygynyň düzüminde bolsa-da, garagalpak döwletliligi amalda dikeldilýär. Bütin häkimiýet Biýler agasynyň elinde toplanýar. Onuň derejesi han derejesine deňleşdirilýär.

**Sosial durmuş**

Garagalpaklaryň sosial durmuşynda urugçylyk, taýpaçylyk gatnaşyklary ep-esli güýçlüdi. Her bir uruga ýa-da taýpa *biý*ler ýolbaşçylyk edýärdi. Harby bölümleri *batyr*lar dolandyrýardy. Ilatyň arasynda *ruhany*lar, *şyh*lar, *hoja*laryň hem orny uludy. Awul başlangyç administratiw bogun bolup, olaryň bütin durmuşyna Aksakgallar Geňeşi ýolbaşçylyk edýärdi. Şonuň ýaly-da, garagalpaklarda *ýüzbaşy*, *mirapbaşy*, *kazy*, *rais* ýaly administratiw wezipeler hem bardy.

*Biýler agasy* öňler urug ýygnaklarynda saýlanan bolsa, garagalpaklar Hywa hanlygyna boýun egdirilenden soň, han tarapyndan bellenip, oňa urug biýleri boýun egipdir. Amyderýanyň çep kenaryndaky Goňrat, sag kenaryndaky Çimbaý şäherleri garagalpaklaryň baş administratiw merkezine öwrülýär.

**Hojalyk durmuşy**

Garagalpaklar gadymdan daýhançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanyp gelipdirler. Garagalpaklar Aral boýlarynda, Syrderýa we Amyderýa aralygyndaky ýerlerde daýhançylyk bilen meşgullanýardylar. *Bugdaý*, *arpa*, *taryk* we başga ekinleri ekip, bol hasyl alypdyrlar. Täze (Jana)derýa we Kuwanderýa basseýnlerinde garagalpaklar tarapyndan gurlan kanallar we suwaryş desgalary daýhançylygyň öňdebaryjy orunda duranlygyna şaýatlyk edýär. XVIII asyryň ahyrlarynda Amyderýanyň aşaky akymynda Kalliköl, Kegeýli, XIX asyryň ortalarynda Çimbaý, Goňrat daýhançylyk oazisleri emele gelýär. Daýhançylykda *omaç*, *mala*, *kätmen*, *pil*, *orak* ýaly zähmet gurallaryndan peýdalanylypdyr. Garagalpaklaryň ykdysady durmuşynda maldarçylyk hem möhüm orun tutupdyr. Çarwadarlar öküz we düýe goşulan arabalarda süri we otarlary bilen ýylyň dowamynda bol otly ýaýlalara göçüp gezipdirler.

Garagalpaklaryň ykdysady durmuşynda balykçylyk we awçylyk hem möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

?

1. Garagalpak halkynyň şekilleniş prosesi barada nämeleri bildiňiz?
2. „Garagalpak“ adalgasy nähili gelip çykypdyr?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Ýurdumyzda ilki „garagalpaklar“ diýlip agzalan resminama kime degişlidi?
4. Garagalpak – Russiýa, Garagalpak – Hywa gatnaşyklaryna degişli faktlaryň sanawyny düzüň.
5. Aýdostbiý gozgalaňynyň sebäbi we netijeleri barada aýdyp beriň.
6. Näme üçin Hywa hany garagalpaklara özüni-özi dolandyrmak hukugyny bermäge mejbur boldy?

Mälim bolşy ýaly, Garagalpagystan Respublikasy bu günki günde Özbegistanyň düzümindäki döwlet. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň haýsy babynda we maddalarynda Özbegistan Respublikasy bilen Garagalpagystan Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklar nähili tertipde çözülişi kesgitlenendigini anyklap, şu maddalaryň mazmunyny öwrenip geliň.

## 31-§. Garagalpaklarda medeni we ruhy durmuşy

**Durmuş ýörelgeleri**

Garagalpaklar uzak ýyllaryň dowamynda göçme durmuş terzinden oturymlylyga geçiş prosesini başyndan geçiripdirler. Ilatyň esasy bölegi *otow* we *pagsa öý*lerden ybarat *awul*larda ýaşaýardy. Soňluk bilen *korganlar* (gala) we şäherler emele gelýär.

Garagalpaklar birnäçe uruglardan ybarat bolup, her urug agzasy öz urugynyň berkligini üpjün etmäge çalyşýardy. Bir urugyň içinde özara nika gadagan edilen. Toýda bagşylar dessanlardan aýdymlar aýdýardy, bäsleşikler öwjüne galardy. Pälwanlar göreşe çykýardy.

Garagalpaklar gyşyny köplenç deňiz we derýa boýlarynda geçiripdirler. Araba, gaýyk, sal we at esasy transport serişdesi bolupdyr. Garagalpaklar geýim-gejiminde millilige aýratyn üns beripdirler. Bu zat, aýratynam, aýallar we gyzlar sawkelinde (galyň bozdan tikilip, kümüş we merjenler bilen bezelen kelle geýim) aýdyň görnüpdir.

**Şäherler**

Garagalpaklar Goňrat, Çimbaý, Hojeýli ýaly iri şäherleri gurupdyrlar. Şolardan Goňrat we Çimbaý garagalpaklaryň administratiw merkezleridi. Bu şäherler XVII asyryň ahyry – XVIII asyryň başlarynda gurlan. Hojeýli şäheri Aral we Hywa aralygyndaky söwda merkezi bolup, gümrükhana şu şäherde



http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýerleşipdir. Şäherler beýik diwarlar bilen gurşalypdyr. Şäheriň içersinde owadan binalar, köşkler gurlupdyr. Janagala, Aýdostgala, Ernazargala, Köközakgala, Eşangala ýaly gala şeklinde gurlan şäherler garagalpak halky tarapyndan döredilen binagärlik medeniýetiniň ýadygärlikleri hasaplanýar.

Şäherlerde XIX asyryň başlarynda 318 sany mekdep, Garagum işan, Kalila ahun, Egambergen ahun, Aýimbet işan kwartallarynda, Eşangalada medreseler bolupdyr. Hünärmentler 12 – 13 ýaşly çagalary şägirdlige kabul edip, olara hünäriň syrlaryny öwredipdirler. Garagalpak ýaşlary Hywa we Buhara medreselerinde hem tälim alypdyrlar.

**Folklor, şekillendiriş sungaty we saz**

Garagalpaklaryň halk agzeki döredijiligi örän baý. Garagalpak folklor nusgalary 20 jiltliginiň neşir edilendigi pikirimiziň delilidir. Olar söz ussalary bolan çeçanlary, bagşylary (jirow) söýýärler. Il ýaşulular, ýolbaşçylary ýanyndan kyssahanlar aýrylmandyr. Özbekleriň Ependisi ýaly garagalpaklaryň wäşisi – Ömirbek lakkysy bar. Ömirbek lakky öz ýomaklarynda jemgyýetdäki kemçilikleriň üstünden gülýän halk gahrymany hökmünde şekillenýär. Ol adalatsyz emeldarlar, kazylar, sözi bilen işi gabat gelmeýän ruhanylaryň pyssy-pyjurlyklaryny paş edip, mertlik, gönümellik, hakykat, adalaty wasp edipdir. Şorta sözleri ýeňil degişme, ajy ýumor bilen ykjam aňladyp, diňleýjileri hoşal edipdir.

Gahrymançylyk dessanlary *„Kyrkgyz“*, *„Alpamyş“*, *„Kublan“*, *„Mastpaşýa“*, *„Edigeý“* dessanlarynda garagalpaklaryň wakalara baý taryhy wasp edilýär. Meselem, „Edigeý“ dessanynda Emir Temuryň, Togtamyşyň işleri bilen bagly wakalar beýan edilse, „Kyrkgyz“da garagalpak halkynyň azatlyk göreşi, Horezm halkynyň Eýran şasy Nedir şa garşy göreşi öz çeper beýanyny tapypdyr.

Garagalpaklaryň halk aýdymlarynda il-ýurduň ýolbaşçylary, gahrymanlary – Maman batyr, Esangeldi mahram, Aýdostbiý, Ernazarbiýler beýgeldilýär.

Garagalpaklaryň şekillendiriş sungatyndaky özboluşlylyk, aýratynam, olar dokan halylarda we keşdelerde aýdyň beýanyny tapýar. Olara düşürilen nagyşly bezegler suw simwolyny şöhlelendirýän tolkun görnüşine eýe bolupdyr. Bu ýöne ýerden däldi. Çünki garagalpaklar



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gadymdan derýanyň we kölleriň boýlarynda ýaşap gelipdirler. Mundan daşary, garagalpak şekillendiriş sungatynyň ýene bir özboluşlylygy onuň sançma nagyşly agaç haşamçylygynda aýdyň ýüze çykýar.

Garagalpaklaryň aýdymçylygy mazmunyna görä halk, taryhy we däp-dessur aýdymlaryna bölünipdir. Olar gopuz, dutar, gyjak, surnaý, nagara ýaly saz gurallarynyň kömeginde ýerine ýetirilipdir. Dessan ýerine ýetirijileri jirawlar, bagşylar we kyssahanlar diýlip atlandyrylýan üç topara bölünipdirler. Olar bir-birinden aýdýan dessanlarynyň mazmuny, ýerine ýetiriliş stilleri, heňi we saz gurallary bilen tapawutlanypdyr. Meselem, jirawlar gahrymançylyk dessanlaryny gopuz goşulyşmagynda, bagşylar bolsa dutar we gyjak goşulyşmagynda ýerine ýetiripdirler. Kyssahanlar bolsa dessanyň golýazmalaryny zor ussatlyk bilen okap ýa-da ýatdan aýdyp beripdirler.

**Garagalpak ýazuw edebiýaty**

XVIII – XIX asyryň birinji ýarymynda garagalpak edebiýatynyň birnäçe görnükli wekilleri bolup, olaryň atlary bu günki günde-de hormatlanýar. Olardan biri Jiýen Jiraw (1730 – 1784) meşhur bagşy, wäşi şahyr hökmünde kemal tapypdyr. *„Haý ýigitler, ýigitler“* we *„Ýüregimde köp tegmil“* ýaly ençeme goşgularynda jemgyýetdäki nähaklyklary, hökümdar gatlaklaryň pyssy-pyjurlyklaryny, halka geçiren jebir-sütemlerini paş edýär. Garagalpaklar – azatlyk söýüji halk. Şonuň üçin hem olar hemişe öz erkleri üçin azatlyk göreşini alyp barypdyr. Mälim bolşy ýaly, gazaklaryň Kiçi Juz hany Abulhaýr hana garşy alnyp barylan uruşda garagalpaklar ýeňlipdi. Bu şowsuzlyk netijesinde olar azap-görgülere duçar edilýär. Hususan-da, Syrderýanyň boýlaryndaky garagalpaklar her ýana dargap gidýärler. Olaryň bir bölegi Daşkendiň töwereklerine (Çyrçygyň boýlaryna), başga bir bölegi bolsa Gyzylgum arkaly Horezme (Aral deňziniň günorta kenarlaryna) göçüp gidýär. Ynha şu göçüşleriň şaýady bolan Jiýen Jiraw *„Ykmanda il“* atly dessan ýazyp, onda garagalpaklaryň maşakgatly döwri taryhyny gönümel beýan edýär. Bagşy hökmünde *„Alpamyş“*, *„Kyrkgyz“* ýaly dessanlary zor ussatlyk bilen wasp edýär.

Garagalpak edebiýatynyň görnükli wekillerinden ýene biri Günhoja Ybrahymdy (1799 – 1880). Onuň aýratynam *„Orakçylar“*, *„Çopanlar“*, *„Il bilen“* ýaly goşgulary halkyň arasynda meşhurdy. Bu eserlerde garagalpak halkynyň Hywa hanlygynyň tabynlygyna düşüp galan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

döwürdäki agyr ýagdaýy, erksiz durmuşy we hökümdar gatlaklaryň pyssy-pyjurlyklary uly ussatlyk bilen paş edilen.

**Ajiniýaz** Ajiniýaz Kosibaý ogly (lakamy Zewar) hem (1824 – 1878) garagalpak halkynyň görnükli şahyrlaryndan biridir. Ol başlangyç tälimi Moýnakdaky köne mekdepde alýar. Soň Hywadaky Şirgazy han medresesinde bilim alýar. Ajiniýazdan ýüzden artyk goşgy we poemalar miras galdy.


Ajiniýaz

Goşgularynda Watan, ynsanperwerlik taglymlary wasp edilýär. Şahyryň *„Bozataw“* poemasynda bolsa garagalpak halkynyň başga ýurtlara göçüp gitmäge mejbur edilenligi uly ussatlyk bilen suratlandyrylýar. „Gerek“, „Bolýa“, „Bolmasa“, „Gowy“, „Ýigitler“ ýaly eserlerinde Ajiniýazyň ynsanperwer taglymlary, filosofik garaýyşlary aňladylan. Eserleri halkyň arasynda giň ýaýran, „Gyz Mengeş bilen aýdyşyk“ (1878) eseri meşhur. Onuň durmuşy barada şahyr Ybraýym Ýusupow „Ajiniýaz“ eserini döredipdir. Onuň eserleri özbek dilide neşir edilen („Saýlanan eserler“ we başgalar).

> 1999-njy ýylda Ajiniýazyň doglan gününiň 175 ýyllygy bellendi. Nukusda Ajiniýaz meýdany guruldy we oňa heýkel ornaşdyryldy.

**Berdak** Garagalpak edebiýatynyň düýbüni tutujysy Berdak (1827 – 1900) (lakamy; asyl ady Berdimyrat Kargabaý ogly) ady bilen meşhurdyr. Berdak ilki awul mekdebinde, soňra medresede okapdyr. Nowaýynyň, Fuzulynyň, Magtymgulynyň, Günhojanyň eserlerini okap, şygryýet sungatyny olardan öwrenipdir. Berdak taryhy, halk agzeki döredijiligini kämil özleşdiripdir. Onuň döredijiligi 18 – 19 ýaşlarynda dombyra çalyp, goşgy aýtmakdan başlanýar. 25 ýaşynda halkyň arasynda talantly şahyr hökmünde halka tanalýar. Onuň *„Bolan däl“*, *„Ömrüm“* we *„Salgyt“* ýaly


Berdak



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

goşgularynda zähmetkeş halkyň agyr durmuşy, şonuň ýaly-da, Hywa hanlarynyň we emeldarlarynyň zulmuna garşy halk närazylygy öz şöhlelenmesini tapypdyr.

*„Ogluma“*, *„Akmak bolma“* ýaly goşgulary arkaly bolsa ýaşlary Watany söýmäge, aň-bilim eýelemäge çagyrypdyr. Berdak halkyň durmuşyny, onuň haýyrly arzuw-isleglerini gowy bilýän şahyrdy. Şonuň üçin hem onuň goşgularynda halkperwerlik ruhy güýçlüdi. Berdak taryhy temalarda hem ýazýardy. Ol *„Amangeldi“*, *„Aýdostbiý“*, *„Ernazarbiý“* ýaly eserlerinde hanlaryň zulmuna garşy göreşen halk gahrymanlaryny buýsanç bilen wasp edýär. *„Nesiller“* eseri bolsa taryhy wakalaryň ýylýazgysy bolup, onda halklaryň gelip çykyşy, garagalpak halkynyň başga türki halklar bilen aragatnaşygy, olaryň durmuşyndaky umumylyk ýaly taraplar beýan edilen. Zuluma garşy turan gozgalaň *„Ernazarbiý“* poemasynda hem suratlandyrylypdyr.

1998-nji ýylda ýurdumyzda Berdagyň doglan gününiň 170 ýyllygy giň bellendi. Daşkent şäherindäki alleýalaryň birine Berdagyň ady dakyldy we býusty oturdyldy. Şahyr doglan ýer – Bozatawda we Nukus şäherinde hem heýkel goýuldy.

1. Garagalpak halk agzeki döredijiligi barada nämeleri bildiňiz?
2. Näme üçin edebiýatyň esasyny şygryýet we dessançylyk düzüpdir?
3. Jiýen Jiraw, Günhoja we Ajiniýazlaryň nähili eserlerini bildiňiz we olaryň mazmunyna görä öz gatnaşygyňyzy bildiriň.
4. Garagalpak edebiýatynyň esaslandyryjysy – Berdagyň eserlerinde nähili taglymlar öňe sürülýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# *IV BAP.* XVIII–XIX ASYRYŇ BIRINJI ÝARYMYNDA KOKANT HANLYGY

## 32-§. Kokant hanlygynyň döremegi

**Şahruhbiý – hanlygy esaslandyryjy**

Fergana jülgesi aştarhanylar hökümdarlygy döwründe Buhara hanlygynyň garamagyndady. XVIII asyryň başlarynda Buhara hanlygynda merkezi häkimiýet içki göreşler netijesinde gowşaýar. Şeýle ýagdaýdan peýdalanan jungarlar Fergana jülgesine ýygy-ýygydan çozup girip, talaňçylyk edip başlaýarlar. Ikinji tarapdan Sin imperiýasy (Hytaý) hem howp salýardy. Ýagdaý içki güýçleri birleşdirmäge, garaşsyz döwlet düzmäge ündeýärdi. Şeýle şertde jülgedäki özbekleriň müň urugynyň aksakgallary ýygnanyşyp, Buhara hanlygyndan aýratyn garaşsyz döwlet düzmegi karar edýärler.

1709-njy ýylda müň urugynyň wekilleri Fergana jülgesinde häkimiýeti öz ellerine alýarlar. Şeýlelikde, soňluk bilen Kokant hanlygy diýlip atlandyrylan täze özbek döwleti emele gelýär. Hökümdarlygyň tagtyna Şahruhbiý oturdylýar.

Tepakorgan Şahruhbiýiň karargähine öwürilýär. Dogry, bu özbek döwletiniň hökümdarlary birbada han derejesini almandyrlar. Tersine, bu döwlete resmi taýdan Buhara hanlygynyň düzüm bölegi diýlip garalypdyr. Şonuň üçin Aştarhany Abulfaýz han Şahruhbiýe „atalyk“ derejesini beripdir. Galyberse-de, garaşsyz döwletiň esasy alamatlaryndan biri – pul zikgelenmändir. Tersine, Buhara hanlygynyň puly dolanyşykda saklanyp durupdyr. Ýöne bu ýagdaý uzak dowam etmeýär. Çünki aştarhanylaryň Ferganany öz gol astynda saklap durmaga güýji ýetmeýärdi. Abulfaýz hanyň häkimiýetiniň ömri bolsa ahyryna ýetýärdi.

**Hanlyk Şahruhbiýiň mirasdüşerleri döwründe**

Indi müňler dinastiýasynyň öňünde dinastiýa häkimiýetine kanuny görnüş bermek meselesi hem durýardy. Çünki Fergana jülgesinde



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

uly abraýa eýe bolan gypjaklar taýpasy müňler häkimiýetini ykrar etmeýär. Şahruhbiý aradan çykandan soň tagta oturan ogly Abdurahimbiý atasy döwründe başlanan Kokant şäherini abat etmek we giň gerimli abadançylyk işlerini dowam etdirýär we ony hanlygyň paýtagtyna öwürýär. Şonuň ýaly-da, döwletiň çägini giňeltmek maksadynda Buhara hanlygynyň garamagynda bolan Hojant, Oradepe welaýatlaryny goşup alýar. Gynansak-da, ol pitne gurbany bolýar. Tagty inisi Hojant häkimi Abdulkarimbiý eýeleýär (1733 – 1750). Kokant şäherini abadanlaşdyrmagy dowam etdirýär. Şol bir wagtda, şäheriň daşyny diwar bilen gurşadýar.

1740-njy ýylda Fergana jülgesine jungarlar hüjüm edýär. Hüjüm örän kynçylyk bilen gaýtarylýar. Jungarlara garşy göreşde müňlere gypjaklar kömek berýärler. 1745-nji ýylda jungarlar ýene hüjüm edýär. Gazaply duşmana garşy müňler, ýüzler, gypjaklar we gyrgyzlar bilelikde göreşýärler. Olara oradepeliler hem kömek berýärler. Hanlygyň garaşsyzlygy saklap galynan bolsa-da, bu hüjüm hanlygyň ykdysady we syýasy ýagdaýyny gaty agyrlaşdyrýar. Şol bir wagtda, jungarlara garşy bilelikde göreşen özbek taýpalarynyň ýaranlygy uzaga çekmeýär. Muňa gypjaklaryň zulumkärligi, talaňçylygy sebäp bolýar. Ähli kynçylyklara seretmezden merkezi häkimiýet gypjaklaryň pitnesini basyp ýatyrýar. Abdulkarimbiý aradan çykandan soň tagt üçin başlanan göreşde ahyrky netijede Abdurahimbiýiň ogly Erdanabiý ýeňiji bolýar (1751 – 1762). Tiz arada Kokant hanlygy Hytaýyň hüjümine duçar bolýar. Onda Kokandyň ýeňilmegi Erdanabiýiň häkimiýetini pese gaçyrýar. Dogry, Erdanabiý hökümdarlygy döwründe hanlygyň içki we daşary syýasatda üstünlikler gazanylan döwürler hem bolupdyr. Meselem, ol Oş we Özgen welaýatlaryny hem boýun egdirýär. Kokandy Buhara emirligi we Sin imperiýasy (Hytaý) bilen deňme-deň göreşip bilýän döwlete hem öwürmegi başarýar.

### Hanlyk Narbotabiýiň hökümdarlygy döwründe

1763-nji ýylda tagta Abdulkarimbiýiň agtygy Narbotabiý oturdylýar (1763 – 1798). Narbotabiý tiz arada Çusty (häzirki Namangan welaýatyndaky tümen) boýun egdirýär. Soň özüniň ýene bir bäsdeşi Namangan häkimi Irisgulybiýe garşy goşun çekýär. Bu ýöriş iki tarapyň arasynda ýaraşyk baglaşmak bilen tamamlanýar. Narbotabiý özünden närazy bolan şazadalary dürli welaýatlara we



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

tümenler häkim edip belleýär. Şu ýol bilen oppozisiýanyň garşylygyny peseltmek başardýar .

1776-njy ýylda Narbotabiý Kokant hanlaryndan birinji bolup hanlygyň *fals* diýilýän öz puluny zikgeledýär. Çeşmelerde ýazylyşyna görä Narbotabiýiň bir falsyna bir baş goýun satyn almak mümkin bolupdyr. Hanlygyň garaşsyz ýagdaýda öz puluny zikgelemeginiň taryhy ähmiýeti bu döwletiň amalda hem garaşsyz döwletdigini aňlatmagy bilen kesgitlenýär. Narbotabiý döwründe ekinlerden bol hasyl alynmagyň hasabyna bazarda nyrhlar arzanlaşýar. Hanlygyň güýji her taraplaýyn ösýär. Narbotabiý syýasy durnuklylygy gazanansoň, aradan çykmanka, uly ogly Muhammet Eminbegi Margilana, ortanjy ogly Alymbegi Törekorgana häkim edip belleýär. Narbotabiý aradan çykandan soň hanlykda bir-birine oppozisioner birnäçe topar emele gelýär. Olardan biri Alymhan we inisi Omarhany, Narbotabiýiň öweý agasy Hajybiýiň ýolbaşçylygyndaky ikinji topar bolsa Narbotabiýiň körpe ogly Rustambiýi goldaýarlar.

- 1709-njy ýyl – Orta Aziýada üçünji özbek döwleti – Kokant hanlygy döredi.
- 1776-njy ýyl – Narbotabiý hanlykda birinji bolup Kokandyň öz puluny zikgeletdi.

1. Nähili faktorlar Fergana jülgesini bitewi döwlete birleşdirmäge esas döretdi?
2. Näme üçin Şahruhbiý döwleti „atalyk“ derejesinde dolandyrypdyr?
3. Narbotabiýiň hanlygyň taryhyndaky orny onuň haýsy hyzmaty bilen kesgitlenýär?

## 33-§. XVIII asyryň ikinji ýarymy – XIX asyryň birinji ýarymynda Kokant hanlygynda syýasy ýagdaý

### Alymhanyň tagta çykmagy

Öňki temalarda agzalan iki toparyň arasyndaky göreşde Alymhany goldan toparyň işi şowuna düşýär. Alymhan 1798-nji ýylda tagta oturdylýar. Onuň hökümdarlygy döwründe (1798 – 1810) hanlygyň ýagdaýy öňküden-de ýokarlanýar. Döwlet indi Kokant hanlygy ady bilen atlandyrylyp başlanýar. 1805-nji ýylda Alymhan özüniň hanlygyň



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ady ýazylan kümüş teňňe puly (dinar) zikgeledýär we özüni han diýip yglan edýär.

Bu pul döwletiň maliýe we salgyt ulgamynda tertip ornaşdyrmaga hyzmat edýär. Alymhan müňler dinastiýasy häkimiýetiniň kanunylygy ykrar edilmegi üçin dinastiýanyň gelip çykyşy Babur Mürzeden başlanýandygy baradaky rowaýatdan peýdalanýar.

!

*Rowaýatyň taryhy kitaplara „Altyn bişik“ ady bilen giren. Rowaýata görä, Babur Mürze şeýbanylardan ýeňlip, Mawerannahrdan Fergana arkaly çykyp gidýär. Ýolda Babur Mürzäniň aýallaryndan biri ogul perzent doguryýar. Ýöne ony alyp gitmeýärler, tersine, gymmat baha zynatlar bilen bezelen bişikge salyp we hyzmatkärlerden birini çaga bilen bile galdyrýarlar. Çaga galdyrylan ýerde özbekleriň kyrk, gypjak, gyrgyz we müň uruglarynyň awullary bardy. Olar çagany tapyp alýarlar we oňa Altyn bişik diýip at dakýarlar. Altyn bşik müň urugynyň arasynda terbiýelenýär. Kämillik ýaşyna ýetensoň öýlenýär. Müň urugyndan öýlenen durmuş ýoldaşy ogul perzendi dünýä inderýär. Oňa Taňryýar diýip at dakýarlar. Rowaýatda aýdylyşyna görä, Taňryýar soňluk bilen Ferganany ň hökümdary bolupdyr. Döwleti bolsa biý derejesinde dolandyrypdyr.*

*Halk arasynda hökümdar dinastiýa şejeresiniň temurilere baryp direlmegi hoşallyk bilen kabul edilýär. Galyberse-de, Alymhanyň adyna „Sahypgyran“ derejesi hem goşulyp ýazylýan bolýar. Bu hem müňleriň gelip çykyşy temurilere baryp direlýändigini esaslandyrmaga hyzmat etmelidi.*

### Hanlygyň çäginiň giňeldilmegi

Alymhan regulýar goşun düzmek maksadynda harby özgertme geçirýär. Bu özgertme oňa hanlygyň çägini giňeltmek maksadynda giň möçberde harby hereketleri alyp barmaga mümkinçilik berýär. Meselem, Ahangaran oazisi, Çimkent, Saýram, Türküstan basyp alynýar. Russiýa bilen söwda aragatnaşyklary ýola goýulýar. Şonuň ýaly-da, Syrderýanyň orta akymynyň ähli diýen ýaly sag kenaryny (Kurama) hanlygyň düzümine goýup alýar. Mundan daşary, Oradepe we Hojant üçin Buhara emirligi bilen yzygiderli uruş hereketlerini



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

alyp barýar. Bu iki welaýat kä ol tarapyň, kä bu tarapyň garamagyna geçip durýar. Bir söz bilen aýdanda, Alymhanyň hökümdarlygy döwründe hanlygyň çägi iki esse diýen ýaly giňelýär.

Alymhan içki syýasatda merkezi häkimiýeti ýene-de berkitmäge çalyşýar. Bu ugurda talap edijilige-de ýol berýär. Bu bolsa dürli taýpa ýolbaşçylarynyň, käbir ýokary wezipelileriň ýiti närazylygyna sebäp bolýar. Alymhan garyplara we galandarlara ýer hem-de çarwa mallaryny berip, olary zähmete çekýär.

Alymhana garşy güýçler tagta onuň inisi Omarhany oturtmaga gizlinlikde taýýarlanýarlar. Alymhan bu habarlara duşmanlar ýaýradýan öjükdirme diýip garaýar. Ýakynlaşyp gelýän döwlet agdarylyşygynyň öňüni almagyň ýerine häzirki Gazagystan Respublikasynyň çägindäki Çimkent, Saýram, Türküstan welaýatlaryna 1810-njy ýylyň fewral aýynda harby ýöriş guraýar. Gyşyň sowugy goşunda närazylyk oýarýar. Goşunyň närazylygy pitneçiler üçin gowy bahana bolýar. Olar goşunyň arasynda Alymhan aradan çykdy, diýen toslama ýaýradýarlar. Tagta bolsa inisi Omarhany oturtdylar. Alymhan hyýanatdan habar tapansoň, Kokanda gaýdýar. Ýöne ýolda pitneçiler tarapyndan atyp taşlanýar. Alymhan taryhda döwleti hanlyk derejesine göteren edermen hökümdar hökmünde at galdyrdy.

### Hanlyk Omarhanyň hökümdarlygyny döwründe

Omarhan hem ähli geçen hökümdarlar ýaly öz häkimiýetini berkitmäge girişýär. Ilki bilen, gelejekde hanlygyň tagtyna howp salmagy mümkin bolan şahslary ortadan alyp taşlaýar. Soň özüniň ady bilen kümüş dirhem zikgeledýär. 1817-nji ýyldan başlap zikgelenip başlanan kümüş we tylla pullara „Musulmanlaryň emiri, Saýid Muhammet Omar soltan“ diýip ýazylyp başlanýar. Omarhan pul zikgelemek arkaly resmi taýdan özüniň hökümdarlyk derejesini tassyklaýar.

Hanlygyň çägini ýene-de giňeltmek maksadynda 1812-nji ýylda Buhara tabynlygy ykrar eden Türküstana hem goşun iberýär we ony basyp alýar.

Bu ýörişden soň din ýolbaşçylary Omarhanyň häkimiýetiniň kanunylygyny esaslandyrmak maksadynda „Haýsy hökümdar 12 müň leşgeri gerekli gural-ýarag we enjamlar, atlaryny bolsa ot-iým bilen üpjün etse, ony musulmanlaryň emiri (Emir al-muslimin) diýip atlandyrmaly“ diýen fetwa çykarýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hasap-hesipler hanlyk boýunça Omarhandan fetwada aýdylandan ep-esli köp adam üpjün ediljekdigini anyklap berýär. Şundan soň Omarhan özüne *Emir al-muslimin* derejesini kabul edýär we bu hakda hutba hem okalýar.

Osmanly döwletiniň soltany Kokant hanlygynyň Buhara emirliginden doly garaşsyz döwletdigini ykrar edýär.

Omarhanyň döwründe hanlygyň çägi ýene-de giňeldilýär. Indi hanlygyň araçägi demirgazykda Russiýanyň araçäklerinden Kohistana we Kaşgara çenli ulalýar.

Omarhan 1822-nji ýylda aradan çykýar. Tagta uly ogly Muhammet Alihan (Mädali han) geçýär.

**Muhammet Alihan**

Kokant hanlygynyň çägi Omarhanyň ogly we mirasdüşeri Muhammet Alihan (Mädali han) döwründe (1822 – 1841) ýene-de giňelýär. Kokant goşuny Ferganany ň günortada ýerleşýän, esasan, täjik oturymly ilaty ýaşaýan Garategin, Derbaz we Kölaby eýeleýär. Ýöne Mädali han tiz arada göwnüne gelen işleri ediberýändigini goldaýan barly toparlaryň täsirine düşýär. Ýaş han merhum atasynyň iň abraýly barly toparlaryny yzarlap başlaýar. Omarhan döwründe han häkimiýeti bilen ýerli aristokratlaryň arasynda pugtalanan ýaranlyk bozulyp başlaýar. Emeldarlaryň käbirleri sürgün edilýär, käbirleri öldürilýär we käbirleri bolsa Buhara gaçyp gidýärler. Ol hatda daýzasy Aftabaýymyň maşgalasyna-da rehim etmeýär. Onuň durmuş ýoldaşy, hanlygyň şeýhulyslamy we ogly Hekimhany sürgün edýär. Welaýat (beklik) häkimleri bolsa tiz-tizden çalşyrylyp durulýar. Bular ilatyň ähli gatlaklaryny Mädali hana garşy edip goýýar. Ruhanylar hany dürli ahlaksyzlyk we şerigata garşy jenaýatlarda aýplap, oňa garşy açyk wagyz alyp barýarlar. Ahyrky netijede, 1841-nji ýylda Mädali han öz inisi Soltan Mahmythanyň peýdasyna tagtdan el çekmäge mejbur bolýar. Şonuň ýaly-da, handan närazy güýçler Buhara emiri Nasrulladan kömek soraýarlar. Emir Nasrulla 1842-nji ýylda öz goşunyny Kokanda garşy iberýär we Kokandy basyp alýar. Mädali han, inisi Soltan Mahmythan öz barly toparlary bilen tutup alynýar we Emir Nasrullanyň buýrugyna görä öldürilýär. Emir Nasrulla hatda Mädali hanyň enesi Nadyrabegime-de rehim etmändir.

**Emir Nasrulla basybalyşyndan soňky syýasy ýagdaý**

Emir Nasrullanyň Kokant hanlygyndaky hökümdarlygy uzaga çekmeýär. Çünki emiriň Kokantdaky naýyby Ybrahym



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dodhoh Kokant hanlygynyň ilatyny öň alnyp gelinen salgyda goşmaça ýagdaýda Buhara emirliginde girizilen salgytlary hem tölemäge mejbur edýär. Netijede, bütin Kokant hanlygynyň çäginde 1842-nji ýylda uly gozgalaň turýar. Onuň netijesinde emiriň Kokantdaky naýybynyň we bekleriniň häkimiýeti ýatyrylýar. Buhara emiriniň hökümdarlygyna garşy gozgalaňy guran ýerli güýçler *gypjaklaryň* kömegine daýanypdylar. Gozgalaň netijesinde Kokant hanlygynyň garaşsyzlygy dikeldilýär. Tagta Narbotabiýiň inisi Hajybegiň ogly Şiralyhan (1842–1845) oturdylýar. Kokant hanlygynyň garaşsyzlygyny dikeltmekde müňler taýpasyna uly medet beren gypjaklar hanlygyň sosial-syýasy durmuşynda uly abraýa eýe bolýarlar.

Olaryň serdary Musulmankul müňbaşy edip bellenýär. Kokantdaky şowsuzlyga çydap bilmedik Emir Nasrulla ýene Kokanda ýöriş edýär. Ol Kokant şäherini 40 gün gabaýar. Ýöne Emir Nasrullanyň gabawy dowam etdirmäge Hywa hany Allaguly hanyň Buhara emirligine eden hüjümi päsgel berýär. Emir Nasrulla Buhara gaýtmaga mejbur bolýar.

Musulmankul 1845-nji ýylda Oş ilatynyň salgytlaryň çenden daşary agyrlygyndan närazy bolup turan gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin goşun bilen iberilýär. Mundan peýdalanan Isfara häkimi Samarkantda ýaşap duran merhum Alymhanyň ogly Myrathany alyp gelip, Kokandyň tagtyna oturdýar. Ýöne Musulmankul Namangana gaýdyp gelýär we gyzyny merhum Şiralyhanyň ogly Hudaýara nikalap berýär. 13 ýaşly Hudaýarhan bu döwürde Namanganyň häkimidi. Şundan soň Musulmankul Myrat hany tagtdan agdarýar we giýewi Hudaýary tagta oturdýar.

### Içki dawalaryň güýçlenmegi

Hudaýarhan ýaş bolanlygy sebäpli hanlygy amalda gaýnatasy Musulmankul dolandyrýar. Şeýdip, hanlykda gypjaklar hökümdarlygy döwri başlanýar. Indi gypjaklar Kokanda uçdantutma göçüp gelip başlaýarlar. Ýerli ilaty şäherden kowup çykaryp, olaryň ýaşaýyş jaýlaryna ornaşyp başlaýarlar. Suwaryş desgalaryny eýeleýärler. Ilat indi suw üçin hem salgyt töleýän bolýar.

Bu syýasat ýerli ilatyň berk närazylygyna sebäp bolýar we hanlykda hökümdarlara garşy gozgalaň turuzmak howpuny döredýär. Şeýle ýagdaýda Musulmankul öz ýagdaýyny ýitirmezlik üçin ruslar bilen aragatnaşygy ýola goýmaga çalyşýar we rus serkerdeligi wekili W. Welýaminow-Zernow bilen gizlin ýagdaýda duşuşýar. Gaýnatasynyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bu hereketi Hudaýarhany gaty gorkuzýar. Şonuň üçin hem ol indi gaýnatasy Musulmankulyň we gypjaklaryň hökümdarlygynyň soňuna çykmagy karar edýär.

1852-nji ýylyň 9-njy oktýabr güni Hudaýar han Daşkentden çagyrylan goşun bilen gypjaklaryň gyrgynyny guraýar. Gaýnatasy Musulmankul ýesir alnyp, öldürilýär. Gypjaklaryň emläkleri konfiskasiýa edilýär. Şeýdip, Musulmankulyň we gypjaklaryň hökümdarlygy ýatyrylýar.

Gypjaklaryň häkimiýetden daşlaşdyrylmagy ýurduň içinde syýasy durnuklylyga getirmeýär. Tersine, içki durnuksyzlykdan peýdalanan ýerli beklikler ikiýüzlülik hereketini güýçlendirýärler. Netijede demirgazykdan Rus imperiýasyny basybalyjylyk howpy bosaga ýakynlaşyp galanyna seretmezden içki dawalary ýatyryp bilmeýärler. Tagt üçin aýawsyz göreş dowam edýär.

- 1798-nji ýyl – Alymhan tagta geçdi.
- 1805-nji ýyl – Alymhan özüne han derejesini kabul edýär we şu seneden başlap döwlet resmi taýdan Kokant hanlygy diýlip atlandyrylyp başlanýar.
- 1842-nji ýyl – Emir Nasrulla Kokandy basyp alýar.
- 1842-nji ýyl – hanlykda häkimiýet amalda gypjaklaryň eline geçdi.
- 1852-nji ýyl – Hudaýarhan tarapyndan gypjaklaryň häkimiýeti çäklendirildi.

1. Alymhanyň hanlygyň taryhyndaky orny näme bilen kesgitlenýär?
2. Näme üçin hökümdarlara öz häkimiýetiniň kanunylygyny esaslandyrmak zerur hasaplanypdyr?
3. Oýlap görüň! Näme üçin Buhara emirleri we Kokant hanlary Osmanly döwletiniň soltanlaryna ýüzlenýärdiler?
4. Näme üçin Mädali han döwründe döwlet dagynyklygy ýüze çykdy we ol nähili netijelere sebäp boldy?
5. Hanlykda gypjaklaryň hökümdarlygy ornaşdyrylmazlygy mümkinmidi?
6. Gypjaklaryň hökümdarlygy nädip çäklendirildi?

Aga-ini Alym han we Omar hanlar öz häkimiýetleriniň kanunylygyny nähili usullar bilen esaslandyrandyklaryny deňeşdiriň.



http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 34-§. Kokant hanlygynda döwlet dolandyryşy

### Hanlygyň çägi we ilaty

Ilki diňe Fergana jülgesiniň çägi bilen araçäklenýän Kokant hanlygy çäk taýdan XIX asyryň birinji ýarymynda Orta Aziýada iň uly döwlete öwrülýär. Hanlyk demirgazykda Russiýa (olary Bedpakdala çöli bölüp durupdyr), gündogarda Gündogar Türküstan, günbatarda Hywa hanlygy we Buhara emirligi bilen, günortada bolsa Mädali han döwründe hanlyga goşup alnan Garategin, Derwaz, Kölab we Şugnan beklikleri bilen serhetdeş bolupdyr. Bu araçäk Syrderýanyň orta akymynyň sag kenarynda ýerleşýän Kurama, Daşkent oazisi, Deşti Gypjak (häzirki Gazagystanyň günorta we günorta-günbatary), Ýedisuw, şonuň ýaly-da, Yssykkölüň kenarlaryna çenli çäklerini öz içine alypdyr. Mundan daşary, Buhara emirligi bilen Kokant hanlygynyň arasynda elden-ele geçip duran Hojant we Oradepe-de mälim möhlet hanlygyň çäginiň düzümindedi.

Bir söz bilen aýdanda, Kokant hanlygy çäk taýdan üç özbek döwletiniň arasynda iň ulusydy. Kokant hanlygy administratiw taýdan *beklik*lere (welaýatlar), *sarkorlyk*lara, *aksakgallyk*lara we *eminlik*lere bölünipdir. Hanlykda 15 sany beklik bar bolup, olarda 3 milliona ýakyn ilat ýaşapdyr. Ilatyň esasy bölegini özbekler düzüpdir. Şonuň ýaly-da, täjikler, gyrgyzlar we kaşgarlar (uýgurlar) hem ýaşapdyrlar.

Aksakgallyklar uly-uly oba ýa-da birnäçe kiçi-kiçi obalaryň birleşmeleridi. Olary eminler, aksakgallar we sarkorlar dolandyrypdyrlar. Ýaşaýyş terzine görä, ilat oturymly, göçme we ýarym göçmelerden ybaratdy.

### Hanlykda döwlet dolandyryşy

Kokant hanlygy hem Buhara emirligi we Hywa hanlygy ýaly döwlet düzümine görä absolýut monarhiýady. Çäklendirilmedik hukuga eýe bolan *han* döwleti hökümdar müňler urugyna, şonuň ýaly-da, başga taýpalaryň abraýly gatlaklaryna, ýokary wezipelere bellenen döwlet emeldarlaryna, ruhanylara we harbylara daýanyp dolandyrypdyr.

Buhara emirliginden tapawutlylykda Kokant hanlygynda harby wezipe eýeleriniň, aýratynam, goşun Baş serkerdebaşy – *müňbaşy*nyň abraýy örän ýokary bolupdyr. Müňbaşy diňe bir goşunyň Baş serkerdebaşy däl, şol bir wagtda, Baş wezir hem hasaplanypdyr. Bütin ýerine ýetiriji häkimiýet onuň elinde toplanypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Mundan daşary, her bir administratiw birlik *harby okrug* hem hasaplanýardy we häkimler hem harby güýçleriň serkerdeleridi. Harby okrugyň çäginde ýaşaýan ähli uruglar hem-de göçme taýpa agzalary ýaşaýan ýeri ýa-da menzili boýunça okrugda ýöredilen sanawa ýazyp goýulýardy. Sanawa alnanlar hanyň birinji çagyranda bellenilen ýere hökman ýetip gelmelidiler. Bu tertip hana eger zerurlyk talap etse 60 müňe ýakyn esgeri we azyk ýüklenen 12 müň arabany çalt ýygmaga mümkinçilik berýärdi.

Ýerli *häkimler* emeldarlary, salgyt düşewüntini gözegçilik edýän gözegçileri belleýärdi. Salgytlaryň mukdaryny tassyklaýardy we maliýe işlerini dolandyrýardy. Şunuň bilen birlikde, ýokarda aýdylyşy ýaly, goşuna serkerdelik hem edýärdiler.

Kokant, Daşkent, Margilan, Şojihan, Andijan, Balykçy, Çartak, Kasan beklikleri iri okruglar bolup, olaryň arasynda Daşkent iň möhüm orun tutupdyr. Şonuň üçin hem han Daşkende öz garyndaşlaryny ýa-da iň ynamly adamlaryny häkim edip belläpdir.

Kokant hanlygynda döwlet dolandyryşynyň özboluşly ýene bir aýratynlygy bolup, ýagny merkezi häkimiýet ýurtda durnuklylygy saklamak üçin oturymly we göçme dürli uruglaryň we taýpalaryň arasynda bähbitler deňagramlylygyny hasaba almaga mejburdy. Omar han we Mädali hanlar bu faktory iň köp derejede hasaba alan hökümdarlardy.

Kokant hanlygy Buhara tabynlykdan göçme gypjaklaryň we gyrgyz taýpalarynyň kömeginde azat edilensoň, olar hanlygyň syýasy durmuşynda öňdebaryjy ýagdaýa dawa edýärler we muny gazanýarlar. Olara hanlygyň tagty gerek däldi. Olar üçin tagtda müňleriň kämillik ýaşyna ýetmedik wekilini oturtmak möhümdi. Çünki şeýle edilse, olar regentligi ele alan bolardylar. Regentlik olara hanlygy isländikçe dolandyrmaga mümkinçilik bererdi. Öňki temadan bilşiňiz ýaly, amalda şeýle hem bolupdyr.

Gypjak we gyrgyz taýpalarynyň käbir öňdebaryjylary medrese ylmynyň nämedigini diňe şol ýerde okanlaryndan soň düşünipdiler. Olardan biri, soňluk bilen hanlykda goşun serkerdesi wezipesini eýelän gypjaklardan bolan Aliguly „Dini tälim meni urugymdan uzaklaşdyrdy“, diýip ykrar bolanlygy taryhy kitaplarda ýazylan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hanlygyň durmuşynyň ýene bir özbolușly tarapy – bu döwlet işlerinde ruhanylaryň täsiri Buhara emirligindäki ýaly duýarly derejede bolmanlygydy.

**Hanlykdaky ýokary döwlet wezipeleri**

Hanlykda başga özbek döwletleri ýaly wezipeliler iki topara bölünipdirler. Birinji topar *umara* (dünýewi işler meseleleri bilen meşgullanýanlar), ikinjisi bolsa *ulama* (din işleri bilen meşgullanýanlar).

Umara wezipelileriniň işinde iň abraýlysy *müňbaşy* – Baş wezir, goşunyň baş serkerdebaşy we daşary syýasat meselelerinde hanyň baş maslahatçysydy. (Hywa hanlygynda Baş wezir nähili at bilen atlandyrylandygyny ýada salyň.)

*Diwanbegi* hem ýokary döwlet wezipesi bolup, ol hanlygyň diwanhanasyna ýolbaşçylyk edipdir, şonuň ýaly-da, maliýe işlerini dolandyrypdyr.

*Mürze* hazyna düşen düşewüntiň hasap-hesibini alyp barypdyr.

*Desserhançy* – hanyň desserhanyna tagam çekýän wezipedäki adam.

Taryhdan köp hökümdarlaryň zäherläp öldürilendigi, zäher köplenç tagama ýa-da içgä goşup berlenligi mälim. Şonuň üçin hem han desserhançy wezipesine iň ynamly adamy goýupdyr.

Hywa hanlygynda bolşy ýaly, Kokant hanlygynda hem *mehtar* wezipesi bolupdyr. Ýöne bu hanlykda ol diňe hanlygyň maliýe işlerine jogapkär bolan diwanbeginiň orunbasarydy. Şonuň ýaly-da, hanlykda *şigawul, inak, atalyk, dodhoh, goşbegi, perwanaçy, hazynaçy* ýaly ýokary derejeli wezipeler bardy.

Ulama wezipeleriniň içinde *şeýhulyslam, kazy kelan, hoja kelan (nakib), kazy esger, müfti, kazy a'lam* we *rais* wezipeleri aýratyn orun tutýardy. Ulama wezipelerini eýelän her bir şahsyň nähili meseleler boýunça jogapkärdigini öňki temalardan bilýärsiňiz.

?

1. Hanlyk ýerleşýän we eýelenen çäkler barada nämeleri bildiňiz?
2. Hanlygyň çägi administratiw taýdan nähili birliklere bölünen?
3. Hanlygyň döwlet dolandyryşy haýsy taraplary bilen Buhara emirligine meňzeýär we haýsy taraplary bilen tapawutlanýar?
4. Hanlykdaky bar bolan ýokary döwlet wezipelerini Hywa hanlygyndaky şeýle wezipeler bilen deňeşdiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Pikir ýöretmek üçin**
Näme üçin özbek hanlyklarynda döwlet düzümi dolandyryş şekli we ýokary döwlet wezipeleri meňzeş diýen ýaly bolupdyr?

„Özbek döwletleriniň syýasy durmuşynda bolup geçen özgerişler, döwlet dolandyryş şekli we döwlet wezipeleri“ jedwelini dolduryň.

| № | Soraglar | Buhara emirligi | Hywa hanlygy | Kokant hanlygy |
|---|---|---|---|---|
| 1. | XVIII asyrda döwletleriň syýasy durmuşynda bolup geçen möhüm özgerişler | | | |
| 2. | Häkimiýet başyna gelen dinastiýalaryň atlary | | | |
| 3. | Döwlet düzümine görä meňzeşlikler | | | |
| 4. | Administratiw birlikleriň sany | | | |
| 5. | Iň aşaky administratiw birlikleriň ady | | | |
| 6. | Baş weziriň atlandyrylyşy | | | |
| 7. | Maliýe işlerine jogapkärler | | | |
| 8. | Goşunyň baş serkerdebaşy | | | |

## 35-§. Kokant hanlygynda harby iş

### Regulýar goşunyň gurluşy

Kokant hanlary hem içki we daşary syýasatda goşunyň ähmiýetine örän gowy aň ýetiripdirler. Şonuň üçin hem Alymhan 1805-nji ýylda birinji bolup hanlykda 10 müň adamlyk regulýar goşun düzýär. Bu goşunyň esasyny dagly täjikler düzýär. *Nökeriýa* diýlip atlandyrylan bu regulýar goşun ot açýan ýaraglar bilen ýaraglandyrylýar we tiz arada ähli goşunyň zarpçy güýjüne öwrülýär. Omar han döwründe olaryň sany 12 müň adama ýetirilýär. Hudaýar han bolsa Osmanly döwletinden oňat hilli taýýarlanan *tüpeň*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

(wintowka) getirýär. Şol bir wagtda, hanlykda *gylguýruk, garagazan* we *garaçerik* diýlip atlandyrylýan regulýar däl goşun hem saklap galynýar. Olar kömekçi ownuk bölüm hasaplanýardy. Kömekçi ownuk bölüm zerurlyga garap ilat sanyna we çäkleriň ykdysady ýagdaýyna garap toplanypdyr.

XIX asyryň 30–40-njy ýyllarynda hanlykda jemi 30 müň esger bardy. Hanlykdaky ähli zähmete ýaramly erkekler harby gulluga çagyrylmagy mümkindi. Haýsy çäk näçe esger ibermelidigini hökümet öňünden kesgitlärdi. Regulýar goşuna almak miras bolupdyr. Ýagny ata aradan çyksa ýa-da harby gulluga laýyk bolman galsa, ýerine ogly çagyrylypdyr. Esgerlik sanawyna girizilen adam öz islegine görä ondan çykyp bilmändir. Şol bir wagtda, maşgalanyň ýalňyz erkegi gulluga alynmandyr. Parahatçylyk wagtlarda her gün esgerleriň 1/10 bölegine maşgala agzalary bilen görşüp gelmäge rugsat edilipdir.

### Goşunyň düzüm bölegi we dolandyrmak tertibi

Goşun düzüm taýdan *sypah* (atly), *topçy* (artilleriýa), *serbaz* (pyýada) we seçilip alnan *ýörite bölüm* (galabotit we mergenler) diýlip atlandyrylýan 4 bölümden ybarat bolupdyr. Ol döwürde atly goşun goşunyň esasyny düzendigi tebigydyr. Regulýar tertipde gulluk edýän her bir atly esgere döwlet tarapyndan bahasy 80 tylla çenli bolan at we eýer-enjam berlipdir. Hanlykda 20 müň sany atly esger gulluk edipdir.

Hudaýarhan beýlekilerden döwrebap *topçy goşuny* düzýär. Goşun serkerdesine harby hereket çagynda *emiri leşger* derejesi berlipdir. Ol goşunyň Baş serkerdebaşy hasaplanyp, harby hereketiň netijesi üçin şahsy jogapkär bolupdyr. Goşunda *müňbaşy* (ýokary serkerde), *emiri leşger, goşbegi* (öz goşunyna eýe beklik häkimi), *batyrbaşy* (bekliklerdäki harby işiň ýagdaýy üçin jogapkär), *weliý* (naýyp, artilleriýa serkerdesi), galaban (harby galalar üçin jogapkär şahs), *gurbaşy* (gural-ýarag taýýarlaýan ussahana we ammarhana başlygy), *ýowar* (emiri leşgeriň ýörite ownuk bölüminiň başlygy), *topçybaşy* (topçylar ownuk bölüminiň başlygy), *toksoba* (öz tuguna eýe bolan harby ownuk bölüminiň başlygy) we *ponsadbaşy* (500 adamdan ybarat harby goşunyň serkerdesi) ýaly ýokary derejeli harby wezipeller bardy. Harby hereketler wagtynda hanyň *mahsus sakçylar*y esgerleri söweşde ruhlandyryp durupdyr. Yza çekinýänlere borjy barada ýatladyp durmak hem olaryň wezipelerine giripdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Kazy esger* harby hereket başlanmazyndan öň hanyň adyndan jihad yglan edipdir. Mundan daşary, oljany bahalapdyr we goşunyň ruhy keşbi üçin hem jogapkär bolupdyr.

*Kazy rais* bolsa goşun müftisi beren fetwanyň ýerine ýetirilişiniň üpjün edilişine gözegçilik edipdir.

Harby hereketler çagynda her bir ownuk bölümde 5 adamly topar bolupdyr. Olaryň wezipesi ýaradar bolan esgerleri söweş meýdanyndan alyp çykmakdan hem-de heläk bolanlary jaýlamakdan ybaratdy.

Harby hereketleri başlamazdan öň goşun *öňdebaryjy* (öňdäki bölüm), *maýmana* (sag ganat), *maýsara* (çep ganat) we *merkez* bölümlerine bölünipdir. Hanlykda 1000 adamdan ybarat goşun ownuk bölümi *tug* (müňlük), 500 – 1000-e çenli goşun ownuk bölümine *baýdak* diýlipdir. Ýüzlük ownuk bölüm bolsa *ellilige*, ellilik bolsa *only*ga bölünipdir.

**Goşun üpjünçiligi**

Her bir döwletde, aýratynam, kem ösen döwletlerde goşun saklamak örän uly harajatlary talap edipdir. Harajatlaryň hemmesi salgyt düşewüntleriniň hasabyna öwezi doldurylypdyr, elbetde. Şonuň ýaly-da, harby harajatlaryň öwezini dolmak üçin ilata „tüpeň puly“ diýilýän salgyt hem girizilen bolup, ol ortahal maşgalalar üçin 2,5 tylla, baý maşgalalar üçin 5 tylla mukdarynda kesgitlenipdir. Harby gullukçylara derejesine garap bir ýyla 200 teňňeden 8 müň teňňä çenli pul, şonuň ýaly-da, 20 batmandan 2 müň batmana çenli galla berlipdir.

Ýüzbaşa bir ýylda 147 kümüş teňňe, ellibaşa 98 teňňe, onbaşa 65 teňňe, ýönekeý esgere bolsa 43 teňňe hak tölenipdir. Harby hereketleriň öňünden bolsa ýüzbaşa 2 tylla, ellibaşa we ýönekeý esgere 1 tylladan berlipdir. Dogry, hanlygyň harby güýçleri, olaryň harby taýýarlyk derejesi örän pes bolupdyr. Çünki goşun üçin ofiserleri taýýarlaýan ýörite harby bilim mekdepleri döredilmändir. Esgerlere harby iş diňe ýörite harby tälim almadyk adamlaryň öz derejelerine görä, toplan tejribelerine daýanmak bilen öwredilipdir. Şeýle adamlara *şägirtpeşeler* diýipdirler. Regulýar goşun ýylyna iki gezek harby gözden geçirişden geçirlip durlupdyr.

**Serhetleri berkitmek üçin görlen çäreler**

Hanlygyň serhetleriniň howpsuzlygyny berkitmek üçin şol döwürde harby galalar we berkitmeler gurulmagy möhüm bolupdyr. Şonuň üçin hem bu meselä aýratyn üns bilen



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

garalypdyr. Harby galalar ähmiýetine we uly-kiçiligine garap 3 topara bölünipdir.

Birinji topar – birnäçe administratiw birlikleriň merkezlerinde ýerleşýän galalar (Daşkent, Margilan, Kokant, Andijan, Namangan şäherleri).

Ikinji topar – ýerli dolandyryş ygtyýaryndaky galalar (Türküstan, Çimkent, Öwliýäata, Oradepe, Pişpek, Akmetjit).

Üçünji topar – iri merkezleri bir-biri bilen baglaýan ýollarda gurlan kiçi galalar.

Kokant şäheri galasy iki gorag diwary bilen gurşalypdyr. Onuň içinde ýene diwar bilen gurşalan birnäçe binalar hem gurlupdyr. Binalarda esgerleriň atlary, gural-ýaraglary, gorlary saklanypdyr. Şol bir wagtda, esgerleriň özleri ýaşaýan otaglary hem bolupdyr. Galalar diňe bir hanlygyň daşky howpsuzlygyny däl, eýsem ýurdy uzak-ýakyn çäkler, döwletler bilen baglaýan söwda ýollaryny goramakda-da daýanç wezipesini ýerine ýetiripdir.

Hanlygyň demirgazyk bölegi berk goralan bolup, bu ýerde Türküstan, Çimkent ýaly şäher-galalar, şonuň ýaly-da, iri ykdysady we syýasy merkez – Daşkent şäheri hem ýerleşýärdi.

Ahangaran we Çyrçyk oazisinde Kerowçy, Toýdepe we Böke berkitmeleri gurlupdyr. Hanlygyň günbatar böleginde bolsa strategik taýdan uly ähmiýete eýe Oradepe, gündogar böleginde Oş we Pişpek (häzirki Bişkek şäheri, Gyrgyzystan Respublikasynyň paýtagty) galalary gurlupdy. Galalaryň ählisi diwar bilen gurşalypdyr. Diwaryň daşarsynda çuň hendekler gazylyp suw bilen doldurylypdyr. Galanyň goraýjylary duşmana tarap ok atanda oňaýly bolar ýaly ýörite deşikler (burjlar) goýlupdyr. Galanyň minarasyndan daş-töwerege syn edilipdir. Toplar galanyň derwezesiniň depesine hem-de minaralaryň üstüne ýerleşdirilipdir.

**Batman** – agyrlyk ölçeg birligi bolup, 1 batman takmynan 164 kg-a deň.

**Strategik** – umumy maksada ýetmek üçin möhüm bolupdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. Regulýar goşun bilen regulýar däl goşuny deňeşdiriň, netijeleriňizi depderiňize geçiriň.
2. Kokant hanlygynda regulýar däl goşun nähili atlar bilen atlandyrylan we olar nähili tertipde toplanypdyr?
3. Hanlygyň goşunynyň düzüm bölekleri barada nämeleri bildiňiz?
4. Ýokary derejeli harby wezipeleriň sanawyny düzüň.
5. Goşunyň üpjünçiligi nähili amala aşyrylypdyr?

Ýurdumyzda girizilen „Mobilizleme çagyryş rezerwi“ gullugy nähili maksatda girizilendigini we ol nähili tertipde geçilişini anyklap geliň.

## 36-§. Kokant hanlygynda sosial-ykdysady durmuş

**Ýer eýeçiligi** Kokant hanlygynda hem ähli ýer döwletiň emlägidi. Şol bir wagtda, ol eýeçilik şekline görä, *amlok* (döwlet), *hususy* we *wakf* ýerlerine bölünipdir.

Amlok ýeriň mälim bölegi hana degişli bolupdyr we ol 3 bölege bölünipdir. Birinjisi *mahsus emläk* diýlip atlandyrylypdyr. Ondan alnan girdeji köşkdäkileriň we sakçylaryň harajatlary üçin sarplanypdyr. Ikinji bölegi bolsa *takyk ýer* (tarp ýer) diýlip atlandyrylypdyr we ol ýaýla, gamyşlykdan we jeňňellerden ybarat bolupdyr. Üçünji bölegi bolsa *çek ýerler* diýlip gönüden-göni hana degişli bolupdyr. Hususy ýer eýeçiligi iri döwlet emeldarlaryna döwletiň öňündäki hyzmatlary üçin ýer bölüp bermek, şonuň ýaly-da, hususy adamlara satmak (mülki hur halys) arkaly emele getirilipdir. Hususy ýer eýesi bolan birinji taýpa wekilleri ýere däl, eýsem ondan alynýan girdejä hem-de şu ýerde guran ymaratyna eýelik edipdirler. Şonuň ýaly-da, ýetişdirilen hasylyň 1/5 bölegi mukdarynda salgyt töläpdirler. Ýeri miras edip galdyrmak hukugyna eýe bolmandyklary üçin häzirlikçe eýelik edip duran ýerleriň mälim böleginiň perzentlerinde saklanyp galmagyny üpjün etmek üçin wakf nesil edipdirler. Mälim bolşy ýaly, wakf ýerler satylmaýar, sowgat edilmeýär we miras edip hem galdyrylmaýar. Şonuň üçin dini edaralaryň ygtyýaryna wakf nesil edilen ýerden alynýan girdejiniň wakf resminamasynda görkezilen bölegi ýeri wakf emläginiň ygtyýaryna geçiren emeldaryň nesillerine degişli bolardy. Ikinji taýpa bolsa satyn alnan ýere gönüden-göni eýelik edipdir. Şeýle ýerlerden salgyt alynmandyr. Döwlet ýeriniň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

satylýanlygy we satyn alynýanlygy baradaky resminama kazyhanalarda gol çekilipdir. Onda ýer satyjynyň, ýagny hanyň özi-de gatnaşypdyr. Hususy ýer-emläk eýeçiligi harby gullukçylara ýer bermek arkaly hem şekillendirilipdir. Harbylara berlen ýerler *tanho ýerleri* diýlip atlandyrylypdyr.

Emläkleriň köpüsi 30 sotkadan 60 sotka çenli bolupdyr. Ýerler işläp bejermek üçin daýhanlara kärendä berilýärdi. Daýhanlar hanyň ýerlerinde-de zähmet çekýärdiler. Hanyň ýerlerinde işlemek üçin mobilizlenenleriň sany 10 müňe çenli ýetýärdi. Olara *merdikarlar*, hususy ýerlerde hasylyň 1/4 bölegi üçin hakyna tutma işleýän ýersiz, at-ulagsyz garyplara bolsa *çorikarlar* diýilýärdi. Mundan daşary, *korandalar* diýlip atlandyrylýanlar hem bolup, olar hasylyň 1/2 bölegini almak şerti bilen ýerleri kärendä alyp, öz zähmet gurallary, at-ulaglary bilen hakyna tutma işleýärdiler.

**Salgytlar we borçlar**

Esasy salgyt – *hyraç* bolup, onuň mukdary ekin ekilýän ýeriň meýdanyna we ekiniň görnüşine garap hasylyň 1/3–1/5 bölegine çenli bellenýärdi. Göçme maldarlardan alynýan zekätiň görnüşleri köpdi. Olaryň esasylary *„agylbaşy“, „tüsse haky“, „ýygym salgyt“* diýlip atlandyrylýardy.

„Agylbaşy“ – göçme maldarlardan mal başyna we agylyna garap alynýan zekät. Bu zekät gyşda mallar agyllarda duranda ýygyp alnypdyr.

„Tüsse haky“ – bahar gelende täze örilere göçmezden öň maşgala başyna bir sanydan goýun bilen alynýan salgyt (zekät).

„Ýygym salgyt“ bolsa zekät tölemeýän taýpalaryň beke berýän 9 zatdan ybarat peşgeşler ýygymy bolupdyr.

Zähmetkeş halk ähli diýen ýaly zat üçin salgyt töleýärdi. Çünki hemme tarp ýerler, jeňňeller, tokaýlar, daragtzarlar, köller we ähli ýaýlalar hanyň ygtyýaryndady. Ilat galanyň diwarlaryny abatlamak, berkitmeleri gurmak, kanal gazmak, ýaplary arassalamak we ýol gurluşygynda gatnaşmak ýaly borçlary ýerine ýetiripdir.

**Oba hojalygy, hünärmentçilik we söwda**

Kokant hanlygynda hem Hywa hanlygynda we Buhara emirliginde bolşy ýaly emeli suwaryş ussatlygy kämil eýelenipdir we suwdan akylly-başly peýdalanylypdyr. Esasy oba hojalyk ekini bugdaý



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

we pagtady. Şonuň ýaly-da, miwe, gök önüm we bakja ekinleriniň ähli diýen ýaly görnüşleri ýetişdirilipdir. Maldarçylykda mekgejöwen we ýorunja öňdebaryjy orunda durupdyr.

Fergana jülgesinde pagtaçylyk ýyldan-ýyla ösüpdir. Russiýanyň özbek döwletlerinden, şol sanda, Kokantdan pagta satyn alyp başlamagy bu ekin meýdanlarynyň ýene-de giňelmegine sebäp bolýar. Pagta söwdasyna hatda paç hem ýatyrylýar.

Kokantda hünärmentçiligiň misgärlik, zergärlik, haşamçylyk, küýzegärçilik, kagyzgär, dokmaçy, tahýa tikiji, keşdeçi, köpri gurujy, demirçi, nanbaý, arabaçy, mahmalbaf, boýagçy, darykeş, diwarzan, degrez, gönçi, tüpeňçi, naýzagär, penjireçi, pileçi, possundoz, nalçy, perenjidoz, tikinçi, çitgär, halyçy ýaly görnüşleri örän ösüpdir.

Kokant hanlygynyň ykdysady durmuşynda Buhara emirligi, Hywa hanlygy, Kaşgar, Hindistan, Owganystan, Eýran, Hytaý we Russiýa bilen alnyp barylan söwda aragatnaşyklary uly orun eýeläpdir. 1832-nji ýylda gol çekilen Kokant–Hytaý şertnamasyna görä, Kokant hany Kaşgarda söwdagärlerden paç ýygmak hukugyny alypdyr.

**Hanlygyň şäherleri**

Hanlygyň baş şäheri Kokanda degişli maglumatlar X asyrdan başlap duşýar. Çeşmelere görä, onuň ýaşy 2000 ýyldan artykdyr. Maglumatlarda „Hawogand“, „Hokand“ diýen atlar bilen agzalan. „Havogand“ sözi „gözel“, „ýakymly“, „gelşikli“, „şemal şäheri“ diýen manyny aňladýar, diýen pikirler hem bar. Ýerli ilat öz şäherini Hokandi latif ýa-da Kokant diýip atlandyrypdyrlar. Kokant şäheri XVIII–XIX asyryň birinji ýarymynda diňe bir hanlygyň däl, şol bir wagtda, Orta Aziýanyň iri şäherlerinden biridi. 1842-nji ýylda Kokant berk diwar bilen gurşalýar. Şähere 12 derwezeden girilýärdi. Şäheriň 12 derwezeli bolmagynyň sebäbi, onuň administratiw taýdan 12 kwartala bölünenligidi. Bu döwürde şäherde 30000 ilat ýaşapdyr. XIX asyryň ortalarynda Kokantdaky medreseleriň içinde Mädali han, Narbotabiý, Jome, Häkimaýym, Hoja dodhoh, Miňaýym medreseleri aýratyn tapawutlanypdyr. Olaryň her birinde 38 sanydan 100-e çenli hüjresi bolupdyr.

**Andijan**

Orta Aziýanyň meşhur şäherlerinden biri bolan Andijan „Beýik ýüpek ýolunda“ gurlupdyr. Araplar basyp alan döwürde şäher „Andukon“ diýlip atlandyrylypdyr. Taryhçy alym, akademik A. Muhammetjanowyň nygtamagyna görä,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

„Andijan“ saý boýundaky şäher, diýen manyny aňladýar. Andijan XV asyrdan başlap Fergana jülgesiniň merkezine öwrülýär. Zahiriddin Muhammet Babur döwründe Andijanda hojalyk, ylym we medeniýet gülläp ösüpdir. Ol „Baburnama“da Andijana *„Aşyklygy wofir, miwesi farawan, gawun we üzümi gowy bolur... Mawerannahrda Samarkant we Keş korganidin soňra mundin ulugrak korgan ýoktur. Üç derwezasi bar. Tokkiz tarnow suw kirar“*, diýip taryplapdyr.

Kokant hanlygy döränsoň, şäher Andijen bekliginiň merkezine öwrülipdir. XIX asyryň ortalarynda Andijan 4 *daha* (kwartala) bölünipdir. Her daha *kazy* we *müňbaşy* bellenipdir. Dahalar *mähelle*lere bölünen bolup, olary aksakgal dolandyrypdyr.

**Daşkent**

2009-njy ýylda 2200 ýyllygy bellenen Daşkent hem Orta Aziýanyň gadymky şäherlerinden biridir. Ol dürli döwürlerde Çaç, Şaş, Binkat ýaly atlar bilen atlandyrylyp gelipdir. XI asyrdan başlap bolsa häzirki ady bilen atlandyrylyp başlanýar.

Daşkent öz taryhynda dürli wagtlarda ýurdumyza çozup giren döwletlere tabynlyk döwürlerini başyndan geçiripdir. 1503-nji ýylda bolsa şeýbanylar döwletiniň düzümine girizilipdir. XVI asyrda şäherde uly gurluşyk işleri amala aşyrylýar. Meselem, Barakhan, Gögeldaş medreseleri ýaly binagärlik ýadygärlikleri gurulýar. 1723-nji ýylda Daşkendi göçme jungarlar eýeleýärler. Jungarlara tabynlyk 1758-nji ýyla çenli dowam edýär. XVIII asyryň ikinji ýarymynda Daşkentde *dört häkimlik* emele gelipdir (Şaýhantahur, Bäşagaç, Gökje we Sebzar). 1784-nji ýylda dört häkimlik ýatyrylýar we ýeke-täk *Daşkent bekligi* döredilýär. 1810-njy ýylda Alym hanyň hökümdarlygy döwründe Kokant hanlygynyň düzümine goşup alynýar.

Daşkent möhüm halkara söwda ýolunyň çatrygynda ýerleşýändigi sebäpli hünärmentçilik ýokary derejede ösüpdir. Çarsu şäher durmuşynyň merkezidi.

?

1. Hanlykda ýer eýeçiligi gatnaşyklary barada nämeleri bildiňiz?
2. Wakf nesil düşünjesi nämäni aňladypdyr?
3. Merdikär, çorikar, koranda düşünjelerini düşündiriň.
4. Salgydyň görnüşlerini aýdyp beriň.
5. Russiýa – Kokant, Kokant – Kaşgar söwda gatnaşyklarynyň barha ösenligine mysallar getiriň.
6. Hanlygyň Daşkent we Kokant şäherlerini bir-biri bilen deňeşdiriň we netijeleriňizi depderiňize bellik ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2019-njy ýyldan başlap Özbegistan Respublikasynyň salgyt kanunçylygynda raýatlar töleýän salgyt ulgamynda nähili özgerişler amala aşyrylanlygyny salgyt töleýän ata-eneňiziň kömeginde anyklap geliň.

## 37-§. Kokant hanlygynyň daşary syýasaty

**Kokant – Hytaý gatnaşyklary**

Kokant hanlygynyň Sin imperiýasy bilen gatnaşyklary örän agyr geçipdir. Muňa, bir tarapdan, Hytaýyň 1755 – 1759-njy ýyllar dowamynda Gündogar Türküstany özüne boýun egdirmegi, ikinjiden, Kokant hanlygyny güýçden gaçyrmaga synanyşmagy sebäp bolupdyr.

Erdona hanyň hökümdarlygy döwründe Hytaý jungarlary çym-pytrak edip, gazak juzlarynyň ýerine hüjüme başlaýar we Daşkendiň araçäklerine golaýlaşýar. Gündogarda bolsa Oş welaýatyny (häzirki Gyrgyzystan Respublikasynyň çäginde) basyp alýar. Andijan, Margilan we Namangan beklikleri bolsa Hytaýa wassallygyny ykrar edýärler. Şeýle şertde Erdona han Hytaý bilen Kokant hanlygy üçin kemsidiji şertnama gol çekmäge mejbur bolýar. Oňa görä, Kokant hanlygy özüniň Hytaýa tabynlygyny ykrar edýär. Hytaýa uly töleg töleýär, imperatora bolsa gymmat baha sowgatary iberýär.

Gündogar Türküstan (Kaşgar) – uýgur halkynyň watany. Ony Hytaý basyp alansoň, Kaşgaryň hökümdarlary Kokantdan başpena tapypdylar. Hytaý hökümeti Omar hana olary Kaşgara geçirmezlik şertini goýýar. Mädali han döwründe Kokant – Hytaý gatnaşyklary hasda ýitileşýär. Muňa Mädali hanyň Hytaýa umuman boýun egmezlige karar edenligi hem-de döwlet araçägini barha Gündogar Türküstana tarap giňeldýänligi, şonuň ýaly-da, 1825-nji ýylda Kaşgar ilatynyň Hytaýa garşy azatlyk göreşini goldanlygy sebäp bolýar. Hytaý hökümeti muňa jogap edip 1829-njy ýylda Kokandyň Gündogar Türküstanda ýöredýän söwda işlerini gadagan edýär. Kokantly söwdagärleriň aglaba bölegini kowup, emläklerini elinden alýar.

Mädali han bolsa Gündogar türküstanlylaryň Hytaýa garşy azatlyk göreşiniň ýolbaşçysy Jahangirhoja we onuň inisi Ýüsüphojanyň ygtyýaryna kömek üçin goşun iberýär. Netijede, Ýüsüphoja Kaşgary eýeleýär we Ýarkendi eýelemek üçin harby hereketi dowam etdirýär. Bu bolsa Hytaý hökümetini gaty aladalandyrýar we Ýüsüphoja garşy uly goşun iberýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gozgalaňçylaryň hatarynda berk birlik ýoklugy hem-de Buhara–Kokant gatnaşyklary erbetleşmegi netijesinde Kokant hanynyň Gündogar Türküstana iberen goşunyny çagyryp almagy sebäpli Ýusüphoja şowsuzlyga duçar bolýar. Netijede, Ýusüphoja Gündogar Türküstany taşlap çykýar. Onuň bilen 70 müň uýgur maşgalasy Fergana jülgesine göçüp gelýär. Soňluk bilen hem Kokant hanlygy öz araçäklerini barha Gündogar Türküstana tarap giňeltmek syýasatyny dowam etdirýär. Şol bir wagtda, Hytaý maliýe kynçylyklary sebäpli Kokant hanlygyna garşy aç-açan uruş hereketlerini alyp barmaga taýýar däldi. Netijede, 1832-nji ýylda Pekinde Hytaý–Kokant şertnamasyna gol çekilýär. Oňa görä, Kokant Jahangirhojanyň nesillerini Gündogar Türküstana geçirmezlik borjuny alýar. Mundan daşary, Hytaý Gündogar Türküstanda kokantly söwdagärleriň işini gadagan etmegi ýatyrýar. Şonuň ýaly-da, Kokant söwdagärlerine Gündogar Türküstanda paç tölemezden söwda etmek hukugy hem berilýär. Gündogar Türküstandan Kokant söwdagärleri çykaryp iberilende olardan çekip alnan emläkleriniň öwezine Kokant hanlygyna töleg tölenýär. We ahyrynda, Gündogar Türküstanda söwda edýän ortaaziýaly söwdagärler töleýän paçlary ýygmak hukugy Kokant hanlygyna berilýär.

**Kokant–Buhara gatnaşyklary**

Buhara emirliginiň Kokant hanlygynyň çägi şeýbanylar we aştarhanylar döwründe Buhara hanlygynyň düzüminde bolanlygyna nygtamagy iki döwletiň gatnaşyklarynda duşmançylygyň üstün bolmagyna sebäp bolýar.

Ikinjiden, Buhara emirligi özüni üç özbek döwletiniň arasynda öňdebaryjy diýip hasaplaýardy we bu derejäniň galan iki özbek döwleti tarapyndan ykrar edilimegini isleýärdi.

Üçünjiden, Kokant hanlygy öz çägini Buhara emirligi gözlän ýa-da onuň häkimiýetini ykrar eden welaýatlaryň hasabyna hem barha giňeldýär. Özara ýaragly çaknyşyklarda kä Buhara emirliginiň, kä Kokant hanlygynyň eli belent gelýärdi.

Omar hanyň döwründe Buhara emiri Haýdar hatda bütin musulman äleminiň halifasy diýlip ykrar edilen Osmanly döwletiniň soltany Mahmyt II-ä Hywa we Kokant hanlyklarynyň üstünden arz edip hat hem iberipdir. Ol hatynda Mawerannahr, Kokant, Deşti Gypjak, Merw, Balh, Kölab we Badahşan öňden Buhara boýun egip gelenligini, Kokant we Hywa hanlary bolsa Buhara emirliginiň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýokary häkimiýetini ykrar etmeýänligini aýdýar. Ýöne soltan Mahmyt II Kokant hanlygynyň Buhara emirliginiň öňünde garaşsyz döwlet derejesini ykrar edenligi Omar hana uly ruhy güýç bagyşlaýar.

Mädali han hem Osmanly soltanlygyna ilçi iberipdir. Soltan ýüzleý ýazylan hatda Mädali han soltanyň „musulmanlaryň halifasy“ derejesini ykrar etmegini, Hytaýa garşy mukaddes uruş alyp baranlygyny mälim edýär. Şol bir wagtda, soltandan Kokanda gural-ýarag ussalaryny ibermegi soraýar. Ussalaryň iberilmegi Buhara – Kokant gatnaşyklary barha ýitileşýän bir döwürde örän möhümdi. Ýöne bu haýyş ret edilýär.

**Kokant – Russiýa gatnaşyklary**

Mädali han Gündogar Türküstandaky musulmanlary Hytaýyň basyşyndan goramakda Osmanly soltanyndan zerur kömek we goşuny döwrebap esasda ýaraglandyrmak üçin hünärmenleriň iberilmegini gazanyp bilmänsoň, indi Russiýa bilen gatnaşyklary ýola goýmagy karar edýär. Şu maksatda 1831-nji ýylda Russiýa ilçi iberýär. Ýöne ilçilik üstünliksiz tamamlanýar. Munuň esasy sebäbi iki döwletiň hem Orta juz gazaklarynyň howandary bolmaga dawagärligidi. Şonuň üçin hem Russiýanyň hökümeti Kokandyň ilçilerini Orenburgdan aňry geçirmezlik barada görkezme berýär.

Mädali hanyň gural-ýarag satmak we artilleriýa ofiserlerini ibermek baradaky haýyşynyň-da ret edilmegi tebigydyr. Ahyrynda, aradan 10 ýyl geçensoň, 1842-nji ýylda Mädali handan soň tagta geçen inisi soltan Mahmyt han Russiýa ikinji ilçiler toparyny iberýär. Çünki hanlyga Beýik Britaniýa howp salmak ähtimaly anyk bolup başlapdy. Bu howpa garşy durup bilmek üçin Russiýanyň kömegini gazanmak örän möhüm meseledi. Orta Aziýada Russiýa – Beýik Britaniýa bähbitleri çaknyşýan bir wagtda Kokandyň ilçileri Rus imperatory Nikolaý I tarapyndan kabul edilýär. Şol bir wagtda, esasy üns iki döwletiň arasynda söwda aragatnaşyklaryny has-da ösdürmek, şonuň ýaly-da, Kokant hanlygyna dag-magdan hünärmenlerini ibermek meselesine-de gönükdirilýär. Ýöne 1842-nji ýylyň baharynda Buhara emirliginiň Kokant hanlygyna hüjümi ilçilik netijelerini puja çykarýar. Indi Russiýa Kokant hanlygynyň gowşap galanlygyndan peýdalanyp galmagy karar edýär.

Şonuň üçin hem Kokant hany Hudaýar hanyň Russiýa Kokanda görä ýöredýän syýasaty babatda bildiren närazylyklary hasaba alynmaýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şoňa seretmezden, Hudaýar han Kokandyň araçäginde täze berkitmeler gurlanlygyndan närazy bolup Russiýa ilçi iberýär. Hudaýar han Nikolaý I-e ýollan hatynda Kokant hanlygynda jemgyýetçilik tertibiniň dikeldilenligini, söwda ýollarynyň gowy goralýandygyny, rus söwdagärleri üçin hiç hili howp-hatar ýokdugyny bildirýär. Şol bir wagtda, Raim berkitmesiniň gurlanlygyndan närazydygyny hem mälim edýär.

Nikolaý I jogap hatynda Kokantda tertip ýola goýlanyndan hoşaldygyny, iki döwletiň arasynda gowy gatnaşyklary saklap galynmagyny isleýändigini bildirdi. Daşky işler weziri bolsa Raim berkitmesiniň bozulmajakdygyny mälim edýär. Ol öz pikirini Raim berkitmesiniň, ilki, Russiýanyň çäginde gurlanlygy, ikinjiden bolsa, bu berkitme ol gurlan çäkde tertibi we parahatçylygy hem-de söwda kerwenleriniň howpsuzlygyny üpjün etmäge hyzmat edýänligi bilen esaslandyrýar. Ýöne tiz arada Kokant galasy bolan Akmetjidi Russiýa basyp almakçy bolýandygy mälim bolansoň, Russiýa – Kokant gatnaşyklary ýene-de ýitileşýär. Indi iru-giç, Russiýanyň Kokant hanlygyna garşy basybalyjylykly ýörişi başlamagy gutulgysyzdygyna şübhe galmaýar.

- 1759-njy ýyl – Hytaý Gündogar Türküstany boýun egdirýär.
- 1825-nji ýyl – Mädali han Gündogar Türküstanyň ilatynyň Hytaýa garşy azatlyk göreşini goldady.
- 1832-nji ýyl – Pekinde Kokant – Hytaý şertnamasyna gol çekildi.

1. Kokant – Hytaý gatnaşyklarynda saklanyp duran dartgynlygyň sebäbini aýdyp beriň.
2. Erdona han we Omar han döwründäki Kokant – Hytaý gatnaşyklary barada nämeleri bildiňiz?
3. Mädali han hökümdarlygy döwründe Kokant – Hytaý gatnaşyklarynyň ýitilileşmegine nämeler sebäp boldy?
4. 1832-nji ýylda Pekinde gol çekilen Hytaý – Kokant şertnamasynyň mazmuny barada aýdyp beriň.
5. Näme üçin Kokant – Buhara gatnaşyklarynda hemişe ýitilik saklanyp durdy?
6. Kokant – Russiýa gatnaşyklary barada nämeleri bildiňiz?



http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 38-§. Kokant hanlygynda medeni durmuş

**Umarhan we medeni gurşaw**

Hanlygyň söwda we hünärmentçilik merkezi bolan Kokant, Margilan, Andijan, Namangan, Daşkent we başga şäherleri, şol bir wagtda medeniýet merkezleri hemdi. Meselem, ýeke Kokant şäherinde 120 mekdephana, 40 medrese we metjit, Margilanda 80 mekdephana, 10 sany medrese we metjit iş alyp barýardy. Bu ýerde XVIII – XIX asyryň birinji ýarymynda ylym-bilim ugrunda meşhur döredijiler ýetişip çykypdyr. Kokant hany Omar han bolsa ylmyň, medeniýetiň, edebiýatyň ösüşine, medreselerdäki okuw işlerini gowylandyrmaga, dürli kesp-hünär mekdepleriniň açylmagyna üns beripdir.

Omar han we onuň ömür ýoldaşy, meşhur özbek aýal şahyry Nadyranyň tagallalary netijesinde XIX asyryň başlarynda Kokant ylym-bilim merkezine öwrülýär we bu ýerde Kokant edebi gurşawy şekillenýär.

Omar hanyň özi „Emiriý“ lakamy bilen köp goşgy ýazypdyr. Onuň daşyna 70-den artyk şahyr toplanypdyr. 1821-nji ýylda Fazly Namangany Omar hanyň emrine görä, 63 şahyryň goşgularyny öz içine alan „Majmuaýi şahyron“ toplumyny düzüpdir. 10 müň misreden artyk özbek, pars-täjik dilindäki gazal, muhammes, tuýuk žanrlaryndaky goşgular toplanan diwan döredilýär.

Arap we pars dillerindäki kitaplar özbek diline terjime edilýär. Seýrek kitaplar talantly hatdatlar tarapyndan göçürilýär we näzik şekiller bilen bezelýär.

**Mahmur we Gülhany**

Emir Omar han döwründäki iri şahyrlardan biri Mahmur (asyl ady Mahmyt) XVIII asyryň ahyrynda doglup, 1844-nji ýylda aradan çykýar. Kokantdaky Medresei Mirde tälim alýar. Soň goşunda gulluk edýär. Mahmuryň ýumoristik goşgulary diwany saklanan bolup, onda 69 eser (3717 misre) jemlenipdir. Ol milli edebiýatda sosial ýumory ýokary derejä göterýär. Ýumoristik eserlerinde halka jebir edýän emeldarlary ýiti tankyt astyna alýar. Hususan-da, „Hapalak“ goşgusynda Hapalak obasyndaky halk durmuşynyň aýylganç ýagdaýyny suratlandyrsa-da, aslynda bu goşgy bütin hanlygyň çägindäki halk durmuşynyň ýagdaýyny aňladýardy. Bu goşguda aşakdaky setirler ýazylypdy:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Halkyny görseň eger, halydyr ahwaly harap,*
*Açlygyndan egilip, kamat misli älemgoşar.*
*Bary ýok öýlerin, bende, beýan etsem garap,*
*Bir ketek, iki kepbe, üç çatma dört tarap.*

Özbek nusgawy edebiýatynyň tankydy ýönelişini ösdüren Mahmuryň mirasy soňky döwürdäki ýazyjy-şahyrlaryň ýumoristik döredijiligine netijeli täsir edipdir. Bu döwrüň edebiýatynyň ýene bir iri wekili Gülhanydy (Muhammet Şerif). Ol 1770-nji ýylda häzirki Täjigistanyň Tawildere tümeninde doglupdyr. Başlangyç tälimi obasynda alýar. Mätäçlik netijesinde Namangana gelip merdikarlyk edýär. Soňluk bilen bolsa Kokantda ýaşaýar. Bu ýerde hammamda golah (ot ýakyjy) bolup işleýär. Şu sebäpden „Gülhany“ lakamy bilen döredijilik edenligi ýöne ýerden däl.

Gülhany birinji bolup özbek edebiýatynda poeziýa *basnýa*ny özbaşdak žanr hökmünde girizen dörediji. Gülhanynyň bütin gündogar edebiýatynda meşhur hasaplanýan eseri „Zerbulmasal“dyr.

Eserdäki „Maýmyn we Neçjar“, „Düýe bilen Köşek“, „Pyşdyl bilen Içýan“ ýaly basnýalary çuňňur ahlak-terbiýeçilik ähmiýete eýe. Eserdäki Ýapalakguş we Baýogly, Korguş we Hudhud, Gulankyr Soltan we Malik Şalaryň obrazlary arkaly şol döwür jemgyýetindäki nogsanlary, hökümdar gatlaklaryň halka geçiren jebir-sütemlerini, halkyň agyr durmuş şertini hakykatçyl ýagdaýda uly çeper ussatlyk bilen açyp görkezýär.

**Uwaýsiý**

Kokant edebi gurşawyny Jahan atyn (lakamy Uwaýsiý, 1779 – 1845) we Mahlaraýymlaryň (lakamy Nadyra) döredijiligisiz göz öňüne getirip bolmaýar. Uwaýsiýniň maşgalasy öz döwrüniň öňdebaryjy we sowatly maşgalalaryndandy. Atasy hem özbek, hem täjik dilinde ýazypdyr. Maşgaladaky gurşaw Uwaýsiýde döredijilik ukybyny ýüze çykarýar. Uwaýsiý Nowaýy, Lutfiý, Babur, Fuzuly we Jamy döredijiliklerini yhlasly öwrenýär.

Emir Omar han Margilanyň häkimi bolup duran ýyllarda Uwaýsiý iliň arasynda tanalan aýal şahyrdy. Ondaky şahyrlyk talanty Omar hanyň aýaly Nadyrany özüne bendi edýär. Omar han Kokant tagtyna geçensoň, Uwaýsiý Kokanda çagyrylýar we bu ýerde ol örän köp ýaşlara terbiýe berýär. Nadyra bilen döredijilikli hyzmatdaşlygy emele gelýär. Onuň döredijiligi halkperwerligi bilen tapawutlanýar. Çeşmelerde nygtalyşy ýaly, Uwaýsiýden dört lirik diwan we üç



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

poema miras galypdyr. Uwaýsiýniň eserlerinde adamy hormatlamak, dostluk, wepa, sadyklyk taglymlary, il-ýurt derdi, halkyň hasraty wasp edilýär.

**Mahlaraýym – Nadyra** Özbek aýal şahyry, magaryfperwer döwlet işgäri Mahlaraýym – Nadyra (1792 – 1842) Andijanda doglupdyr. Atasy Rahmangulybiý Andijanyň häkimi bolup, Kokant hany Alymhanyň daýysydy. Omar han Margilana häkim edilip bellenenden soň Nadyra bilen durmuş gurýar. Nadyra Uwaýsiý bilen tanşansoň, ony ýaş gyzlar we kenizekleri okatmak üçin mugallymçylyga çagyrýar. Nadyra ogly Muhammet Alihan tagta geçensoň, döwleti dolandyrmaga işeňňir gatnaşýar, medreseler gurdurýar. Alymlar, hatdatlary we nakgaşlary Kokanda toplaýar, köp kitaplary gaýtadan göçürdýär. Kitabyň daşynyň dat bilen işlenmegine üns berýär. Gowy hatdatlara, nakgaşlara tylla galam, kümüş galamdan sowgat edýär. Nadyranyň özi hem özbek, hem täjik dillerinde döredijilik edýär. Mahlaraýym Nadyra lakamynda 180 goşgy jemlenen diwan, Kamila lakamynda 19 gazal, Maknuna lakamynda 333 gazaldan ybarat diwan düzýär. Nadyradan 10 müň misrä ýakyn lirik edebi miras galýar. Goşgularynda söýgi, wepalylyk, mähir-wepa, şol bir wagtda, Gündogar aýal-gyzlarynyň dertleri, ahy-nalalary wasp edilýär. Mundan daşary, Nadyra Nowaýy, Fuzuly we Bedil gazallaryna muhammesleri hem ýazypdyr.

**Boborahim Meşrep** Kokant hanlygynda döredijilik eden talantly şahyrlardan ýene biri Babarahym Meşrepdi (1640 – 1711). Ol Namanganda dogulýar. 15 ýaşyndan başlap sopujylyk ylmyny eýeläp başlaýar. 18 ýylyň dowamynda dünýäniň örän köp ýurtlaryny aýlanyp çykýar.

Öz goşgularynda hökümdar gatlaklaryň zähmetkeş halka geçiren jebir-sütemlerini, açgözlügini, käbir ruhanylaryň, işanlaryň ýönekeý halkyň ruhuny dowzah we ahyret azaplary bilen gazaba salýandygyny aýawsyz paş edýär. Halkyň agyr, aýylganç ýagdaýyna gynanýar. Meşrep ýazan aşakdaky setirler onuň delilidir:

*Sütem tygyndan ýürek para halky gördüm,*
*Teni dert-hasratdan ýara halky gördüm.*

Meşrep ganymlaryň öjükdirmegi bilen dine şek ýetirenlikde aýplanyp, 1711-nji ýylda ölüm jezasyna höküm edilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Taryh ylmy**

XVIII – XIX asyrlarda Kokant hanlygynda köp taryhy eserler döredilýär. Bu döwrüň taryhçylaryndan Abdulkerim Fazly Namangany 1822-nji ýylda Omar hanyň tabşyrygyna görä, „Omarnama“ eserini ýazyp gutarýar. Ol 5000 beýtden ybarat taryhy eserdir.

Hanyň köşgünde kazy esger wezipesinde işlän Mürze Galandar Müşrif Isfarangiý Emir Omar hanyň maslahaty bilen „Şanamaýi nusratpaýam“ („Ýeňişden habar berýän şanama“) taryhy eserini ýazýar.

Omar hanyň döwrüniň görnükli taryhçysy, Narbotabiýiň agtygy Muhammet Hekimhan töra ibn Ma’sumhan töreden (1802 – 1870) „Muntahab ut-taworih“ („Seçilip alnan taryhlar“) eseri miras galýar. Bu eser Buhara emirliginiň we Kokant hanlygynyň taryhyna degişli möhüm çeşmelerden biridir. Onda Orta Aziýa halklarynyň sosial-syýasy we medeni durmuşyna degişli gymmatly maglumatlar bar.

Daşkentli taryhçy alym Muhammet Salyhyň „Taryhy jadidaýi Toşkand“ („Daşkendiň täze taryhy“) eseri Watanymyzyň taryhyny öwrenmekde möhüm çeşme hasaplanýar. Ol XV – XIX asyrlardaky Türküstanyň taryhy, şol sanda, Daşkendiň taryhy, Kokant hanlygynyň taryhy ylmy nukdaýnazardan ýazylan gymmatly eserdir.

**Binagärlik**

Hanlykda binagärlik hem örän ösen. Buharadan bir topar binagärler çagyrylyp, köp medrese, metjit, kümmet, kerwensaraý, köpri we kaşaň binalar gurulýar. Halk arasynda Medreseýi Mir ady bilen meşhur bolan Narbotabiýiň medresesi, Dahmaýi Şahan ansambly we Narbotabiýiň dahmasy ýaly häzire çenli saklanyp gelinýän binagärlik ýadygärlikleri şolara degişlidir.

Narbotabiýiň medresesi XVIII asyryň ahyrynda gurlan. Ol gönüburçluk şekilli, bir gatly, howluly we dört minaraly binagärlik ýadygärligidir. Medresede gümmezli metjitler we penjireler ornaşdyrylan 12 äpişgeli dershana hem bar. Howlusynyň töwereginde bolsa peşeýwanly hüjreler ýerleşýär. Dahmaýi Şahan (şalaryň kümmeti) bolsa XIX asyryň birinji çärýeginde gurlupdyr. Onda Narbotabiý we onuň nesilleri jaýlanypdyr. Dahma portal arkaly girilipdir. Dahmaýi Şahanda hanyň enesine bagyşlap gurlan Modarihan kümmeti hem ýerleşýär. Hanlykda Mädali han, Kamol kazy, Tunkator, Hakguly müňbaşy, Miýan hezret, Mahlaraýym, Hekim Töre, Hanhoja işan,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Hudaýar ordasy

Buzrukhoja, Pirmuhammet ýasawul, Hojabek, Ahund diwanbegi, Mingoyim, Jome ýaly medreseler gurlupdyr.

Hudaýar hanyň döwründe hanyň köşgi – Hudaýar hanyň ordasy gurlupdyr. Daşkentde bolsa Barakhan we Gögeldaş medreseleri gaýtadan abadlanýar. Şyh Howandi Tahur binagärlik toplumy häzirki görnüşde şekillendirilipdir. Zaýniddin baba üçin täze kümmet gurulýar.

?

1. „Kokant edebi gurşawy“ diýlende näme düşünilýär we ol nähili emele gelipdir?
2. Omar hanyň edebiýat ugrundaky döredijiligi barada nämeleri bildiňiz?
3. Mahmuryň we Gülhanynyň döredijiligini deňeşdiriň: meňzeş we tapawutly taraplaryny anyklaň.
4. Uwaýsiý bilen Nadyranyň döredijiliginde nähili meňzeşlikler bar?
5. Hanlykda döredilen taryhy eserleriň atlaryny depderiňize tertip bilen ýazyň.

Özüňiz „Kokant hanlygynyň medeni durmuşy“ jedwelini düzüň we ony dolduryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 39-§. Kokant hanlygynda tälim

### Mekdephanalaryň işi we düzgün-nyzamlary barada

Mekdephana tälimi başlangyç tälimdi. Mekdepler köplenç bir synphanadan ybarat bolanlygy üçin mekdephana diýlipdir. Hanlykda 350 sany mekdephana iş alyp barypdyr. Başlangyç mekdep çagalara umumy maglumat berýän we hat-sowat öwredýän mesgenidi. Onda arap grammatikasynda sowat öwrenmek, ýazmak we okamak endikleri şekillendirilipdir. Şonuň ýaly-da, hasaplama düzgünleri we endikleri emele getirilipdir. Daş-töwerek, jemgyýet, yslam dini barada bilim we düşünjeler berlipdir. Şonuň ýaly-da, edep-ahlak normalaryna amal etmek öwredilipdir.

Oglanlaryň mekdephanalarynyň aglabasy metjitleriň, medreseleriň, karyhanalaryň ýanynda, şonuň ýaly-da, hususy mekdepdar maşgalalarda açylypdyr. Gyzlaryň mekdephanalary atyn aýallaryň öýlerinde ýa-da gurply adamlaryň mekdep ýaşyndaky gyzlary üçin olaryň öýlerinde guralypdyr.

Ynha şu atynlardan biri Dilşodi Rahimgul sopy gyzydy (lakamy Dilşad Atyn, Barno, Dilşodi Barno). XIX asyrda Kokantda döredijilik eden aýal şahyr. Ol, şol bir wagtda, mekdephana mekdepdary bolup hem iş alyp barypdyr. Özüniň mekdepdarlyk (atynlyk) işi barada, şol sanda, şeýle ýazypdy: „*Meniň söhbetdeşlerim we joralarym akylly gyzlar we zehinli şahyralardy. 51 ýylyň dowamynda men mekdepdarlyk (mugallymçylyk) etdim we ýylyna ortaça 20 sanydan 30-e çenli okuwçylarym bolup, 890 gyzyň sowadyny çykardym. Bulardan dörtden bir bölegi diýen ýaly şygryýete ukyply bolup, aýal şahyr we öz döwrüniň akylly hem-de dana adamlarydylar*“.

Hususan-da, Anbar Atyn onuň zehinli okuwçylaryndan bolupdyr. Dilşod Atynyň galamyna degişli „Muhojirleriň taryhy“, „Ynsan edermenligi we muhojirler taryhy“ hem-de „Barnonyň saýlanan goşgulary“ eserleri bize çenli ýetip gelipdir. Eserlerinde hanlykdaky özara uruşlar, onuň halk köpçüliginiň durmuşyna eden aýylganç täsiri ýaly meseleler öz beýanyny tapýar. Aýal şahyr, şol bir wagtda, gowy günleriň geljekdigine ynanyp eserleriniň birinde: *„Bu jebr-u zulum elbetde wagtlaýyn“*, diýip ýazypdyr. Şonuň ýaly-da, türküstanlylary dost we agzybir bolup ýaşamaga hem çagyrypdyr. Mekdephananyň mekdepdarlygyna (mugallymçylygyna) metjitleriň wezipeli işgärleri işe çagyrylypdyr. Mekdepdara mekdepden sebäpsiz gitmezlik şerti



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

goýlupdyr. Mekdephanalardaky okuwçylar 10 – 60 sany bolupdyr. Okuwa 5 ýaşdan 12 ýaşa çenli bolan çagalar kabul edilipdir we okuw 5 – 7 ýyl dowam edipdir. Kimiň mekdephanada näçe ýyl okamalydygy mugallymyň ussatlygyna, okuwçynyň zehnine we maşgalasyndaky gurşawa baglydy.

Mekdephanalarda ders sapaklary gün çykandan tä agşama çenli dowam edipdir. Anna we baýram günleri ders sapaklary bolmandyr. Tomusda we remezan (roza) aýynda okuwçylara dynç alyş berlipdir.

**Tälimiň mazmuny**

Ders sapaklary ilki kelemäi şahadat we toýiba ýat tutulandan soň arap elipbiýini öwrenmekden başlanypdyr. Harplyk derslerinde ilki harplaryň ýazylyşy maşk edilipdir. Soň harplaryň dürli orunlardaky şekilleri öwredilipdir. Soň bolsa zeru-zabar, ýagny harplaryň astyna we üstüne goýulýan tapawutlandyryjy belgiler we olaryň ulanylyşy, şonuň ýaly-da, olaryň kömeginde bogun düzmegiň kadalary öwredilipdir. Mekdepdar (mugallym) harplary agaja ýa-da gaty zatlara ýazyp diwara asyp goýupdyr. Oňa garap harplar ýat tutulypdyr. Harplary bir-birine goşup ýazmak maşk edilipdir. Dogaýy salamy ýazyp bilen okuwçy „haty çykan“ hasaplanypdyr.

Elipbiý öwrenilip bolansoň, „Haftiýak“ (mukaddes Gurhany Kerimiň 1/7 bölegi göçürlip ýazylan kitap) öwrenmäge girişilipdir. „Haftiýak“ tamamlanansoň, „Tawjud“ (Gurhany Kerimi kyroat bilen (labyzly) okamak sungaty baradaky ylym) geçilipdir. Ondan soň bolsa gönüden-göni „Gurhany Kerimiň“ özüni okatmak başlanypdyr.

Şundan soň „Farzi aýn“, ýagny şerigata görä ähli musulmanlara buýrulan we ýerine ýetirilmegi hökman bolan amallar barada düşünjeler berlipdir. Ol öwrenilip bolansoň, yslam dininiň esasy kadalary beýan edilen „Çar kitaby“ („Dört kitap“) öwrenmäge girişilipdir. Ondan soň ketdekorganly Sopy Allaýaryň *„Sabot ul-ojizin“* („Ejizler durnuklylygy“) kitaby okadylypdyr. Bu eserde yslam dininiň esasy düzgünlerinden daşary, gözel ynsany sypatlar, ahlak terbiýä degişli hikmetler, göreldeli hekaýalar, goşgular we poemalar orun alypdyr.

„Sabot ul-ojizin“den soň şu eseriň pars dilinde ýazylan we „Maslak ul-muttakin“ („Takwadarlaryň ýoldaşy“) diýlip atlandyrylan asyl nusgasy öwrenilipdir. „Sabot ul-ojizin“ „Maslak ul-muttakin“iň türki dilde gysgaldylyp ýazylan nusgasy bolup 12 müň beýtden düzülen ylahy aň-bilim goşgusynyň düşündirişidir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Sopy Allaýaryň eserini öwrenip bolandan soň, Gündogar äleminde meşhur bolan, XIII asyrda ýaşap geçen Saady Şirazynyň „Bossan“ we „Gülüstan“ eserleri öwrenilipdir.

Saadynyň eserleri başga Gündogar şahyrlaryndan geň galdyrýan derejede durmuşylygy bilen aýratyn tapawutlanýar. „Bossan“ we „Gülüstan“ durmuşy hekaýalardan düzülendigi, danyşment şahyryň bu hekaýatlaryň soňunda kyssadan gysga hökmünde getiren goşgulary gündelik durmuşdan çykarylan netijelerdigi bilen jahan ylmy we edebi işgärlerini birmeňzeş özüne çekip gelýär.

BMG-nyň Parahatçylyk Geňeşiniň binasynyň maňlaýyna „Gülüstan“ eserinden alnan aşakdaky misreler ýazylan: *„Adam çagalary ilkibaşda bir göwherden döränligi sebäpli bitewi bir endam ýalydyrlar. Diýmek, zaman onuň bir agzasyna ýara ýetirse, başga agzalary hem öz rahatyny ýitirýär“.*

Soňky basgançakda Hoja Hafiz Şirazynyň (1326 – 1389) „Diwan“yny öwrenmek başlanypdyr. Bu „Diwan“ lirik goşgular toplumy bolup, okuwçylaryň ahlak terbiýesinde esasy gollanma hasaplanypdyr. Mekdephanalarda arap grammatikasy, Alyşir Nowaýynyň goşgy toplumlary hem-de dürs ýazuw, hasap-hesip (arifmetika) hem okadylypdyr.

**Medrese tälimi**

Kokant hanlygynda medreseler hem iş alyp barypdyr. Hususan-da, 1841-nji ýylda Kokant şäheriniň medreselerinde 1000 sany molla tälim alypdyr. Olaryň işine mutawekkiller ýolbaşçylyk edipdirler. Medreselere okuwçylar 13 – 15 ýaşyndan başlap kabul edilipdir. Okuw möhleti bolsa 15 – 20 ýyl dowam edipdir.

Medreselerde kelam (yslam dini taglymatyny esaslandyryp berýän ylym), kyroat, hadis (Muhammet s.a.w.iň aýdan sözleri, eden işleri we görkezmeleri), fikh (yslam hukukşynaslygy) ylymlary, şonuň ýaly-da, arap grammatikasy, mantyk, oratorlyk, hatdatlyk, täjirçilik ylymlaryndan hem sapak berlipdir.

Mundan daşary, taryh, edebiýat, geografiýa, matematika ylymlary okadylypdyr. Mekdephanada okadylýan dersleriň materiallary medresede has-da çuňrak öwrenilipdir. Tälimiň medrese basgançagynda, şonuň ýaly-da, „Kalila we Dimna“ hem-de „Kowusnama“ eserleri hem okadylypdyr.

?

1. Kokant hanlygynda mekdephana işi nähili guralypdyr?
2. Mekdephanalarda arap elipbiýi nähili tertipde öwredilipdir?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. „Gurhany Kerimi“ öwrenmek nähili basgançaklardan ybarat bolupdyr?
4. Mekdephanalarda Sopy Allaýaryň eserleri esasy dersliklerden biri edip bellenenligi nämeleri aňladýar?
5. Näme üçin Saady Şirazynyň dersligiň ýerine peýdalanylan „Bossan“ we „Gülüstan“ eserleriniň mazmuny häli-şindi öz ähmiýetini ýitirmän gelýär?
6. Hanlykdaky medrese tälimi barada nämeleri bildiňiz?

## 40-§. Özbek döwletleriniň ösüşde yza galmagynyň sebäpleri we netijeleri

### Dünýäniň ösüşindäki özgerişler

Günbatar Ýewropanyň öňdebaryjy ýurtlarynda senagat barha önümçiliginiň öňdebaryjy pudagyna öwrülýär. XVI asyryň ortalaryndan başlap dokmaçylyk, kagyz, çüýşe öndürmekde zähmet bölünişigine we el hünäri tehnikasyna esaslanan kärhana – manufakturalar (latynça manus – el, faktura – taýýarlamak) emele gelýär.

XVIII asyryň ikinji ýarymynda gural-enjamlary herekete getirýän bug maşyny (motor) oýlap tapylýar. Netijede, esasy işleri maşynlar ýerine ýetirýän fabrik-zawodlar emele gelýär.

Bug maşyny bilen hereketlenýän parowoz, parohod, çoýun we polat alýan domna peçleri döredilýär, demir ýollar gurulýar.

Iri baý gatlaklaryň daşky söwdadan, koloniýalardan, manufakturadan toplan baýlyklary senagaty ösdürmek üçin maýa goýumlary hökmünde goýulýar. Bu senagatyň ösmeginde möhüm faktor bolýar. Iň möhümi, hojalyk ýöretmek üçin zerur bolan maşynlary öndürmek ýola goýulýar, agyr senagat emele gelýär.

Ýöne bu proses dünýä ýurtlarynda gaty biendigan geçýär. Ençeme ýurtlar, şol sanda, özbek hanlyklary hem bu prosesden daşda galyp, ösüşde yza galýar.

Özbegistanyň Birinji Prezidenti Islam Karimow hanlyklar döwrüniň taryhyna täzeçe nazar taşlamak bilen, aşakdaky soraglar bilen ýüzlenipdi:

*„Näme üçin dünýä Ahmet Fergany, Muhammet Horezmi, Ibn Sina, Abu Reýhan Biruny, Ymam al-Buhary, Emir Temur, Ulugbek, Alyşir Nowaýy, Babur ýaly beýik ynsanlary beren bu millet XVII–XIX asyr-*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*lara gelip tä şu çaka çenli gazanan rowaçlyk derejelerinden düşdi? Näme üçin soňky üç asyryň dowamynda başymyz galaklykdan çykman galdy?“*

**Yzagalaklygyň sebäpleri**

Asyrlaryň dowamynda bir bitewi bolup gelen ýurduň, bir ykdysady we ruhy-medeni mekanda ýaşap gelen özbek halkynyň üç döwlete bölünip gitmegi, olaryň arasynda dowam eden gapma-garşylyklar, uruşlar ýurdy umumadamzat ösüş prosesinden üzülip, ösüşde yza galdyrdy. Her bir özbek döwletinde merkezi häkimiýeti eýelemek üçin içki göreş, özara dawa-jenjel, öjükdirmeler hemişelik ýagdaýda bolmagy ýurdy tozdurýardy.

Hanlyklaryň asyrlaryň dowamynda üýtgewsiz gelýän döwlet dolandyryş usuly ösüşe böwet bolupdy.

Hanlyklaryň arasyndaky özara uruşlar, etnik dawalar urug-taýpa toparlaryny bir ýerden başga ýerlere göçmegini getirip çykarýardy. Ýa-da olar zorluk bilen ýaşaýan ýerlerinden göçürilýärdi. Bu proses etnik toparlanyşygy getirip çykarýardy. Ilaty bir bitewi halk bolup jebisleşmegine päsgel berýärdi. Döwlet derejesinde ýeke-täk halk, ýeke-täk Watan düşünjesiniň gadyryna aň ýetirilmedi. Türküstany, halky birleşdirmek taglymy astynda jebisleşdirip bilýän ýolbaşçy, syýasy güýç tapylmady.

Hökümdarlar we köşk emeldarlary köne önümçilik usulyny goraýarlar. Hanlyklaryň esasy baýlygy bolan ýere eýeçilik etmegiň, eýeçiligiň köne usuly asyrlaryň dowamynda özgermedi. Ýeriň eýesi hökümdar aýratyn hyzmat eden bir topar adamlara ýeri sowgat edýärdi. Ýeri kärendä alyp işleýän daýhan ýeriň eýesi däldi. Şu sebäpli-de daýhan ýeri aýawlamaga, onuň hasyldarlygyny artdyrmaga ymtylmady, çünki ol mundan bähbitli däldi. Şol bir wagtda, daýhan ýer eýesi bolmanlygy sebäpli başga ýerler gidiberýärdi.

Ilat agyr salgytlardan, tozduryjy ýygymlardan we borçlardan azap çekýärdi. Durmuş derejesi pes bolup, ilat sarp etmek üçin iň zerur bolan dar gerimdäki ýönekeý zatlar we önümler bilen kanagatlanmaga mejburdy. Önümçilik, esasan, sarp edişe ugrukdyrylanlygy üçin ol ykdysadyýetiň ösmegi üçin itergi bolup bilmedi.

Daýhançylyk naçar ýagdaýda galypdy. Ýeri işläp bejermek şol-şol – bir jübüt öküz, mala-omaç derejesinde galypdy. Senagat önümçiligi ösdürilmedi. Reňkli metallar, kükürt, mermer, daşkömür,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

nebit ýaly tebigy baýlyklara eýe bolan känler bolsa-da, olary gözläp tapmaga, dag-magdan işlerini ýola goýmaga ünssüzlik edildi. Ülkede iri derýalar bolsa-da, balykçylygy senagat derejesine götermäge, gämi gurluşygyny ýola goýmaga üns berilmedi. Netijede haryt-pul gatnaşyklary ösmedi. Orta Aziýa dünýä bazaryndan bölünip galany ýetmedik ýaly, özara dawalar sebäpli özbek döwletleriniň arasynda bitewi içki bazar hem döremedi.

Özbegistanyň Birinji Prezidenti I. Karimowyň nygtaýşy ýaly, *„Ýurduň hökümdarlary we emeldarlary halkyň takdyry we gelejegi barada aladalanmagyň ýerine, öz şahsy bähbitlerini hemme zatdan üstün goýup, nadanlyga we gaflata berlip gitmegi netijesinde biz bu gün ýaşaýan sebit umumadamzat ösüş proseslerinden üzülip, ösüşden ýiti yzda galdy"*.

**Yzagalaklygyň netijeleri**

Özbek döwletleriniň dünýä ösüşinden yza galmagy gaty erbet netijelere getirdi. Ykdysady yzagalaklyk we harby naçarlyk, sosial-syýasy durnuksyzlyk Orta Aziýany öz garamagyna girizip almaga synanyşýan döwletlere amatly boldy.

Abdulla Kadyry özüniň „Öten günler" romanynda Ýusüpbek hajynyň dilinden aşakdaky gaýgyly sözleri beýan edipdi:

*„Ýaranlygyň nämedigini bilmedik, ýalňyz öz bähbidi, şahsyýeti ugrunda bir-birini gemiren wezipeparaz we şöhratparaz aldawçylar Türküstanyň topragyndan ýitmänkä, biziň adam boljagymyza aklym ýetmän galdy... Biz şu ýagdaýda gidýän, bir-birimiziň aşagymyza suw goýberýän bolsak, ýakyndyrki, patyşa zulumy Türküstanimyzy eýelär"*.

Hakykatdan hem şeýle boldy. Özbek döwletlerindäki özara dawa we uruşlar, dagynyklyk, ahyrky netijede, olaryň Rus imperiýasy tarapyndan koloniýa öwürmek üçin amatly mümkinçilik döredýär.

Ýurdumyzyň özgelere tabynlygy 1991-nji ýylyň 31-nji awgustyna çenli dowam etdi. Geçmişiň hatyralaryndan zerur netijeleri çykaran ýurduň ýolbaşçylary Özbegistany ösdürmek, garaşsyzlygyny berkitmegiň we dünýä bileleşiginde özüniň mynasyp ornuna eýe bolmagyna hyzmat edýän planlary durmuşa üstünlikli geçirmegi başardy.

Bu günki günde bolsa hormatly Prezidentimiz Ş. Mirziýaýewiň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýolbaşçylygynda halkymyz 2035-nji ýyla baryp dünýäniň iň ösen 50 döwletiniň hataryndan ýer almak ýaly beýik maksada ýetmek ugrunda beýik gurluşyk işlerini amala aşyrýar. Siz hem tiz bu ullakan gurluşyk işine özüňiziň mynasyp goşandyňyzy goşjakdygyňyza hiç şubhe ýok.

**Ýumuş**

Näme sebäpden özbek döwletleri dünýä ösüşinden yza galyp gidenliginiň sebäplerini depderiňizde tertip bilen ýazyň.

Bu günki Özbegistan öz öňüne gysga möhletlerde (2035-nji ýylda) dünýäniň iň ösen 50 döwletiniň hataryndan ýer eýelemek ýaly beýik maksady goýupdyr. Bu maksada ýetmek boýunça tümeniňizde we mähelläňizde nähili gurluşyk işleri amala aşyrylýandygy barada maglumat taýýarlap geliň.

## Jemleýji ders

### (özbaşdak işlemek)

Dersligiň tekstinden peýdalanmak bilen aşakdaky jedwelleri dolduryň.

*1-nji jedwel*

**Buhara hanlygy**

| Buhara hanlygy haçan döräpdir? | Şeýbanylar hökümdarlyk eden ýyllar | Aştarhanylar hökümdarlyk eden ýyllar | Mangytlar hökümdarlyk eden ýyllar | Emirligiň ýer meýdany, ilaty |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | |

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| Emirlikdäki ýokary döwlet wezipeleri | Ýer eýeçiliginiň görnüşleri | Ilata salnan esasy salgytlar | Ilat ýerine ýetirmeli bolan esasy borçlar | Emirlikde içki söwdanyň ösmeginiň sebäpleri |
|---|---|---|---|---|
| 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
| | | | | |

*2-nji jedwel*

**Hywa hanlygy**

| Hywa hanlygy dörän ýyl | Hanlygyň esaslandy-ryjysy | Abulgazy han hökümdarlyk eden ýyllar we ol ýazan taryhy seneler | Goňratlar dinastiýa-synyň häkimiýet başyna gelmegi | Hanlyk ilatynyň umumy sany | Ilatyň milli düzümi |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | |



http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| Hanlykda Baş wezir nähili atlandyry lypdyr? | Muhammet Rahim han geçiren özgertmeler | Ilata salnan esasy salgytlar | Ilat ýerine ýetirmeli bolan esasy borçlar | Içan gala – seýrek taryhy ýadygärlik | Hywa hanlygynyň taryhynda bolup geçen iň möhüm taryhy wakalar |
|---|---|---|---|---|---|
| 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 |
| | | | | | |

*3-nji jedwel*

**Kokant hanlygy**

| Hanlygyň dörän senesi | Hanlygyň düýbüni tutujy | Alymhanyň hanlygyň taryhyndaky orny | Hanlygyň ilatynyň umumy sany | Ilata salnan esasy salgytlar | „Altyn bişik“ rowaýatynyň mazmuny |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | | | | | |



http://eduportal.uz
*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| Hanlykda Baş wezir nähili atlandyrylypdyr? | Kokant hanlygynyň taryhynda bolup geçen iň möhüm taryhy wakalar | Umarhan we Kokant edebi gurşawy | Ýer eýeçiliginiň görnüşleri, salgytlar we borçlar | Buhara – Kokant gatnaşyklary | Nähili sebäbe görä gypjaklar hanlygyň syýasy durmuşynda uly ýagdaýa eýe bolup dylar? |
|---|---|---|---|---|---|
| 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 |
| | | | | | |

http://eduportal.uz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAZMUNY

Giriş ........................................................................................ 3

*I BAP.* **XV ASYRYŇ AHYRY – XVI ASYRYŇ BAŞLARYNDA MAWERANNAHR WE HORASANDAKY SYÝASY ÝAGDAÝ**

1-§. Deşti Gypjakdaky syýasy ýagdaý ........................................... 5
2-§. Mawerannahr we Horasandaky syýasy ýagdaý ........................ 8
3-§. Zahiriddin Muhammet Babur we Muhammet Şeýbany han gatnaşyklary ........................................................ 11
4-§. Mawerannahr we Horasanda şeýbanylar hökümdarlygynyň ornaşdyrylmagy ........................................... 13

*II BAP.* **BUHARA HANLYGY WE BUHARA EMIRLIGI**

5-§. Buhara hanlygynyň döremegi ................................................. 17
6-§. Abdulla han II döwründe Buhara hanlygynyň ýokarlanmagy ... 19
7-§. Buhara hanlygynda aştarhanylar dinastiýasy hökümdarlygynyň ornaşdyrylmagy ........................................... 21
8-§. Buhara hanlygynda merkezi häkimiýetiň gowşamagy ............ 25
9-§. Buhara hanlygynda döwlet dolandyryşy ................................ 28
10-§. Buhara hanlygynda harby iş ................................................ 31
11-§. Buhara hanlygynda sosial-ykdysady durmuş ......................... 34
12-§. Buhara hanlygynyň daşary syýasaty ..................................... 38
13-§. Buhara hanlygynda medeni durmuş ...................................... 43
14-§. Buhara emirliginiň döremegi ................................................ 50
15-§. Emirlikde merkezi häkimiýetiň pugtalandyrylmagy .............. 55
16-§. Buhara emirliginde döwlet dolandyryşy ................................ 57
17-§. Buhara emirliginde harby iş ................................................ 61
18-§. Buhara emirliginde sosial-ykdysady durmuş ......................... 65
19-§. Emirligiň şäherleri. Içki we daşary söwda ............................ 68
20-§. Buhara emirliginiň daşary syýasaty ..................................... 71
21-§. Buhara emirliginde medeni durmuş ...................................... 75



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## *III BAP.* HYWA HANLYGY

22- §. Hywa hanlygynyň döremegi ........ 80
23- §. XVII–XVIII asyryň birinji ýarymynda hanlykdaky syýasy ýagdaý ........ 82
24- §. Hywa hanlygynda goňratlar dinastiýasy hökümdarlygynyň ornaşdyrylmagy. XVIII asyryň ahyry – XIX asyryň birinji ýarymynda hanlygyň syýasy ýagdaýy ........ 86
25- §. Hywa hanlygynda döwlet dolandyryşy ........ 90
26- §. Hywa hanlygynda sosial-ykdysady durmuş. Şäher durmuşy... 94
27- §. Hywa hanlygynyň daşary syýasaty ........ 99
28- §. Hywa hanlygynda medeni durmuş ........ 103
29- §. Hywa hanlygynyň taryhy boýunça çeşmeler ........ 106
30- §. XVI–XIX asyryň birinji ýarymynda garagalpaklar ........ 110
31- §. Garagalpaklarda medeni we ruhy durmuşy ........ 113

## *IV BAP.* XVIII–XIX ASYRYŇ BIRINJI ÝARYMYNDA KOKANT HANLYGY

32- §. Kokant hanlygynyň döremegi ........ 118
33- §. XVIII asyryň ikinji ýarymy – XIX asyryň birinji ýarymynda Kokant hanlygynda syýasy ýagdaý ........ 120
34- §. Kokant hanlygynda döwlet dolandyryşy ........ 126
35- §. Kokant hanlygynda harby iş ........ 129
36- §. Kokant hanlygynda sosial-ykdysady durmuş ........ 133
37- §. Kokant hanlygynyň daşary syýasaty ........ 137
38- §. Kokant hanlygynda medeni durmuş ........ 142
39- §. Kokant hanlygynda tälim ........ 147
40- §. Özbek döwletleriniň ösüşde yza galmagynyň sebäpleri we netijeleri ........ 150
Jemleýji ders (özbaşdak işlemek) ........ 153



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

63.3(50ˈ)ya72
J 94

**Joraýew U. we başgalar.**
**Özbegistanyň taryhy:** Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 8-nji synpy üçin derslik / U. Joraýew we başg. Gaýtadan işlenen we doldurylan 4-nji neşir. – Daşkent: „O‘qituvchi“ NÇDÖ, 2019. – 160 s.

ISBN 978-9943-22-394-3

**UO‘K: 94(575.1)(075.3)**
**KBK 63.3(50ˈ)ya72**

**USMON JO‘RAYEV, QAMAR USMONOV,**
**GULIRA’NO JO‘RAYEVA, NAIM NORQULOV**

# O‘ZBEKISTON TARIXI

**Ta’lim turkman tilida olib boriladigan maktablarning 8-sinfi uchun darslik**

Qayta ishlangan va to‘ldirilgan 4-nashri

*„O‘qituvchi“ nashriyot-matbaa ijodiy uyi*
*Toshkent – 2019*

Terjime eden *K.Hallyýew*
Redaktor *J. Metýakubow*
Çeper redaktor *K. Şamuratow*
Tehniki redaktor *N. Niýazmuhamedowa*
Korrektor *J. Metýakubow*
Kompýuterde sahaplaýjy *Ö. Kurbanowa*

Neşirýat lisenziýasy AI №012. 20.07.2018. Original-maketden çap etmäge 2019-njy ýylyň 10-nji iýulynda rugsat edildi. Möçberi $70\times90^{1}/_{16}$. Kegli 11, 12 şponly. „Tayms“ garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Ofset kagyzy. Şertli çap listi 11,70. Hasap-neşirýat listi 11,0. 144 nusgada çap edildi. Buýurma №

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Administrasiýasynyň ýanyndaky Habar we köpçülikleýin kommunikasiýalar agentliginiň «O‘qituvchi» neşirýat-çaphana döredijilik öýi. Daşkent – 206, Ýunusabat tümeni, Ýangişäher köçesi, 1. Şertnama № 90-19

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel**

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1** | | | | | | |
| **2** | | | | | | |
| **3** | | | | | | |
| **4** | | | | | | |
| **5** | | | | | | |

**Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

http://eduportal.uz

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE